Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# TÜRKMEN DILI

## 7

**Umumy orta bilim berýän mekdepleriň
7-nji synp okuwçylary üçin okuw kitaby**

**Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi
tarapyndan neşire hödürlenildi**

**Täze neşir**

**DAŞKENT – 2022**

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

UO'K 811.512.164(075.3)
КВК 81.2(5Тур)я72
Н 23

Düzüjiler:

**M. Hanmatow, A. Hanmatow, K. Razzakowa**

Syn ýazanlar:

**I. Arazow** – Dörtgül etrabynyň 21-nji umumy bilim berýän orta mekdebiň okuw bölümi müdiri, türkmen dili we edebiýaty mugallymy.

**G. Muhammedowa** – Dörtgül etrabynyň 51-nji umumy bilim berýän orta mekdebiň türkmen dili we edebiýaty mugallymy.

## ŞERTLI BELGILER:

- – Ýazmak
- – Soraglar we ýumuşlar
- – Bilimiňizi barlaň
- – Okamak
- – Geplemek
- – Bellik
- – Logiki pikirlenmek
- – Öýe işi
- – Diňlemek
- – Topar bolup işlemek

Orginal maket we dizaýn konsepsiýasy «O‘zbekiston» neşirýat-çaphanaa döredijilik öýünde taýýarlandy

Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi.

– goşmaça multimediýa programmasy üçin ýygyndy

ISBN 978-9943-8374-8-5

© Respublika tälim merkezi, 2022

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# MAZMUNY

I Bölüm

MEN, SEN, OL WE OLAR

Sosial ulgamlar ........ 6
Zamanamyzyň gahrymanlary ........ 12

II Bölüm

TEBIGAT NYGMATLARY

Turan gaplaňy ........ 22
Polýar ýyldyzy ........ 32

III Bölüm

SAGLYGYM – BAÝLYGYM

Witaminler, C witamini ........ 44
Göreş – milli sportuň görnüşi ........ 56

IV Bölüm

KESBIM – GUWANJYM

Gelejek hünärleri ........ 68
Weterinar ........ 77

V Bölüm

ÝAŞ YKDYSADYÝETÇI

Puly maksatly sarplamak ........ 86
Atamyň pensiýasy ........ 96

VI Bölüm

YLYM WE TEHNOLOGIÝALAR

Fizika durmuşy ýeňilleşdirýär ........ 102
Elektromobil ........ 106



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**VII Bölüm**

## DIL WE ÝÜREK

Säginmän gepleýärin ........ 118
Ýazyjy bolmak aňsatmy ........ 129

**VIII Bölüm**

## TARYH HAZYNALARY

Açyk asman astyndaky muzeý ........ 148
Watanymyzyň demir ýollary ........ 154

**IX Bölüm**

## SUNGAT WE MEDENIÝET

Zahiriddin Muhammet Babyr ........ 162
«Şark taronalari» festiwaly ........ 166

**X Bölüm**

## HUKUGYMYZ-HAKYMYZ

Oliý Majlis ........ 178
Awtorlyk hukugy ........ 185

**XI Bölüm**

## KÖP OKAN, KÖP BILER

Kitap – köňül nagşymyz ........ 196



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# I bölüm

# MEN, SEN, OL WE OLAR

- SOSIAL ULGAMLAR
- ZAMANAMYZYŇ GAHRYMANLARY



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# SOSIAL ULGAMLAR

**Suratdaky belgilere üns berip serediň, soraglara jogap beriň.**



1. Bu belgileriň haýsysy size tanyş? Olar barada nähili maglumat bilýärsiňiz?
2. Bu günki sosial ulgamlar durmuşymyza nähili täsir edýär?
3. Siz bu ulgamlaryň haýsy birinden peýdalanyp gördüňiz? Ol barada pikiriňizi bildiriň.

| Sosial ulgamlaryň mümkinçilikleri | Sosial ulgamlaryň terbiýä täsiri |
|---|---|
| | |
| | |
| | |
| | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Teksti okaly, manysyny özleşdirmäge çalşaly.

## KÖPÇÜLIKLEÝIN HABAR BERIŞ SERIŞDELERI

**Köpçülikleýin** habar beriş serişdesi diýlip çap, audio-audiowizual we beýleki habarlar hem-de maglumatlar bolan köpçülikleýin habarlary döwürleýin ýaýratmagyň görnüşlerine (çap, gepleşik eşitdiriş, internet ulgamyndaky neşirlere we başgalara) **düşünilýär**.

Şonuň ýaly hem köpçülikleýin habar beriş serişdelerine ýaýratmagyň görnüşine, çykarylýan nusgalaryň mukdaryna ýa-da haýsydyr bir beýleki çeşmelere garamazdan habar beriş gulluklarynyň, beýleki şuňa meňzeş habar beriş işini **amala aşyrmaga** gönükdirilen guramalaryň **yzygiderli** goýberilişleri degişlidir.

Çap neşirlerine gazet, žurnal, býulleten we hemişelik ady, gündelik belgisi hem-de döwürleýinligi bir ýylyň dowamynda bir we şondan hem köp birnäçe sanlary (goýberilişleri) bolan başga neşirler degişlidir.

Gazet – ýurtda we dünýäde bolup geçýän jemgyýetçilik-syýasy, **durmuş-ykdysady** wakalar hakynda habar berýän birnäçe sahypadan ybarat bolan döwürleýin neşir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Žurnal – dürli awtorlaryň makalalaryny ýa-da çeper eserlerini we žanrlary özünde jemleýän döwürleýlin, kada bolşy ýaly suratly neşir (sahaby).

Gepleşik eşitdiriş neşirlerine ýaýlym (radioýygylyk), hemra ýa-da kabel gepleşik eşitdirişini peýdalanmak bilen adamlaryň **çäklendirilmedik** topary tarapyndan hususy kabul etmek üçin niýetlenen teleýaýlym we radioýaýlym, telegepleşikleriň toplumy we radiogepleşikleriň toplumy degişlidir.

Teleýaýlym, radioýaýlym diýlip, gepleşik eşitdirmegiň tertibine (gepleşikleriň meýilnamasyna) laýyklykda döredilen we hemişelik ady we bellenilen döwürleýinligi bilen ýaýlyma çykýan telegepleşikleriň toplumynyň hem-de radiogepleşikleriň toplumynyň jemine düşünilýär.

Internet ulgamyndaky neşir – köpçülikleýin habar beriş serişdesi hökmünde hasaba alnan, Internet maglumat we telekommunikasiýa ulgamyndaky saýt (Gazetden).

## Soraglar we ýumuşlar

1. Habar beriş serişdelerine nämeler degişli?
2. Habar beriş serişdeleri bilen baglanyşykly dil birliklerini tapmaga synanyşyň.
3. Alynma sözleriň manysyny sözlüklerden tapmaga çalşyň.
4. Özbaşdak makala ýazmaga synanyşyň.

## Tekstdäki aýratynlandyrylyp ýazylan sözlere sorag berip, olaryň sözlemdäki wezipesini anyklaň.

| Sözler | Soragy | Sözlemdäki wezipesi |
|---|---|---|
| Köpçülikleýin | Nähili? | Sypat |
| Düşünilýär | ? | ? |
| Amala aşyrmaga | ? | ? |
| Yzygiderli | ? | ? |
| Durmuş-ykdysady | ? | ? |
| Durmuş-ykdysady | ? | ? |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Ýumuş

Depderiňizde aşakda berlen düşünjeleriň media ummanynda emele gelmek prosesiniň yzygiderliligini dogry ýerleşdiriň. Biz ýüzýän media umman howpsuz bolmagy üçin bu düşünjeler nähili tertipde ýerleşdirilmeli?

**Näme üçin edil şu tertipde ýerleşdirendigimizi esaslaň.**




***Media mentalitet, media immunitet, media bilim, media sowatlylyk.***







## Ýumuş

**Aşakdaky meseläni dört topara bölünip ýerine ýetiriň.**



| | |
|---|---|
| 1-nji topar | Sosial ulgamynda nätanyş kimdigini bilmek bolarmy? Nätanyş adamlar bilen howpsuz aragatnaşyk guramak düzgünlerini bilýärsiňizmi? |
| 2-nji topar | Sosial ulgamy arkaly amala aşyrylan nähili jenaýatlary bilýärsiňiz? Kiber jenaýatçylykdan nädip gorkmak mümkin? |
| 3-nji topar | Sosial ulgamy arkaly ýagşylyk etmek mümkinmi? Durmuşdan mysallar getiriň. |
| 4-nji topar | Sosial ulgamy arkaly aldanmazlyk üçin nämelere üns bermeli? Ýalan we dogry maglumatlary nädip tapawutlandyrmak mümkin? |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ýumuş**

Geliň okuwçylar, aşakdaky gyzykly maglumatlary okaly we alynma sözleri saýlap ýazyp, manylaryny sözlüklerden tapmaga çalşaly

Google dünýäde iň meşhur web sahypasydyr.

Bütin dünýäde 2,4 milliarddan gowrak adam internetden peýdalanýar.

1991-nji ýylda internet köpçülige elýeterli boldy.

Döredilen ilkinji bäş ýylda internet 50 milliondan gowrak ulanyjyny gurşap aldy.

Internet arkaly e-poçta ibermek üçin programma 1971-nji ýylda peýda boldy.

nfo.cern.ch – dünýäde 1991-nji ýylda peýda bolan ilkinji web sahypasy. Bu sahypany esaslandyryjy Tim Berners-Li hasaplanýar.

Dünýäde iň çalt internet – Günorta Koreýada (ortaça tizlik – 25.3 Mbit / s), ikinji ýer: Gonkong (ortaça tizlik – 16,3 Mbit / s), üçünji ýer: Ýaponiýa (ortaça tizlik – 15 Mbit / s).

Dünýädäki iň haýal internet Liwiýada (ortaça tizligi 0,5 Mbit / s)

Her gün iberilýän 247 milliard e-poçtaň 81%-i spam.

«Facebook» döwlet bolan bolsa, ilat sany boýunça 3-nji ýerde bolardy.

**Gönükme.** Arap dilinden geçen kitap, mekdep, harp, elipbiý, şahyr, şygar, kyssa, hikmet, hekaýa, rowaýat ýaly sözlerden peýdalanyp 10 sany sözlem düzüp depderiňize göçüriň.

## Fonetik derňew edilişi:

**Fonetika** – dildäki sesleri, olaryň häsiýetlerini, ösüşini we üýtgeýşini, ýagny diliň ses gurluşyny öwrenýär. Grekçe phone – «ses» phonetikes – «sese degişli» diýmekdir.

I. Sesi we harpy aýdyňlaşdyrmak.
II. Basymyň düşýän bognuny aýtmak.
III. Çekimli sesler:
1) çekimlileriň uzyn-gysga aýdylyşy;
2) çekimlileriň toparlara bölünişi.
IV. Çekimsiz sesler:
1) açyk çekimsizler;
2) dymyk çekimsizler.
V. Bogun:
1) bogun galypy;
2) açyk bogun;
3) ýapyk bogun.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Aşakdaky sözi fonetik derňew ediň.

### Özbaşdak ýerine ýetireli

| |
|---|
| Nusga<br>I-çekimli, inçe çekimli, dodaklanmaýan çekimli, dar çekimli. |
| n- |
| t- |
| e- |
| r- |
| n- |
| e- |
| t- |

## Morfologik derňew edilişi:

**Morfologiýa** – sözleriň gurluşyny, olaryň (formalarynyň) üýtgeýşini we bölünişlerini öwrenýär. Grekçe **morphe** – «forma» + **logos** – «taglymat, ylym» diýmekdir.

I. Sözüň haýsy söz toparyna degişlidigini aýtmak.
II. Sözüň sada, goşma, tirkeş sözdügini anyklamak.
III. Onuň asyl, düýp ýa-da ýasama sözdügi barada maglumat bermek.
IV. Sözüň goşulmalary:
1) ýasaýjy goşulmalar;
2) üýtgediji goşulmalar;
3) kömekçi goşulmalar;
4) sorag goşulmalar;
5) habarlyk goşulmalar.

### Topara bölünip ýerine ýetireli

## Morfologik derňew ediň.

| 1-nji topar | 2-nji topar | 3-nji topar |
|---|---|---|
| 1991-nji ýylda internet köpçülige elýeterli boldy. | Internet arkaly e-poçta ibermek üçin programma 1971-nji ýylda peýda boldy. | «Facebook» döwlet bolan bolsa, ilat sany boýunça 3-nji ýerde bolardy. |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# GEÇILENLERI GAÝTALAMAK

# ZAMANAMYZYŇ GAHRYMANLARY

**Suratlara syn ediň. Soraglara jogap beriň**



sportçy



alym



daýhan



žurnalist



mugallym



harby

1. Suratdaky kesp wekilleriniň haýsy biri siz üçin zamanamyzyň gahrymany bolup bilýär? Näme üçin şeýle hasaplaýarsyň?
2. Siziň pikiriňizçe, zamanamyz gahrymanlary nähili häsiýete we işe eýe bolmaly?
3. Pikiriňizçe Watanymyza nähili gahrymanlar gerek?
4. Siziň gahrymanyňyz kim? Näme üçin ony gahryman diýip hasaplaýarsyň?

**Ýadyňyzdamy?**

Gürrüňi edilýän işiň, gymyldy-hereketiň öň bolup geçendigine, indi boljakdygyna ýa-da hut geplenip durka bolýandygyna seredip, işlikler üç zaman aňladýarlar.

| Öten zaman | Häzirki zaman | Geljek zaman |
|---|---|---|
| Jeren kitap okady. | Aýnäz birinji synpda okaýar. | Jemal kitap okar.<br>Men şähere gitjek |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Soraglar we ýumuşlar:

Hünär saýlanyňyzda nämä üns berýärsiňiz? Pikiriňizi esaslandyryň.

Häzirki wagtda adamlar haýsy hünärleri öwrenmek isleýärler? Näme üçin diýip pikir edýärsiňizmi?

Häzirki zaman hünärleri diýlende haýsy hünärler göz öňünde tutulýar? Şeýle hünärleriň näçesini sanap bilersiňiz?

Häzirki zaman hünärleri üçin zerur häsiýetler we ýörelgeler:

- Meşgullanýan käri boýunça, ýeterlik bilime eýe bolmak
- Jemagatçylyk we işjeňlik
- Ykdysady prosesler seljermegi başarmak
- Kanunlara boýun bolmak
- Innowasiýa işjeňlik
- Maksada tarap ymtylmak
- Halallyk
- Tygşytlylyk
- Öz sözüniň üstünden çykmak
- Öz toparynyň abraýy

### Ýumuş:

Geljekde eýelejek hünäriňiz bilen baglanyşdyryp aşakdaky soraglara jogap beriň:



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ýazyň:**

Aşakda berlen sözlemleriň habaryny tapyň. Habarlar haýsy zamany aňladýar? Habarlaryň zaman goşulmasyny üýtgedip göçüriň.




**Nusga:** gazandy (öten zaman). Gazanýar, gazanar.

1. Sportçylarymyz ýaryşda uly netijeler gazandy.
2. Alymlarymyz ylymda dürli açyşlar edip ynsanlaryň durmuşyny. ýeňilleşdirýär.
3. Daýhanlar ýurdy bakýar.
4. Žurnalistler her güni ýurdumyzda we dünýäde bolup geçýän täzelikler bilen tanyşdyryp durýar.
5. Mugallymlar bize bilim we terbiýe berýär.
6. Harbylar jemagatyň öňünde kasam etdi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Iki topara bölünip, aşakdaky kespleriň ähmiýeti barada çekişme guraň.**

| «A» topar | «B» topar |
|---|---|
| LUKMAN | MUGALLYM |

Siziň okaýan eserleriňizde hem gahryman ýaşaýandygyny bilýärsiňizmi? Şahyrlar we ýazyjylar öz çeper eserleri arkaly okyjynyň aňynda öz zamanasynyň gahrymanyny ýaşatmaga hereket edýärler. Siz, okan eserleriňizde haýsy gahrymanlar bilen tanyşdyňyz? Ol gahryman hakynda maglumat beriň.

1. Gahryman kim?
2. Ol haýsy ulgamda işleýär?
3. Ol beýlekilerden haýsy hereketleri we häsiýetleri bilen aýratynlanýar?
4. Gahrymanyň nähili üstünlikleri bar?

**Gönükme.** «Meniň halaýan hünärim» diýen tema boýunça tekst ýazyň.

..........................................................

..........................................................................................................................................

..........................................................................................................................................

..........................................................................................................................................

..........................................................................................................................................

..........................................................................................................................................

..........................................................................................................................................

..........................................................................................................................................

..........................................................................................................................................

..........................................................................................................................................

..........................................................................................................................................

..........................................................................................................................................

..........................................................................................................................................

..........................................................................................................................................

..........................................................................................................................................

..........................................................................................................................................

..........................................................................................................................................

..........................................................................................................................................

..........................................................................................................................................



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Teksti üns bilen okaň, soraglara jogap beriň.**

## JOGAPKÄRLI KESP

Dünýäde ençe kesp-kär bar. Şol kesp-kärleriň ählisi-de ynsan durmuşynda ýokary gadyr-gymmata eýe.

Ýöne şeýle bir kesp-kär bar weli, ol dünýädäki ähli kesp-kärler binýadynyň ilkinji kerpijini goýup berijidir. Bu mugallymçylyk käridir. Bu kär eýeleri döwletiň iň bir daýanç sütünidir. Sebäbi, bular esasan döwletiň syýasatyny, onuň milli ideologiýasyny, geçmiş taryhyndaky we bu günki üstünliklerini wagyz ediji **hasaplanýar.**

Olar ýaş nesil köňlünde çyrag **bolmak** bilen iň ynançly, ýol görkeziji ynsanlardyr.

Hawa, dünýä arenasy XXI asyra gelip, ideologik göreş meýdanyna öwrülen bir pursatda, ýaş nesilleriň başga bir ýowuz ideologiýa täsirine düşüp **galmazlygy** üçin, has agyr ýük bu kär eýeleriniň gerdenine **düşýär**. Mugallym diýen beýik ada eýe bolan bu kär eýeleri öz milli däp-dessurlarymyzy, geçmiş taryhymyzy, ýokary bilim we göreldeli terbiýäni ýaş nesil aňyna **siňdirmek** bilen ertirki günde ýowuz güýçlere garşy durup biljek Watançy, ýokary ruhyýete hem-de öz pikirine eýe, düşünjeli ynsany kemala **getirýär.**

Olaryň bu günki zähmeti **bolsa,** Watanymyzyň ertirki güni üçindir. Watanymyzyň gelejegini şolar üpjün edýär. Olaryň ýetişdiren ýaş nesli gelejekde Watanymyzyň hakyky eýesi **bolar.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Bu gün sportda, bilimde, medeniýetde, sungatda we beýleki ugurlar boýunça ýaşlarymyzyň uly üstünlikler **gazanmagy** hem olaryň tagallasy netijesi bolup **dur.** Şonuň üçin hem bu kär eýelerine mugallymlara zamanamyzyň gahrymanlary **diýsek** ýalňyş **bolmasa** gerek.

1. Makalada häýsy kesp hakynda gürrüň gidýär?
2. Bu kesbiň aýratynlygy nämeden ybarat?
3. Häzirki zaman ýaşlaryna bilim, terbiýe bermek meselesinde olaryň hyzmatyna nähili baha berse bolar?
4. Makalanyň soňunda nähili netijä gelnipdir?

## IŞLIK ŞEKILLERI

### Ýadyňyzdamy?

Işligiň şert şekili. Işligiň şert şekili gymyldy-hereketiň şertini aňladyp **-sa, -se**, ýoklugu **-ma, -me** goşulmasy arkaly ýasalýar. Meselem: Gelse, ýoklugy gelmese.

Işligiň hyýallanma şekili **-makçy, -mekçi** goşulmasy, ýoklugy däl sözi bilen ýasalýar. Meselem: Almakçy-almakçy däl

Düýp işlikleriň ählisi buýruk äheňinde aýdylanda, buýruk işligini hasyl edýär. Ýoklugy **-ma, -me** goşulmalarynyň kömegi bilen ýasalýar. Meselem: Bar, gel, bar, ýaz, oka. Oturma, gitme.

Işligiň hökmanlyk şekili. Işligiň hökmanlyk şekili **-maly, -meli** goşulmalaryň goşulmagy bilen ýasalýar. Ýoklugy däl kömekçiniň üsti bilen ýasalýar. Meselem: Işe barmaly, meseläni çözmeli.

Işligiň hyýal şekili **-sady, -sedi** goşulmalarynyň goşylmagy bilen ýasalýar. Ýoklugy -ma, -me goşulmalarynyň kömegi bilen ýasalýar. Meselem: Ertir howa gowy bolsady.

Işligiň arzuw şekili. **-aýady, -äýedi** goşulmalarynyň kömegi bilen ýasalýar. Meselem: Belki, boş wadalardan dynyldygy bolaýady- da.

### Berlen sözleriň manylary düşündiriň.

| Wagyz etmek | Kemala getirmek | Aňyna siňdirmek |
|---|---|---|
| | | |
| | | |
| | | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Özüňiziň halaýan taryhy şahsyňyz we onuň gahrymançylyklary barada «Taryhdaky gahrymanlar» temasynda tekst ýazyň.**

Onda:
– gahrymanyň ady;
– onuň taryhdaky orny;
– gahrymanyň göreldeli häsiýetleri;
– şu gahrymana mynasyp nesil bolmak üçin näme etmelidigi barada ýazyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Tekstdäki aýratynlandyryp görkezilen sözleriň, işlikleriň haýsy şekiline degişlidigini anyklaň. Olary göçürip, nähili şekil aňladýandygyny ýazyň.**

**Nusga: bolsa (bol-düýp işlik, -sa işligiň şert şekili)**

Berlen işlik şekillerini sözlem içinde getiriň we olary morfologik taýdan derňäň.

Okamaly, gitmeli, ýazmaly, ýygsana, gitmeseň, alardyk, dursun, barmaly däl.

.............................................................................................................
.............................................................................................................
.............................................................................................................
.............................................................................................................
.............................................................................................................
.............................................................................................................
.............................................................................................................
.............................................................................................................
.............................................................................................................

## BILIMIŇIZI BARLAŇ

1. Gürrüňi edilýän işiň, gymyldy-hereketiň öň bolup geçendigine, indi boljakdygyna ýa-da hut geplenip durka bolýandygyna garap, işlikler näçe zaman aňladýarlar?
   A. 1 B. 2 C. 3 D. 4

2. Işligiň şert şekili nähili goşulmasy arkaly ýasalýar?
   A. -maly, -meli
   B. -makçy, -mekçi
   C. -sady, -sedi
   D. -sa, -se

3. Gymyldy-hereketiň hökman ýerine ýetirilmelidigini aňladýan işliklere işligiň haýsy şekili diýilýär?
   A. Hökmanlyk şekili
   B. Hyýallanma şekili
   C. Şert şekili
   D. Isleg şekili



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

4. Işligiň hökmanlyk şekili nähili goşulma arkaly ýasalýar?
A. -maly, -meli
B. -makçy, -mekçi
C. -sady, -sedi
D. -aýady, -äýedi

5. Bir işi ýerine ýetirmäge hyýallanmagy, maksady aňladýan işlikere işligiň haýsy şekili diýilýär?
A. Buýruk şekili
B. Hyýallanma şekili
C. Şert şekili
D. Isleg şekili

6. Arzuwy, dilegi, islegi aňladýan işliklere işligiň haýsy şekili diýilýär?
A. Buýruk şekili
B. Hyýallanma şekili
C. Şert şekili
D. Isleg şekili

7. Işligiň hyýallanma şekili haýsy goşulma bilen ýasalýar?
A. -maly, -meli
B. -makçy, -mekçi
C. -ýar, -ýär.
D. -dy, -di

8. Sözleriň gurluşyny, olaryň üýtgeýşini we bölünişlerini öwrenýän bölüm haýsy?
A. Sintaksis
B. Dialektologiýa
C. Morfologiýa
D. Stilistika

9. Işligiň hyýallanma şekili nähili ýasalýar ýasalýar?
A. -Däl sözi arkaly ýsalýar.
B. -ma, -me goşulmasy arkaly.
C. -mazlyk, -mezlik goşulmasy arkaly.
D. -Ýok sözi arkaly.

10. Bar, gel, bar, ýaz, oka ýaly düýp işlikler haýsy işlik şekilini aňladýar?
A. Isleg şekili
B. Hyýallanma şekili
C. Şert şekili
D. Buýruk şekili



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# II bölüm

# TEBIGAT NYGMATLARY

- TURAN GAPLAŇY
- POLÝAR ÝYLDYZY



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Suratlardaky haýwanlaryň atlaryny bilýärsiňizmi? Olar barada bilýän zatlaryňyzy gürrüň beriň.**





**Soraglara jogap beriň.**

1. Bularyň haýsylary öý haýwanlary?
2. Ýyrtyjy haýwanlara haýsylary degişli?

**Özbaşdak ýerine ýetireli**

| |
|---|
| Öý haýwanlary: |
| Ýyrtyjy haýwanlar: |

## TURAN GAPLAŇY

**Teksti okaly, manysyny özleşdirmäge çalşaly.**

Geçen asyryň 60-njy ýyllarynda Amyderýa tokaýlarynda soňky Orta Azyýa ýyrtyjysy – Turan gaplaňy atyp öldürilýär. Ynsanlaryň tokaýlary aýawsyz kesmegi, awçylaryň jandarlary awlamagy netijesinde birnäçe guş we haýwanlar ýok bolup gitmek derejesine geldi.

Ylmy işlerde Turan gaplaňy, başgaça Kaspi gaplaňy, käbir işlerde Pars gaplaňy hem diýip atlandyrylýar. Onuň esasan ýaýraýşy we ýaşan ýeri Turan topragy, ýagny Özbegistan, Gazagystan, Türkmenistan territoriýasy bolupdyr. Ondan başga-da Owganystan we Kawkaz serhetleri, Azerbaýjanyň subtropik tokaýlarynda hem duş gelipdir. Geçmişde Merkezi Azyýadaky Syrderýa, Amyderýa, Murgap hem-de Penj derýalary boýlaryndaky galyň tokaýlarda, şunuň ýaly-da Kaspi deňziniň ýakalarynda hem bu magrur ýyrtyja tiz-tiz duş gelinipdir.

1883-nji ýylyň 27-nji fewralynda Türküstan harby okrugy başlygy Daşkent we Çinaz ortasynda ýaşaýan gaplaňlary ýok etmäge buýruk



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



berýär. Daşkent töweregindäki soňky gaplaňy 1906-njy ýylda knýaz Golitsin atyp öldirýär. Onuň saman dykylan derisi XX asyryň 60-njy ýyllaryna çenli Döwlet tebigat muzeýinde saklanypdyr. Soň ol ýangyn sebäpli ýok bolupdyr.

Turan gaplaňynyň erkekleriniň uzynlygy 2,7-2,95 metre ýetipdir, agramy 170-240 kg. Urkaçylarynyň uzynlygy 2,4-2,6 metr, agramy 90-140 kg bolupdyr. Her bir gaplaň maşgalasy öz ýer meýdanyna eýe bolup, ortaça 8-10 kw. km. ýere hojaýynlyk edipdir. Ys alyş organi güýçli rowaçlanan, örän gowy eşidip we garaňkyda hem gowy görüp bilipdir. Gaplaňlar täze öldürilen haýwan etlerini gowy görüpdir, 5-6 kg-a. çenli et iýipdir. Gaçýan haýwany 80-100 metre çenli uly tizlikde kowupdyr, tutup bilmese uzak kowmandyr. Garny dok bolsa 4-5 gün awa çykmandyr. Bir gije-gündiz 18-20 sagat uklap, esasan suw içmek üçin turaýmasa başga wagt jaýyndan gözganman ýatypdyr. Gaplaň reňki sarymtyl, gara-gok ýol-ýol çyzykly bolupdyr. Ýeterli mümkinçilik bolsa mart-aprel aýlarynda ikiden dörde çenli çagalapdyr. Çagalary 1-2 ýyl enesiniň garamagynda bolup, soňra özbaşdak ýaşamak üçin mekan gözläp gidipdir.

### Soraglar we yumuşlar

1. Turan gaplaňy başga nähili at bilen atlandyrylypdyr?
2. Onuň uzynlygy we agramy näçe bolupdyr?
3. «Ýaşyl mekan» temasy esasynda özbaşdak tekst ýazyň.
4. Dyngy belgileriň goýluşyna üns bereli.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ýumuş**

Suratlardaky haýwanlaryň atlaryny aýdyň we olar baradaky maglumatlary internetden tapmaga çalşyň.





## SINTAKSIS WE PUNKTUASIÝA

Grammatikanyň sözlemleri we sözlemde sözleriň baglanyşygyny öwrenýän bölümine (grekçe sintaksis «düzmek» diýmekdir) sintaksis diýilýär.

Grammatika

Morfologiýa

Sintaksis

Grammatikanyň dyngy belgileriniň kadalaryny öwrenýän bölümine punktuasiýa (grekçe punktum «nokat» diýmekdir) diýilýär.

## DYNGY BELGILER

*otur (,)*

*nokat (.)*

*iki nokat (:)*

*nokatly otur (;)*

*sorag belgisi (?)*

*ýüzlenme belgisi (!)*

*ýaý ( )*

*kese çyzyk (-)*

*defis (-)*

*goşa dyrnak (« »)*

**Gönükme.** Tekstden alnan bölegi dyngy belgileri ýerlikli goýup göçüriň. Ýazuw dilinde dyngy belgileriniň, intonasiýa, logiki basym, pauza ýaly fonetik serişdeleriň hyzmatyny düşündiriň.

1883 nji ýylyň 27 nji fewralynda Türküstan harby okrugy başlygy Daşkent we Çinaz ortasynda ýaşaýan gaplaňlary ýok etmäge buýruk berýär Daşkent töweregindäki soňky gaplaňy 1906-njy ýylda knýaz



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Golitsin atyp öldürýär Onuň saman dykylan derisi XX asyryň 60 njy ýyllaryna çenli Döwlet tebigat muzeýinde saklanypdyr  Soň ol ýangyn sebäpli ýok bolupdyr.

## SÖZ WE SÖZ DÜZÜMI

**Gönükme.** Sözleri okaň. Olar näçe sesden, bogundan ybarat? Sözleriň haýsy söz toparyna degişlidigini, nämäni aňladýandygyny anyklaň.

Gaplaň, bäş, okamak, siz, Turan, buýruk, bermek, gülzarlyk, ajy, örän ylgamak, ýedinjiler, ukyply, emma, tarap, ýaly, öýlän, gije, süýji, adam, edepli, güýç, bag, güýz, sary, toprak, gözellik, tämiz, müň, üçin, söz, ýaprak, üçin, duz.

## SÖZ

Aýry-aýry düşünjeleri aňlatmak üçin hyzmat edýän gepleşik birligine söz diýilýär.

## SÖZ DÜZÜMI

Sözleriň grammatik we many taýdan özara birikmesinden emele gelen sintaktik birlige söz düzümi diýilýär.

**Jedwele serediň. Söz düzüminiň baglanyş tärleriniň aýratynlygyna üns beriň.**

| Söz düzümi | Baglanyş ýollary |
|---|---|
| 1. Onuň derisi. | Sanda we ýöňkemede ylalaşýanlygy üçin – ylalaşma baglanyşygy. |
| 2. Pars gaplaňy<br>Ýaşyl ýaprak. | Söz üýtgediji goşulmasyz, kömekçi sözsüz, tertip tanýyndan baglanyşanlygy üçin – ýanaşma baglanyşygy. |
| 3. Şähere ugramak | Garaşly sözüň belli bir şekilde gelmegini esasy sözüň talap edýänligi üçin – eýerme baglanyşygy. |

Söz düzümini hasyl edýän sözler iki bölekden ybarat bolup, olaryň birinjisine garaşly söz (G), ikinjisine esasy söz (E) diýilýär. Olar biri-birini aýyklap gelýärler. Adatça, garaşly söz (G) öňden, aýyklanýan esasy söz(E) yzdan getirilýär.
Meselem:
*Amanyň) (G) bagy (E), galam bilen (G) ýazmak (E). Bu okalgadaky kitaplar. Bu (G) okalgadaky (E), okalgadaky (G) kitaplar (E).*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Gönükme.** Göçüriň. Dik çyzygyň sag we çep tarapyndaky söz düzümlerinde esasy sözleriň haýsy söz toparyndandygyny aýdyp beriň.

1. Gaplaň derisi
2. Turan topragy
3. mukeddes nan
4. edepli oglan
5. bäş gün

1. surat çekmek
2. labyzly okamak
3. çaga seretmek
4. iňlisçe gepleşmek
5. kitap okamak

**Gönükme.** Iki topara bölünip ýerine ýetiriň.

## 1-NJI TOPAR

Aşakdaky esasy sözleriň öňünden garaşly sözleri getirip, söz düzümlerini hasyl ediň we depderiňize göçüriň.

... gawun, ... okamak, ... aýdym, ... ene, ... dutar, ... ýaryş, ... ýygmak, ... okuwçy, ... sazanda, ... bilmek, ... tokly, ... çapmak, ... bakmak, ... mekdep, ... galam, ... söz, ... ýazmak, ... duýgy, ... goşgy, ... seretmek, ... oglan, ... öý, ... güýz, ... almak, ... hasyl, ... daýhan, ... güýç, ... ýaşaýyş, ... nan

Nusga: Sary (G) gawun (E).

## 2-NJI TOPAR

Garaşly sözleriň yzyna esasy sözleri goşup, söz düzümlerini ýasaň we depderiňize göçüriň.

Halk … , tüýdükçi …, seniň …, ökde … , hüşgär… , otuz …, biziň …, türgenleşýän …, çeper …, täsirli …, altyn …, berlen …, bal ýaly …, bilim … , ajaýyp …, edepli ..., şähere ..., öýümiziň ..., Watan üçin ..., bize ... .

Nusga: Halk aýdymy.

**Gönükme.** Aşakdaky söz düzümleriniň baglanyş ýollaryny anyklap giňişleýin düşündiriň.

Geçen asyr, Amyderýä tokaýlary, Orta Azyýa, ýlmy iş, Turan gaplaňy, muzeýinde saklanypdyr,

**Gönükme.** Tekstden alnan bölegi okaň. Ýörite sözleri we söz düzümlerini anyklaň. Sözüň we söz düzüminiň aýratynlygyny düşündiriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ylmy işlerde Turan gaplaňy, başgaça Kaspi gaplaňy, käbir işlerde Pars gaplaňy hem diýip atlandyrylýar. Onuň esasan ýaýraýşy we ýaşan ýeri Turan topragy, ýagny Özbegistan, Gazagystan, Türkmenistan territoriýasy bolupdyr. Ondan başga-da Owganystan we Kawkaz serhetleri, Azerbaýjanyň subtropik tokaýlarynda hem duş gelipdir. Geçmişde Merkezi Azyýadaky Syrderýa, Amyderýa, Murgap hem-de Penj derýalary boýlaryndaky galyň tokaýlarda, şunuň ýaly-da Kaspi deňzini ýakalarynda hem bu magrur ýyrtyja tiz-tiz duş gelnipdir.

### Söz düzüminiň goşma sözden tapawudy

Söz düzümindäki sözleriň her biri öz manysyny, fonetik özbaşdaklygyny saklaýar. Her sözüň öz basymy bolýar. Olaryň hersi aýry soraga jogap bolýar. Söz düzümi sintaktik birlikdir.

Goşma sözler bolsa tutuşlygyna bir many aňladyp, basym taýdan birleşip aýdylýar. Tutuşlygyna bir soraga jogap bolýar. Goşma söz leksik birlik hasaplanýar.

### Söz düzüminiň sözlemden tapawudy

Söz düzümi biri beýlekisine garaşly sözleriň many hem grammatik taýdan baglanyşmagyndan döreýär, söz düzüminde garaşly söz esasy sözüň haýsydyr bir alamatyny aýyklap gelýär.

Sözlem gutarnykly intonasiýada aýdylýar, onda gutaran oý-pikir aňladylýar, eýäniň eden, edýän, etjek işi habar berilýär. Sözlem habar bermek hyzmatyny ýerine ýetirýär.

Söz düzümi sözlemden gurluş taýdan hem tapawutlanýar. Söz düzümleri garaşly hem esasy söze bölünse, sözlemler eýä, habara, aýyrgyja, doldurgyja bölünýärler.

**Gönükme.** Teksti okaly. Söz düzümlerini tapmaga synanyşaly.

Gyzyl kitap – Özbegistanyň tebigaty goramak hakynda, aýratyn goralýan döwlet tebigy territoriýalary hakynda, ösümlik dünýäsini goramak we rejeli peýdalanmak hakynda, haýwanat dünýäsini goramak we rejeli peýdalanmak hakynda kanunlaryna, halkara tebigaty goramak konwensiýalary boýunça ýurduň borçnamalaryna, döwlet ekologik maksatnamalaryna we meýilnamalaryna laýyklykda wagtlaýyn hereket edýän resminamadyr.

**Ýumuş.** Gyzyl kitabyň ähmiýeti barada sözläp beriň.

**Ýumuş.** Özbegistanyň gyzyl kitabyna girizilen hähili haýwanlary we ösümlikleri bilýärsiňiz? Atlaryny ýazyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

| Haýwanlar | Ösümlikler |
|---|---|
| | |
| | |
| | |

**Tekstl okaň we manysyny özleşdiriň.**

Delfinler örän akylly jandardyr. Olarda adamlara mahsus käbir häsiýetleriň bardygy hakynda grek rowaýaty bar. Gadymy döwürlerde deňziň kenar ýakasynda ýaşaýan bir oglanjyk delfin bilen dostlaşypdyr. Delfin ony suwuň içi bilen aýlagyň aňry ýüzündäki mekdebe gatnadypdyr. Oglanjygyň mekdebe gidýän hem-de mekdepden gelýän wagty delfin oňa kenarda garaşýan eken. Bir gün oglanjyk keselläp, okuwa gatnamagyny bes edipdir. Bu aýralyk delfine juda agyr degipdir. Günleriň birinde ol dostuna garaşýan ýerinde heläk bolupdyr.

Taryhy maglumatlardan belli bolşuna görä, Delfinler balykçylaryň hem ýakyn kömekçisidir. Olar balyklary tora salmaga kömekleşipdirler. Hoşallyk hökmünde balykçylar kömekçilerini çörek bilen naharlapdyrlar. «Pilorus Jek» diýip atlandyrylýan delfin 30 ýylyň dowamynda Täze Zelandiýada gämilere Admiralteý aýlagynyň aňry ýüzüne



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

geçmäge kömekleşipdir. Ol gäminiň öňünden ýüzüp ýol görkezipdir. Ony goramak barada ýörite kanun kabul edilipdir.

Delfinler suwda ýaşaýandyklaryna garamazdan, howadan dem alýarlar. Olar köplenç topar bolup, ýagny 15-40 sany bolup ýaşaýarlar. Delfinler, esasan, çagalary diýseň gowy görýärler. Olar körpeleriň iň ýakyn dostudyr.

**Tekstden alnan sözlemleri okaň we ony söz düzümlerine bölüp ýazyň. Söz, sözlem we söz düzüminiň nähili tapawutlanýandygyny aýdyp beriň.**

1. Gadymy döwürlerde deňziň kenar ýakasynda ýaşaýan bir oglanjyk delfin bilen dostlaşypdyr.
2. Olar körpeleriň iň ýakyn dostudyr.

**Soraglara jogap beriň.**

1. Janjy tebigat diýende nämä düşünýärsiňiz?
2. Adamlar tebigata nähili täsiri ýetirýär?
3. Ösümlikler we arassa howa. Bu düşünjeleriň nähili arabaglanyşygy bar?
4. Özbegistanda tebigaty goramak boýunça nähili işler geçirilýär?

**Aşakdaky sözlerden peýdalanyp söz düzümlerini ýazaň we olary sözlem içinde getiriň.**

| | |
|---|---|
| Tebigat | |
| Howa | |
| Suw | |
| Arassa | |
| Dag | |
| Ösümlik | |
| Derýa | |

Nusga:

(Tebigat nygmatlary, tebigy ösümlik, gözel tebigat). Adamlar asyrlar dowamynda tebigat nygmatlaryndan peýdalanypdyr.

**Ýumuş.** Söz düzüminiň goşma sözden we sözlemden tapawudyny düşündiriň. Söz düzümleriniň garaşly we esasy sözlerini anyklap, nusgadaky ýaly görnüşde depderiňize göçüriň.

N u s g a : Sowuk şemal, gelen daýhanlar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Sowuk şemal öwüsýärdi, ýapraksyz ýalaňaç agaçlar şuwlap seslenýärdi. Bu gün hem Gün ikindi ýerine ba ran mahaly obanyň orta gürpündäki demirçi ussanyň bolgusyz dükanynyň töwereginde janly hereket başlandy. Işden gaýdyp gelen daýhanlar hemişe özleriniň sap latmaga goýan pildir paltalarynyň, dişetmäge goýan oraklarynyň we başga şuňa meňzeş işleriniň yzyndan günüň şu wagty gelýärdiler (A. Gowşudow).

**Ýumuş.** Suratlara syn ediň. Onda nire suratlandyrylypdyr?






*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE







*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Soraglara jogap beriň.**

1. Aral deňziniň guramagyna näme sebäp bolupdyr?
2. Deňziň guramagy bize nähili täsirini ýetirýär?
3. Aralyň guran ýerlerinde nähili işler alnyp barylýar?
4. Araly tokaýlyga öwürmegiň nähili ähmiýeti bar?

**Teksti okaň, erkin söz düzümlerini tapyň, olaryň garaşly we esasy sözlerini aýdyp beriň.**

Il arasynda «Ülker dogdy – tomus, Ülker ýaşdy – gyş» diýen gürrüň bar. Ülker dekabryň başyndan ýanwara çenli kem-kemden ir ýaşyp, soň doly batýar. Ülker ilkagşam dogup, bütin gije ýyldyzly asmandan günbatar tarapa süýşüp, Gün dogmanka ýaşýar. Şol wagt gyşyň başy hasaplanylýar. «Ülker ýere düşmän, ýaz gyzmaz, Ülker göge çykman, suw doňmaz» diýen atalar sözi daýhanlaryň arasynda bellidir.

## POLÝAR ÝYLDYZY



**Soraglara jogap beriň.**

1. Ýyldyz sözüne nähili düşünýärsiňiz?
2. Ýyldyzlaryň älem gurluşyndaky ähmiýetini bilýärsiňizmi?
3. Ata-babalarymyz ýyldyzlar arkaly nämeleri kesgitläpdir?

**Teksti üns bilen okaň.**

## ÝYLDYZ SENENAMASY

Gadymy wagtlarda türkmen halky asman jisimleriniň hereketlerine gözegçilik edip, öz sene hasaplaryny ýöredipdirler, ýagny ekin ekmek, toý tutmak ýaly düýpli işlerinde Güne, Aýa, ýyldyzlara esaslanypdyrlar. Halk arasynda olar bilen bagly yrymlar, çaklamalar döräpdir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Magtymguly Pyragynyň:
Ýer göteren sary öküz
Bilmen, niçe ýaşyndadyr.
Dört müň dört ýüz aýagy bar,
Hemmejesi döşündedir – diýen şygryndaky sary öküziň Gün, dört müň dört ýüz aýagynyň bolsa ondan bölünip çykýan şöhlelerdigini synçy adamlar aňýarlar. Ýa-da «Sekiz topbak, ýedi ýaýraň, iki ýyndam, bir bek» diýen tapmaçanyň çözgüdi hem sekiz topbak – Ülker, ýedi ýaýraň – Ýedigen, iki ýyndam – Aý bilen Gün, bir bek bolsa, Demirgazyk ýyldyzydyr.

Türkmen halky Günüň, Aýyň, ýyldyzlaryň hereketi bilen bagly ýyldyz senenamasyny hem ýöredipdir. Oňa çarwa hasaby hem diýilýär. Ata-babalarymyz ýagty ýyldyzlaryň dogýan we ýaşýan wagtlaryna seredip, ýyl içindäki günleri 12 döwre bölüpdirler. Özi-de bu senenama ýörgünli wagt hasaplarynyň biri bolup, ol çarwaçylyk (maldarçylyk), çomruçylyk (ekerançylyk) işlerini alyp barmakda has amatly bolupdyr. Milady aý, gün hasabynda her aýda 28 (29), 30, 31 gün bar bolsa, ýyldyz senenamasynda günleriň sany ýyldyzlaryň dogup, ýaşmagy bilen baglydyr. Bu senenama boýunça, fewral aýynyň 22-sine togsan dolup, gyş gutarýar we ýaz pasly başlanýar.

Bu döwür beýik Magtymguly Pyragynyň «Ilimiz ulaşsyn sowulmaz ýaza, togsan dolup, tamam bolsun gyşymyz» diýen setirlerinde öz beýanyny tapypdyr. Ýyldyz senenamasy häzirki senenamada şu döwürlere gabat gelýär, emma b**u senenama ylmy däl-de, durmuşy maksatlar üçin döredilipdir.**

| **Atlary** | | **Başlanýan we gutarýan wagtlary** |
|---|---|---|
| 1. | Çarwa nowruzy | 22.0.–20.03 |
| 2. | Nowruz | 21.03.–22.05. |
| 3. | Ülker | 23.05–20.06. |
| 4. | Aralyk | 21.06.–22.07. |
| 5. | Üçýyldyz | 23.07–11.08. |
| 6. | Ýaldyrak | 12.08–22.09. |
| 7. | Mizan | 23.09–22.10. |
| Hazan | | |
| 8. | Akrap | 23.10–22.11. |
| 9. | Garagyş | 23.11–07.12. |
| 10. | Uly çille | 08.12–16.10. |
| 11. | Kiçi çille | 17.01–05.02. |
| 12. | Ahyrky garagyş | 06.02.–21.02. |

(G. Gurbandurdyýewiň «Türkmen milli wagt hasaplary we senenamalary» atly kitabyndan alyndy)



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Tekstden alnan aşakdaky bölekden erkin we durnukly söz düzümlerini tapyň we aýratynlygyny düşündiriň.

Bu döwür beýik Magtymguly Pyragynyň «Ilimiz ulaşsyn sowulmaz ýaza, togsan dolup, tamam bolsun gyşymyz» diýen setirlerinde öz beýanyny tapypdyr.

## Söz düzüminiň görnüşleri

*Söz düzümi*

*Erkin söz düzümleri.* | *Durnukly söz düzümleri.*

## Erkin söz düzümleri

Erkin söz düzümi esasy sözden we garaşly sözden ybarat bolýar. Erkin söz düzümi gatnaşýan sözleriň erkinligi bilen häsiýetlenýär.

**Teksti okaň.**

## POLÝAR ÝYLDYZLARYŇ TOPARY

Bu ýyldyz toparlary adyndan belli bolşy ýaly, polýar asmanynda ýerleşýärler we ýylyň bütin dowamynda görünýärler. Olaryň içinde Uly Ýedigen, Kiçi Ýedigen, Aždarha, Kassiopeniýa, Sefeý, Žiraf we Rys (Gum pişigi) has hem aýdyň görünýär.

*Uly Ýedigen ýyldyzlar topary esasan Uly Ýedigen we beýleki ýagty ýyldyzlardan ybarat bolup, aýynyň şekilini emele getirýär. Şu ýerden hem taryhda «Arktika», ýagny grekçe «Aýylaryň ýurdy» diýen söz emele gelipdir. GDA-nyň halklarynyň içinde Uly Ýedigen ýyldyzlar toparynyň 52 sany ady bar.*

Göz bilen bu ýyldyz toparynda 125 ýyldyzy saýgarmak bolýar, ýöne olaryň has ýagtysy 7 sany ýyldyzdyr. Şonuň üçin hem oňa Uly Ýedigen diýilýär. Olar dürli uzaklyklarda ýerleşýärler. Ýöne bu ýyldyzlar bize bir tekizlikde ýerleşen ýaly bolup görünýärler.

Uly Ýedigen topary we beýleki polýar ýyldyzlary ýylyň bütin dowamynda ýaşmaýar we uzynly gije görnüp durýar. Muny halk arasynda degişme äheňinde aýdylýan sözler hem tassyklaýar: «Suw nobatyňy Ýedigen ýaşanda alarsyň».



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Kiçi Ýedigen ýyldyzlar topary hem ýedi sany ýagty ýyldyzdan ybarat bolup, asman gümmezinde kiçiräk suratyň formasyny emele getirýär. Onuň iň ýagty Polýar (Demirgazyk) ýyldyzy dünýäniň demirgazyk polýasyndan 1 aradaşlykda ýerleýär. Polýar ýyldyzy ornyny az üýtgetýänligi sebäpli adamlar irki döwürlerden bäri Polýar ýyldyzyna seredip ugur kesgitläpdirler.

Rus halkynda Polýar ýyldyzynyň 9-dan gowrak ady bar. Gyrgyzlarda Altyn gazyk, garagalpaklarda Kiçi Garakçy, araplarda «Kohab-El-Şemaly» ýagny «Demirgazyk ýyldyzy», hytaýlarda «Şa ýyldyzy» diýlip tutulýar. Polýar ýyldyzy bilen Kiçi Ýedigeniň adyny dünýäniň halklary bilelikde tutýarlar. Bu ýyldyzlaryň bilelikdäki ady ruslarda «Kon na prikole», türki dil toparynda «Buzat», «Ak boz at», «Gök boz at» hakaslarda «Hoshar», ýagny «Daňylan at» görnüşinde tutulýar. Bizde Kiçi Ýedigenlere «Boz at», «Gyr at» diýilýär. Kiçi Ýedigenlerde göz bilen saýgaryp bolýan 20-ä golaý ýyldyz bardyr.

Ýedigen bilen baglanyşykly halk arasynda sanawaç hem aýdylýar:

Ak at, Boz at-iki ýyldyz,
Demirgazyk-ýeke ýyldyz,

Ýedigenim-ýedi ýyldyz,
Ýedi göçer, ýedi gonar,
Sanasaň sagap bolar.






*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Adamlar bu sanawajy bir demde ýedi gezek sanamaly bolupdyrlar. Sebäbi bu sanawaç adamyň çydamlylygyny synapdyr, dilini ýenjipdir. (Internet materiallaryndan).

**Ýumuş.** Tekstdäki aýratynlandyrylan bölegi göçüriň. Bölekdäki erkin söz düzümleriniň aşagyny çyzyň.

Suratlara syn ediň, pasyllaryň aýratynlygy barada gürrüň beriň. Ýyldyzlar bilen pasyllaryň arabaglanyşygy barmy?









**Soraglara jogap beriň.**

1. Ýylda näçe pasyl bar?
2. Her pasylda näçe aý bar?
3. Haýsy döwletlerde gyş pasly bolmaýar?
4. «Gyşyň güni kyrk tüýsli, kyrkysy-da gylyksyz». Nakylyň manysyny düşündiriň.

**Aýlary pasyllara bölüp ýazyň.**

| | |
|---|---|
| Ýaz pasly | |
| Tomus pasly | |
| Güýz pasly | |
| Gyş pasly | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Muny bilmek gyzykly.**

Gije bilen gündiz ýylyň dowamynda iki gezek deňleşýär – 21-nji martda hem-de 23-nji sentýabrda.
21-nji martdan soňra gije gysgalyp, gündiz uzalyp başlaýar.
23-nji sentýabrdan soňra gündiz gysgalyp başlaýar.
21-nji iýun: iň uzyn gün, iň gysga gije. Bu seneden soňra gündiz gysgalyp, gije uzap başlaýar. Demirgazyk polýusda Gün batmaýar, Günorta polýusda Gün dogmaýar.
21-nji dekabr: Iň uzyn gije, iň gysga gündiz. Bu seneden soňra gije gysgalyp, gündiz uzalyp başlaýar.

**Teksti okaň.** Tekstden erkin söz düzümlerini tapyň, olaryň durnukly söz düzümlerinden tapawudyny düşündiriň.

## ÝYLDYZLAR KARTASY

Asman gümmezinde görünýän ýyldyzlara gözegçilik etmek, asman mehanikasynyň köp meselelerini çözmek amatly bolar ýaly ýyldyzlaryň belli bir döwre görä orunlaryny görkezýän ýyldyz kataloglary we kartalary döredilýär. Kartalarda ýyldyzlaryň gije bilen gündiziň ýazky deňleşýän nokadyna görä ýerleşýän orunlary berilýär. Kartanyň sag we çep taraplarynda, ýagny dikligine ýyldyzlaryň asman ekwatoryndan beýikligi (8 burçy) berilýär. Ýokarsynda we aşagynda bolsa asman meridiana çyzygyna laýyklykda ýyldyzlaryň ýazky gije-gündiziň deňleşýän nokadyndan uzaklylygy (a burçy) berilýär.

Uly ýyldyz kartalary üçin ýyldyzlaryň ýörite häsiýetnamalaryny görkezýän, ýagny ýyldyzlaryň orunlaryny, ýagtylyklaryny, reňklerini we hususy hereketlerini görkezýän kataloglar düzülýär. Ilkinji ýyldyz kartalary we kataloglary teleskoplar oýlanylyp tapylmanka döredilipdir. Taryhy maglumatlara görä, ilkinji ýyldyz kartasyny we katalogyny Gipparh döredipdir. Gipparhyň katalogyny Ptolemeý özüniň «Almagest»kitabynyň kömegi bilen bize ýetiripdir. Ol jedwelde 850 ýyldyzyň asman gümmezindäki orunlary berlipdir. Ulugbeg asman jisimlerine köp ýyllaryň dowamynda eden gözegçilikleriniň esasynda 1019 ýyldyzyň jedwelini döredipdir. Ulugbegiň ýyldyz jedwelinde ozal asla hasaba alynmadyk 700 ýyldyzyň orny berlipdir. Olaryň orunlaryny Ulugbeg öz gözegçilikleriniň esasynda kesgitläpdir. 1862-nji ýylda Argelanderiň ýolbaşçylygynda döredilen Bonner Durehmuster, ýagny Germaniýanyň «Bonndan ýyldyzlara syn» atly ýyldyz kartasy we katalogy hem belli jedwelleriň hataryna girýär. Onda ýagtylygy 10-11 ýyldyz ululygyna ýetýän ýyldyzlar hasaba alnypdyr. Onda demir-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

gazyk polýusdan tä asman gümmeziniň günorta ýarym togalagynyň -23° gyşarmasy aralygynda ýerleşýän 324000 ýyldyza häsiýetnama berlipdir.

**Ýumuş.** Surata seredip Aý, ýyldyzlaryň nokadyna görä atlaryny tapyň. Mysal üçin: Aý, .... we başg.




## Durnukly söz düzümleri

Durnukly söz düzümine gatnaşýan sözler mydama öz durkuny saklap gelýär, olary üýtgetmek ýa-da ýerlerini çalşyrmak bolmaýar. Olar, adatça, göçme manyda ulanylýarlar.

**Ýumuş.** Aşakdaky goşgy setirindäki aýratynlaşdyrylan söz düzümleriniň manysyny düşündiriň.

**Ykbalyň oýansa, döwlet ýar bolsa,**
Daga azy ursaň, daşy syndyrar.
**Täleýiň ters gelse, bagtyň şor bolsa**,
Paludanyň peri dişi syndyrar.

*Magtymguly*

**Gönükme.** Durnukly söz düzümleriň manylaryny düşündiriň we olary sözlem içinde getirip ýazyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Özbaşdak ýerine ýetireli

| | |
|---|---|
| Eli egri. | |
| Dili süýji | |
| Ýüz görmek | |
| Egniňde tozsun | |
| Yzyna it salmak | |
| Ädim ogurlamak | |
| Kelle döwdi | |
| Ökje göterdi | |

## Kitapdan bir sahypa.

T. Bekjäýewiň «Magtymgylynyň eserleriniň frazeologik sözlügi» diýen kitapdan alnan sahypany okaň. Nähili sözlüge frazeologik sözlük diýilýär? Pikiriňizi aýdyň.

**(Çeşme: Kitaphana. Elektron kitaplar sahypasy)**

**Abat galmak – bitin, şikes, zyýan ýetmedik.**

Säher tur,
Hudaýa ýalbar,
Yslam öýüň
abat galsyn.
Ýamany goý, ýagşa ýol ber,
Şeýtan işi berbat galsyn *(Abat galsyn).*

**Abat kylmak – bejermek, abadan, dikeldilen görnüşe getirmek.**

Dide hunbar eýläýibän howly-kyýamat ýat kyl,
Tur, säher ýat et Hudany, uýkyny berbat kyl,
Ahyrýet mäwasyny yhsan bile ki abat kyl... *(Bolmasdan burun).*

**Abraý almak – mertebeli, köpüň içinde sylanýan, sylagly adam bolmak.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Bäş gün köňül hoş etmäge,
Supra ýaýyp, nan dökmäge,
Abraý alyp, at etmäge,
Gollarynda bar gerekdir *(Ýar gerekdir).*

**Abraý bermek – mertebeli, sylagly adama öwürmek, halkyň arasynda sylaga mynasyp etmek.**

Mert ýigide abraý beren bedewler,
Hara döner ýal, guýrukdan aýrylsa *(Hyratdan aýrylsa).*

**Abraýyna goşulmak – begenjine begenip, gynanjyna gynanmak, gazanan üstünligine begenmek.**

Gaýrydandyr, abraýyňa goşulmaz,
Köp okasa kazylyga ýetişmez,
Şasyny öldürseň gany kokuşmaz,
Gyzylbaş donunyň ýeňi bellidir *(Jeňi bellidir).*

**Gönükme.** Magtymgulynyň eserlerinden içinde durnukly söz düzümleri bolan 2 sany goşgy bendini tapyp göçüriň. Durnukly söz düzümleriniň çeperçilik serişdesi hökmündäki hyzmatyny düşündiriň.

## Söz düzümleriniň sintaktik derňew edilişi:

I. Söz düzümlerini sözlemden saýlap göçürmek.

II. Olaryň görnüşlerini anyklamak:
   1) erkin söz düzümi;
   2) durnukly söz düzümi.

III. Söz düzümleriniň gurluşy:
   1) garaşly söz;
   2) esasy söz.

IV. Olaryň haýsy söz toparyndan ýasalandygyny aýtmak.
Söz düzümleriniň grammatik hyzmaty.

**Gönükme.** Birinji sütünde berlen durnukly söz düzümleriniň aňladýan manylaryny ikinji sütünden dogry tapyp, depderiňize ýazyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Özbaşdak ýerine ýetireli

| | |
|---|---|
| Agzynyň eýesi däl | Biriniň tersine gidip, gaharyny getirmek, janyna degmek, çürkemek. |
| Kejine gaýtmak | Begençden, guwançdan şähdiň açylmak, göwnüň hoş bolmak, keýpiň kök bolmak. |
| Älemiň daralmak | Gep, syr saklap bilmeýän, agzyna bek bolmadyk, ýaňra. |
| Içini ýakmak | Ile belli bolmak, kimdigiňi bildirmek, belli bir häsiýet zerarly adyň ile dolmak. |
| Ökjäň ýeňlemek | Tersine gitmek, bilgeşleýin diýen ýaly unamazlyk, garşylyk görkezmek. |
| Pikire münmek | Häsiýetiň bilen özüňi ýigrendirmek, gözden düşmek, ýigrenilmek. |
| Ýaka tanatmak | Agyr ýagdaýa düşmek, howsalaly, kynçylykly bir ýagdaýa düşmek. |
| Ýek görünmek | Hyýal gelmek, bir zady ýüregiňe düwmek, niýetiňe düwmek. |

## Gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Söz düzümleri, olaryň gurluşy hakynda nämeleri bilýärsiňiz?!
2. Sözden söz düzüminiň tapawudyny aýdyň?
3. Erkin we durnukly söz düzümleriniň nähili aýratynlyklary bar?
4. Söz düzümlerini hasyl edýän sözleriň nähili baglanyş ýollary bar?

## BILIMIŇIZI BARLAŇ

1. Grammatikanyň dyngy belgileriniň kadalaryny öwrenýän bölümine näme diýilýär?

A. Fonetika B. Stilistika
C. Punktuasiýa D. Dialektologiýa

2. Söz düzümleri näçe topara bölünýär?

A. 1 B. 2 C. 3 D. 4

3. Sözlemleri we sözlemde sözleriň baglanyşygyny öwrenýän grammatikanyň bölümi bu?

A. Fonetika B. Stilistika
C. Punktuasiýa D. Sintaksis



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

4. Aýry-aýry düşünjeleri aňlatmak üçin hyzmat edýän gepleşik birligine näme diýilýär.
A. Ses
B. Fonema
C. Söz
D. Sözlem

5. Sözleriň grammatik we many taýdan özara birikmesinden emele gelen sintaktik birlik bu?
A. Söz
B. Fonema
C. Ses
D. Söz düzümi

6. Aşakdaky söz düzümleriniň haýsysy durnukly söz düzümleri?
A. Altyn sagat
B. Demir ýol
Ñ. Pikire münmek
D. Ata münmek

7. Durnukly söz düzümleri dil biliminiň haýsy bölüminde öwrenilýär?
A. Fonetika
B. Leksika
C. Sintaksis
D. Dialektologiýa

8. Aşakdaky söz düzümleriniň haýsysy durnukly söz düzümi?
A. Gum sagat
B. Gara ýol
C. Gulak gabartmak
D. Şähere ugramak

9. «Agzynyň eýesi däl» diýen durnukly söz düzümi nähili many aňladýar?
A. Biriniň tersine gidip, gaharyny getirmek, janyna degmek, çürkemek.
B. Begençden, guwançdan şähdiň açylmak, göwnüň hoş bolmak.
C. Gep, syr saklap bilmeýän, agzyna bek bolmadyk, ýaňra.
D. Häsiýetiň bilen özüňi ýigrendirmek, gözden düşmek, ýigrenilmek.

10. Söz düzümi sözlemden nähili tapawutlanýar?
A. Söz düzümi habar bermek hyzmatyny ýerine ýetirýär
B. Söz düzümi gutaran oý-pikir aňladylýar
C. Söz düzümi gutarnykly intonasiýada aýdylýar
D. Söz düzümi biri beýlekisine garaşly sözleriň many hem grammatik taýdan baglanyşmagyndan döreýär



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# III bölüm

# SAGLYGYM – BAÝLYGYM

- WITAMINLER, C WITAMINI
- GÖREŞ – MILLI SPORTUŇ GÖRNÜŞI




*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# WITAMINLER

**Soraglara jogap beriň**

1. Witamin näme?
2. Witaminler adam organizminde nähili wezipäni ýerine ýetirýär?
4. Witamin ýetmezçiligi näme?
5. Lukman kabulynda bolup gördüňizmi? Ol siziň saglygyňyz barada näme maslahat berdi? Aýdyp beriň.

**Suratlara syn ediň. Witaminleriň nähili görnüşleri bar we olar nämäniň düzüminde bolýar? Surat esasynda her bir witamine baý önümleri ýazyň.**

| | |
|---|---|
|   | |
|   | |
|   | |
|   | |
|   | |
|   | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## WITAMINLERIŇ ÄHMIÝETI

Bedeniň öz ýaşaýyş işjeňliklerini kadaly ýerine ýetirmegi üçin oňa beloklardan, ýaglardan, uglewodlardan, suwdan we mineral maddalardan başga-da witaminler hem zerurdyr. Witaminler organiki birleşmelere degişlidirler. Witaminler madda çalşygyna bedeniň ýaşaýyş işjeňligi hadysalaryny sazlaşdyryjy hökmünde gatnaşýarlar. Köp witaminler biologik işjeň katalizatorlardyr ýa-da biologik işjeň katalizatorlaryň düzümine girýändirler.

Ýüzden gowrak biologik işjeň katalizatorlaryň emele gelmegi (sintezlenmegi) üçin witaminleriň gerekdigi anyklanylan. Witaminler ýene-de daşky gurşawyň amatsyz şertlerine bedenleriň durnuklylygynyň ýokarlanmagyna-da ýardam edýär. Witaminler bedenleriň boý alşyny, şikesden we bejerişden soň dokumalaryň we öýjükleriň dikeldilmegini çaltlandyrmak üçin hem gerekdir. **Witaminler gormonlaryň**






*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**täsirlerini hem güýçlendirýärler.** Adam bedeninde witaminler az mukdarda emele gelýärler. Olar, esasan hem, ösümlik bedenlerinde emele gelýärler. Şonuň üçin hem witaminleriň esasy çeşmesi gök önümler we miweler hasaplanylýar.

Witaminler haýwanlardan emele gelýän iýmit önümlerinde-de bolýar. Olar bagyrda, böwrekde, süýtde, mesgede, balyk ýagynda, ýumurtga sarysynda bolýar. **Beden witaminleri milligramlaryň möçberinde talap edýär.** Muňa garamazdan, olaryň iýmitde bolmazlygy awitaminoz (witamin ýetmezçiligi) diýilýän keseliň döremegine sebäp bolýar.

Bedende witaminleriň mydama kadadan az bolmagyna gipowitaminoz diýilýär. Çagalarda bu keselleriň ikisi hem bedeniň umumy gowşaklygyny emele getirýär. **Çagalaryň boý alşy haýal geçýär, horlanýar, ysgynsyzlygy we gany gaçgynlygy ýüze çykýar. Işdäsi kesilýär, görüjiligi bozulýar, ýokuşýan keselleriň döredijileriniň garşysyna bedeniň durnuklylygy peselýär, ysgyndan düşýär we heläk bolýarlar.** Emma olara arassalanan iýmit bilen bir wagtda azrak mukdarda tebigy süýt berlende, olarda kesellik ýüze çykmandyr**.** Tejribelere esaslanyp, rus alymy N.L. Lunin iýmit önümlerinde ýokarda görkezilen iýmit maddalaryndan başga-da, heniz ylma belli bolmadyk, emma bedeniň ýaşaýşy üçin gerek bolan maddalaryň – witaminleriň bardygyny kesgitläpdir.

Adamlarda hem ýokardaky ýaly ýagdaýlar gadymdan bäri bellidir. Deňizde ýüzmekligiň dowamly polýar ekspedisiýalarynyň, uruşlaryň taryhyndan belli bolşy ýaly, uzak wagtlap birmeňzeş guradylan we gaplanan önümler bilen iýmitlenilende köpçülikleýin agyr kesel – singa ýüze çykypdyr. Adamlarda gowşaklyk ösüpdir, olaryň nemli bardalary we diş etleri çişipdir, olardan gan akypdyr, dişleri düşüpdir, bogunlary çişipdir. Singa bilen uzak wagtlap kesellemeklik ölüme eltipdir. Emma näsaglar düzüminde ter ösümlik iýmitleri we täzeje et bar bolan iýmit önümleri bilen iýmitlendirilende olar kem-kemden sagalypdyrlar.

**Tekstdäki aýratynlandyrylyp ýazylan sözlemleri okaň, Olar biri-birlerinden gurluşy boýunça nähili tapawutlanýar? Pikirinizi aýdyň.**

## SÖZLEM

Gutarnykly pikiri aňladýan söz ýa sözler ýygyndysyna sözlem diýilýär. Meselem: Gözledim. Jaýyň içinde hiç kim ýokdy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## C WITAMINI



Bu witamin ýabany bägüliň, gara smorodinanyň, ýertudananyň miwelerinde, pomidorda, kelemde, limonda, pyrtykalda, käşirde, şugundyrda, ýeralmasynda, noýbada, burçda, gök soganda, petruşkada, şeýle hem süýtde we bagyrda bolýar. C witamini pürli agaçlaryň ýapraklarynda-da (iňňesinde) bar. Soňky wagtlarda bu witamin arassa görnüşinde-de bölünip alyndy we önümçilikde öndürilýär. C witamin adam bedeninde emele gelmeýär.

Ol witamin turşama-gaýtarma täsirleşmesine-de gatnaşýar, ganyň lagtalanmak häsiýetini ýokarlandyrýar, eritrositleriň çöküş tizligini haýalladýar, madda çalşygyny güýçlendirýär. Iýmitde C witamininiň ýetmezçiligi singa keselini döredýär. Keselli gowşak bolýar, onuň dişiniň etleri çişýär, ondan gan akýar, dişi düşýär, bogunlary ýellenýär. C witamininiň ýetmezçiliginden emele gelýän keseli bejermek üçin askorbin kislotasyny peýdalanýarlar.

**Ýumuş.**
Tekstden alnan bu sözlem nähili sözlem? Sözlemdäki oturlaryň ornuna nokat goýup depderiňize güçüriň. Depderiňizdäki sözlemler bilen bu sözlemiň nähili aýratynlygy bar. Düşündiriň.

Ol witamin turşama-gaýtarma täsirleşmesine-de gatnaşýar, ganyň lagtalanmak häsiýetini ýokarlandyrýar, eritrositleriň çöküş tizligini haýalladýar, madda çalşygyny güýçlendirýär.

*Sözlem*

*Ýönekeý sözlem*
*Diňe bir sany gutaran oý-pikir aňladylýan sözlem ýönekeý sözlemdir*

*Goşma sözlem*
*Goşma sözlemlerde ýönekeý sözlemleriň birnäçesi birigip, çylşyrymly pikir aňladylýar.*

**Gönükme.** Tekstden alnan aşakdaky sözlemleriň gurluşyna üns berip, olary giňişleýin düşündiriň we depderiňize göçüriň.

1. Adamlarda hem ýokardaky ýaly ýagdaýlar gadymdan bäri bellidir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

2. Deňizde ýüzmekligiň dowamly polýar ekspedisiýalarynyň, uruşlaryň taryhyndan belli bolşy ýaly, uzak wagtlap birmeňzeş guradylan we gaplanan önümler bilen iýmitlenilende köpçülikleýin agyr kesel – singa ýüze çykypdyr.

3. Adamlarda gowşaklyk ösüpdir, olaryň nemli bardalary we diş etleri çişipdir, olardan gan akypdyr, dişleri düşüpdir, bogunlary çişipdir.

4. Singa bilen uzak wagtlap kesellemeklik ölüme eltipdir, emma näsaglar düzüminde ter ösümlik iýmitleri we täzeje et bar bolan iýmit önümleri bilen iýmitlendirilende, olar kem-kemden sagalypdyrlar.

## Söz düzüminden sözlemleriň tapawudy

| Söz düzümi | Sözlem |
|---|---|
| Sözlerden aňlanylýan düşünjäni has anyklaşdyrýar. Garaşly [G] we esasy [E] sözden durýar. | Bir zady habar bermäge, soramaga we ýüzlenmäge hyzmat edýär. Baş agzalary bolýar. Bir sözden we köp sözden bolup bilýär. Gutarnykly pikir aňladýar. |

**Ýumuş**

Okaň Teksde näçä sany ýönekeý, näçe goşma sözlemiň bardygyny anyklaň. Aýratynlygyny düşündiriň.

Miwäniň narynç reňki onuň düzüminiň beta-karotine baýlygyndan habar berýär. Ol gözüň görüş ukybyna oňyn täsir edýär. Miwedäki A witamini gyşda bedeniň kesellere garşy göreşijilik ukybyny artdyrýar. Bulardan başga-da hurma ýoda baý miwe bolup, ol merkezi nerw ulgamyna haýyrly täsir edýär, galkan görnüşli mäziň işini kadalaşdyrýar. Hurma adamy dartgynlylyk ýagdaýyndan oňaýly kada getirip, keýpiňi çaglaýan miwedir. Ol möwsümleýin sussupesligi aýyrýan tebigy serişdedir. Günde iýlen 2-3 sany hurma gan basyşynyň beýikligini düşürip kadalaşdyrýar.

**Gönükme.** Aşakdaky söz düzümlerini sözlem içinde getirip, depderiňize göçüriň.

| | |
|---|---|
| miwe önümleri | bu witamin |
| witamine baý | işdäni açýar |
| tebigy önüm | süýji keseli |
| adamyň bedeni | C witamini |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Gönükme.** Özbaşdak çeper eserlerden 6 sany sözlem ýazyň.

## Sözlemleriň aýdylyşy we pikir aňladyşy boýunça bölünişi

Sözlemler aýdylyşlary, pikir aňladyşlary taýyndan dört topara bölünýärler.




## HABAR SÖZLEMI

Bir zady başga birine habar bermek üçin ulanylýan sözleme habar sözlemi diýilýär. Habar sözleminde intonasiýa gitdigiçe peselýär, ýazuwda habar sözleminiň yzyndan nokat (.) goýulýar.

**Teksti göçüriň.** Habar sözleminiň aýratynlygyny düşündiriň

### A WITAMINI

Bu witamin diňe bir ösümlik önümlerinde (käşirde, pomidorda, ysmanakda, erikde) bolman, köp mukdarda haýwanlardan önýän önümlerde-de, ýagny mesgede, süýtde, ýumurtga sarysynda, bagyrda, böwrekde, balyk ýagynda we işbilinde bolýar. A witamininiň ýetmezçiliginde ýaş bedeniň boý alşy we ösüşi haýallaýar. Şonuň üçin hem oňa boý alyş witamini hem diýilýär. Bu witaminiň iýmitde ýetmezçiliginde gözüň buýnuz gatlagynyň, öýkeniň, içegäniň wezipeleriniň bozulmagy





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

hem ýüze çykýar. Bu synalaryň hemmesi çişýär käwagtlar bolsa olarda iriňli ýaralar emele gelýär. A witamininiň ýetmezçiliginiň irki ýüze çykyş görnüşi gözüň alagaraňkydaky görüjiliginiň peselmegidir, ýagny «towuk körlügi» (gijekörlük) diýilýän keseliň ýüze çykmagydyr. Bu witamininiň ýetmezçiliginde bedeniň ýokuşýan kesellere durnuklylygy hem peselýär. Haçanda beden şu witamini ýeterlik derejede alsa, kesellilik ýagdaýy aýrylýar. A witamini bagyrda toplanýar, şonuň üçin hem bagra şu witamininiň ammary diýilýär.

1. A witamini nämeleriň düzüminde bolýar?
2. Bu witamininiň ýetmezçiligi organizme nähili täsirini ýetirýär?

## Sorag sözlemi

Bir zady soramak üçin ulanylýan sözleme sorag sözlemi diýilýär.

## Sorag birnäçe ýol bilen aňladylýar:

1. Sözlemiň habaryna **-my, -mi, -myka, -mikä, -muka, -mükä** goşulmalaryny goşmak bilen.
2. Sözlemde sorag çalyşmalaryndan biriniň getirilmegi bilen.
3. Sorag intonasiýasy arkaly.

**Gönükme.** Sözlemleriň aýdylyşy we pikir aňladyşy nähili? Göçüriň. Sözlemleriň yzyndan degişli **dyngy belgileri** goýuň.

1. Witamininiň adam organizmine peýdasy barmy
2. Witamin kabul edip gördüňmi
3. Lukman witamin üçin miweleri köp iý diýdi
4. Sen lukmana görün
5. Onuň aýdýanlary dogrumy

## Ýüzlenme sözlem

Birine ýa-da bir zada ýüz tutulyp aýdylýan sözleme ýüzlenme sözlemi diýilýär.

**Gönükme.** Sözlemleriň aýdylyşyna, pikir aňladyşyna üns beriň. Sözlemleriň yzyndan degişli dyngy belgini goýup, depderiňize göçüriň.

1. Hormatly ýaşlar, arassaçylygy saklaň
2. Ýaşasyn güneşli Özbegistanym



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

3. Tebigaty hiç kime harlatmarys
4. Watany çyn ýürekden söýüň
5. Okuwçylar Göreldeli tertip-düzgün ugrunda göreşiň

## Sorag-ýüzlenme sözlemi

Pikiriňi tassyklatmak, şübhe, nägilelik... bildirmek maksady bilen sorag hem ýüzlenme intonasiýalarynda aýdylýan, ýöne jogap talap etmeýän sözlem sorag-ýüzlenme sözlemidir.
Ýazuwda olaryň yzyndan sorag-ýüzlenme belgisi (?!) goýulýar.
Meselem:
– Ohow, ol henizem ugranokmy?!
– Ýok, ugranok.
– *Heý, şeýle-de eglenmek bolarmy?! («Edebiýat we sungat» gazetinden).*

**Gönükme.** Habar, sorag, ýüzlenme, sorag-ýüzlenme sözlemlerini anyklaň. Sözlemleriň soňundaky dyngy belgileriniň goýluş sebäbini düşündiriň.

1. Witaminlere baý miweler haýsylar?
2. Bazardan witaminlere baý önümleri aldym.
3. Sen lukman kabulynda bolduňmy?
4. Arassaçylygy saklaň! Saglygyňyzy goraň!

**Gönükme.** Gönükmäni topara bölünip ýerine ýetiriň.

Birinji topar 10 sany sorag sözlemini ýazýar, ikinji topar olara habar sözlemi görnüşinde jogap ýazýar.

| 1-nji topar | 2-nji topar |
|---|---|
| Sorag sözlemi | Habar sözlemi |
| | |
| | |
| | |
| | |
| | |
| | |
| | |
| | |
| | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Suratlara serediň. Miwe atlaryny bilýärsiňizmi? Miwe atlaryny köp-nokatlaryň ýerine goýup okaň we peýdaly maslahatlara amal ediň.**

## GÜÝZKI GÖK-ÖNÜMLER SAGLYGY BERKIDÝÄR



Güýz aýlary ýylyň iň witaminlere baý aýlary hasaplanýar. Şol sebäpden-de, bu döwürde öz saglygyňyz üçin mümkin boldugyça köp peýda almak gerek. Munuň üçin özüňiziň gündelik iýmitleriňize şu makalada ady agzaljak güýz nygmatlarynyň käbirini goşmak zerurdyr. Olardan iýmek bilen, özüňizi duýşuňyzy düýpli gowlandyrmak bolar. Şeýle hem güýzki gök-önümler adamyň saglygyny berkidýär.



...............yň düzüminde B topara degişli witaminler köpdür. Witaminleriň hut şol topary dyrnaklaryň, saçlaryň we deriniň sagdyn bolmagyna, şeýle hem nerw ulgamynyň dogry işlemegine täsir edýär. .......... düzüminde saklanýan sinkiň mukdary boýunça gök-önümleriň arasynda öňdäki orunda durýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Bu gök-önüm minerallaryň hakyky hazynasydyr. ............iň düzüminde askorbin kislotasy limondakydan ýa-da mandarindäkiden hem köpdür. Eger-de, adam her gün ........... iýse, onda infarktyň we insultyň (beýnä gan inme) ýüze çykma howpy görnetin peseler. ............leriň içinde iň peýdalysy ak kelemdir.



Bu miwe mikro we makro elementlere, organiki birleşmelere we witaminlere baýdyr. Olar efir ýaglarynyň kömegi bilen adamyň keýpini gowulamaga, dartgynlylygyny aýyrmaga we hat-da depressiýadan (tukatlykdan) çykarmaga ukyplydyrlar. Şeýle hem ......... biziň organizmimize energiýa berýär. Şol sebäpden-de, hünärmenler keýpsizlik wagtynda süýji önümleri däl-de, .............. iýmegi maslahat berýärler.



........... ýaglaryň we beloklaryň hakyky hazynasydyr. ............laryň islendik görnüşi adamyň organizmine oňyn täsir edýär. Mysal üçin, kelle beýnisiniň doly işlemegi üçin zerur kislotalar gerek. Olar bolsa kedr hozunda we adaty ...........da köpdür. Olara dürli işdäaçarlary we süýjülikleri garyp, özüňiziň gündelik iýmitiňiziň arasyna goşup bilersiňiz.



........... örän gymmatly iýmit önümidir. Özüniň az kaloriýalylygy we gowy siňýänligi üçin, ol köplenç çagalaryň iýmitine goşulyp bilner. .......... kaliýa, pektinlere, karotinlere we witaminlere baýdyr. Şol sebäpden-de, ondan esasy naharlary we beýlekileri taýýarlamak bolar. ...........niň düzüminde A witamininiň barlygy sebäpli, ol ýaralaryň, ýanyklaryň we aşgazanyň baş kesellerininiň bejerilişinde hem peýdalydyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



............ juwanlygy saklamaga we işdäňi açmaga kömek edýär. Bu bolsa iýmitiň gowy siňmegine getirýär. Ol ýürek-damar ulgamynyň kadaly işlemegine ýardam edýär we gemoglobiniň derejesini ýokarlandyrýar. Şeýle hem organizmiň öýjüklerine mümkin boldugyça köp wagtlap öz durkunda saklanmaga kömek edýär.

**Okaň.** Sorag, ýüzlenme sözlemlerini tapyň, degişli dyngy belgilerini goýup göçüriň, olaryň tapawudyny aýdyp beriň.



Soranmyş bir wagt Aý Güne bakyp:
«Dünýäniň görki nä( ) Aýdyp bersene( )»
Gün hem diýenmişin nuruny döküp:
**«Dünýäniň bar görki enedir, ene( )»**

Soranmyş bir wagt ýel suwa bakyp:
«Dünýäniň berki nä( ) Aýdyp bersene( )»
Suw hem diýenmişin şarlaýyp akyp:
**«Dünýäniň bar berki enedir, ene( )»**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Soranmyş boz gulan bir ata bakyp:
«Dünýäniň örki nä( ) Aýdyp bersene( )»
At hem diýenmişin jülgeler söküp:
**«Dünýäniň bar örki enedir, ene( )»**

Soranmyş bir ene şahyra bakyp:
«Dünýäniň durky nä( ) Aýdyp bersene( )»
Şahyr hem diýenmiş dyzyna çöküp:
**«Dünýäniň bar durky ene, sen, ene( )»**

*G. Gurbansähedow*

**Ýumuş**

Goşgudaky aýratynlandyrylyp ýazylan sözlemlere nähili düşünýärsiňiz? Öz pikiriňizi beýan ediň.

**Okaň.** Teksti labyzly okaň, sorag we ýüzlenme intonasiýalary bilen aýdylýan sözlemleri saýlap depderiňize göçüriň, olaryň habar sözlemlerinden tapawudyny aýdyp beriň.

Ylymdar bir gün bazara bardy we satyjy bakgala: «Seniň dürli iýmit çekýän tereziden başga-da tereziň barmy?» diýip sorady.

Bakgal ör-gökden gelip: «Bu ýerde maňa ikinji tereziniň geregi näme?» diýdi. «Ana, şol ikinji diýýäniň ilkinji terezidir. Ol sende hökman bolaýmalydyr» diýip, ylymdar hem öz diýenine tutdy.

Bakgalyň töweregindäkiler: «Bize şol terezini özüň görkez, biz ony edil häzir-ä göremzok» diýip üşerilişipdirler.

Şonda ylymdar: «Ol ilkinji terezi siziň gursagyňyzda. Oňa «Adyl terezi» diýýärler. Ony her bir satyjynyň diňe özi bilýär. Siz ol tereziniň bardygyny duýmakdan hergiz daş düşmäň!» diýip, öz ugruna gidipdir.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# GÖREŞ – MILLI SPORTUŇ GÖRNÜŞI

**Surata üns beriň. Bu nyşan hakynda näme bilýärsiňiz?**



**Ýumuş**
Bu nyşanda näme üçin bäş halka suratlandyrylan?

**Okaň.** Teksti okaly, milli göreş barada düşünjä eýe bolaly.

## MILLI GÖREŞ

Müňýyllyklaryň jümmüşinden gözbaş alýan türkmen göreşi edebi mirasymyzyň dürdäne eserleriniň süňňüne siňip, öz beýanyny tapypdyr. «Görogly» şadessanyny okanymyzda, Göroglynyň we Bezirgeniň, gelin-gyzlardan Harmandäliniň we Aýsoltanyň keşplerinde gadymyýetde göreş tutmagyň neneňsi ýörgünli bolandygy görünýär. Türkmen milli göreşine taryhyň ähli döwürlerinde halk köpçüligi tarapyndan ürç edip tomaşa edilipdir. Hut şu nukdaýnazardan hem, göreş tutýan pälwanlara il içinde uly hormat-sylag edilipdir. Durmuşda göreş tutmasa-da başarjaň, dogumly ýigitlere «Pälwan ogul» diýilýär. Halkymyz milli göreşe bagyşlap, «Göreşde ataň hem bolsa sylama», «Ýykylsaň ýer göterýär», «Göreşen ýykjakdyr, ýaryşan ozjakdyr», «Göreş bir abraýdyr», «Ýykylan göreşden doýmaz» ýaly aýtgydyr nakyllary döredipdir.

Il içinde göreş bilen baglanyşykly däp-dessurlaryň ençemesi döräpdir. Pälwanlaryň naharlanyşy-da dürli-dürli bolupdyr. Käbir pälwanlar göreşden birnäçe sagat öň çapadyny ýa-da gatlamany agarandyr gatyga ýanap naharlanypdyr. Käbirleri bolsa göreş tutuljak



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



güni irden birnäçe ýumurtga içmegi dogry bilipdir. Göreş tutmazyndan birnäçe sagat öňinçä, bir käse eredilen goýun ýagyny başyna çeken pälwanlar hem bolupdyr. Göreş tutýan pälwanlar özlerini elmydama seýisläp gezipdirler. Göreş başlamazyndan öň, abraýly ýaşuly göreşiň sag-aman tamamlanmagy üçin saglyk dogasyny okap, ak pata berýär. Hemme tomaşaçylar muňa goşulýar.

Türkmen toýlarynda göreş adaty açyk meýdanda çägäniň üstünde geçirilipdir. Göreş meýdançasynyň demirgazyk-gündogar tarapynda ýaşulular we eminler oturypdyr. Jarçy baýragy yglan eden wagty pälwanlar göreş meýdanyna çykyp, orta taşlanan guşagy alýarlar. Soňra bolsa garşydaşlar düzgünleri bozman, biri-biriniň guşagyny ykjam daňýar, şeýdibem tutluşyk başlanýar. Adatça, hormat-sylaga görä, ýaşkiçi pälwan ýaşuly pälwana ýüzlenip, «Gezek sizden!» diýýär. Garşydaşynyň hem özüne rugsat bermegi bilen ýaş pälwan maýyna garap ugraýar. Eger-de ýaşuly hiç zat diýmän emel ediberse, ýaş pälwan goranypdyr. Kähalatlarda halypa pälwanlar garşydaşy ýaş bolsa-da, onuň güýçlüdigine göz ýetirse, «Beriň şuňa baýragy!» diýip, çetleşmek bilen bolupdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Türkmen göreşiniň esasy emeli göterip ýykmak hasaplanylýar. Iki tarapyna «tegeläp», «burlup», «bil oýnadyp», haýsy-da bolsa bir tarapa dyzyna göterip ýykýan pälwanlar aýratyn hormatdan peýdalanypdyr. «Badak salmak» «göterme» emeliniň garşysyna ulanylýan emel hasaplanylýar. Muňa, köplenç, «çopan badagy» diýilýär. Türkmen göreşinde «çigme», «ilme», «sürüşme» esasy emeller hasaplanylýar. Emelde çyn pälwanlar öňe ýa-da yza agdaryp ýykyp bilseler, onda tomaşaçylaryň berekellasyny gazanypdyr. «Kakma», «silkme», «ýanbaşlama» ýaly emeller pälwanlaryň başarjaňlygy hasaplanýar. Bu emeller pälwanlardan çalasynlygy talap edipdir. Üstesine-de, ol garşydaşlaryndan, öňürtiläp emel edip ýetişmeli bolupdyr.

Geçmişde türkmen milli göreşiniň berk kadalary bolupdyr. Ýeňiş gazanmak arkany — «ýagyrnyny ýere degirmek» arkaly kesgitlenipdir. Olar uzak wagtlap çekeleşipdirler. Soň-soňlar bu ýagdaýyň aňsat däldigini göz öňünde tutup, dyzyň ýere degmegi bilen ýeňiş bermek düzgüni girizilýär.

Göreş emellerini kemsiz ýerine ýetirip, ýaşlara bu sungaty öwretmäge jan eden ussatlara halkymyz «süňk pälwan» diýýär. Halypa-şägirtlik gatnaşyklary türkmen göreşinde sada, ylalaşykly bolsa-da, «süňk pälwan» diýip derejelenen hakyky pälwana özüni pälwan saýan her bir adam şägirt bolup bilmändir (T. Hommyýew).

**Ýumuş**

1. Göreş bilen baglanyşykly dil birliklerini anyklaly.
2. «Ýykylan göreşden doýmaz» diýen nakylyň manysyny beýan edeli.
3. Özüňiziň gyzykýan sportuňyz barada pikir ýöretme ýazyň. Söz düzümleriniň baglanyşygyna üns beriň.

## Sözlemde sözleriň baglanyşygy

*Sözleriň baglanyşy*

*Garaşsyz baglanyşyk* — *Garaşly baglanyşyk*

### I. Garaşsyz baglanyşyk

Sözleriň deň hukukly baglanyşygyna garaşsyz baglanyşyk diýilýär. Meselem:
*Salam size, daýy, daýza, ini , agalar! Oglan-uşak, uly kiçi, eşidiň, how!Oçerk, hekaýa, powest – epik žanra degişli.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Gönükme.** Aşakdaky sözlemlerden garaşsyz baglanyşan sözleri tapyň we depderiňize göçüriň.

1. Aýlar bazardan witaminlere baý bolan alma, enar, üzüm aldy.
2. Bu gün bize Gurban, Döwran, Diýar geldi.
3. Eý, Hudaý! Gam-teşwişden, hapalykdan, ejizlikden, ýalkawlykdan, bahyllykdan, gorkaklykdan, bergidarlykdan we horlukdan halas et diýip Senden pena dileýärin! (*Hadys*).
4. Men Hywadaky, Samarkantdaky, Buharadaky gadymy ýadygärlikleri gördüm.

**Gönükme.** Özüňizden garaşsyz baglanyşyga degişli dört sany sözlem ýazyň.

## II. Garaşly baglanyşyk

Garaşly baglanyşykda bir söz ikinji söze garaşly bolup, garaşly söz esasy sözi aýyklap gelýär.
*Ak kepderi. Sagadyň dili. Meniň kitabym.*

| Garaşly baglanyşyk | | |
|---|---|---|
| Ylalaşma ýoly | Ýanaşma ýoly | Eýerme ýoly |

### 1. Ylalaşma ýoly arkaly baglanyşy

Garaşly sözüň esasy söz bilen san we ýöňkemede ylalaşmagyna ylalaşma ýoly arkaly baglanyşyk diýilýär.
Meselem:
*Men ir bilen geldim. Biz mekdepde ýaryş guradyk.*

**Gönükme.** Özüňizden garaşly baglanyşygyň ylalaşma ýoly bilen sözlem düzüň we depderiňize göçüriň.

### 2. Ýanaşma ýoly arkaly baglanyşy

Garaşly sözüň esasy söz bilen hiç hili söz üýtgediji goşulmasyz we kömekçi sözsüz diňe tertip taýyndan baglanyşyna ýanaşma ýoly arkaly baglanyşy diýilýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Gönükme.** Aşakdaky tekstden alnan bölegi okaň. Ýanaşma ýol bilen baglanyşýan sözleri tapyň.

Geçmişde türkmen milli göreşiniň berk kadalary bolupdyr. Ýeňiş gazanmak arkany — «ýagyrnyny ýere degirmek» arkaly kesgitlenipdir. Olar uzak wagtlap çekeleşipdirler. Soň-soňlar bu ýagdaýyň añsat däldigini göz öňünde tutup, dyzyň ýere degmegi bilen ýeňiş bermek düzgüni girizilýär.

Göreş emellerini kemsiz ýerine ýetirip, ýaşlara bu sungaty öwretmäge jan eden ussatlara halkymyz «süňk pälwan» diýýär. Halypa-şägirtlik gatnaşyklary türkmen göreşinde sada, ylalaşykly bolsa-da, «süňk pälwan» diýip derejelenen hakyky pälwana özüni pälwan saýan her bir adam şägirt bolup bilmändir.

**Gönükme.** Aşakdaky berlen sözleri ýanaşma baglanyşygynyň garaşly sözi edip, sözlem içinde getiriň we depderiňize göçüriň.

Birinji, beýik, bu, sada, gyzykly, asuda, täze, agzybir, arassa, ýedi, gök, mukaddes, dogry.

Nusga: Bu *mukaddes* toprak bizi ekleýär.

## 3. Eýerme ýoly arkaly baglanyşy

Garaşly sözüň ýöneliş, ýeňiş, wagt-orun, çykyş düşüm goşulmalaryny kabul edip, esasy söze eýermegi bilen ýüze çykýan baglanyşyk eýerme baglanyşygydyr.

**Gönükme.** Sözlemlerden sözleriň eýerme ýoly arkaly baglanyşyny tapyp, depderiňize göçüriň.

Il içinde göreş bilen baglanyşykly däp-dessurlaryň ençemesi döräpdir. Pälwanlaryň naharlanyşy-da dürli-dürli bolupdyr. Käbir pälwanlar göreşden birnäçe sagat öň çapadyny ýa-da gatlamany agarandyr gatyga ýanap naharlanypdyr. Käbirleri bolsa göreş tutuljak güni irden birnäçe ýumurtga içmegi dogry bilipdir. Göreş tutmazyndan birnäçe sagat öňinçä, bir käse eredilen goýun ýagyny başyna çeken pälwanlar hem bolupdyr. Göreş tutýan pälwanlar özlerini elmydama seýisläp gezipdirler. Göreş başlamazyndan öň, abraýly ýaşuly göreşiň sag-aman tamamlanmagy üçin saglyk dogasyny okap, ak pata berýär. Hemme tomaşaçylar muňa goşulýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




**Gaýtalamak üçin soraglar:**

1. Sözlemde sözleriň garaşsyz baglanyşyny düşündiriň.
2. Sölemde sözleriň garaşly baglanyşynyň haýsy ýollary bar?
3. Göreşiň peýdasy hakynda makala taýýarlaň?
4. Halkymyz näme üçin «süňk pälwan» diýýär?
5. Göreşde pälwanlara dogry iýmitlenmek mejburymy?
6. Göreşiji pälwanlara näme maslahat beren bolardyňyz?

## Sözlemde logiki basym

Sözlemde bir sözüň beýleki sözlere garanda has belent heňde aýdylmagyna logiki basym diýilýär.

## PAUZA

Pikiriň diňleýjä aýdyň we düşnükli ýetirilmegi üçin, sözleýişde gysgaça säginilýär. Sözlemde säginilmegi pauzadyr.

## INTONASIÝA

Sözlenýän wagty sözüň aýdylyş äheňi üýtgäp (kä pese düşüp, kä ýokary galyp) durýar.

Belli bir sözüň, söz düzmüniň ýa-da sözlemiň degişli, gerekli äheňde aýdylmagyna intonasiýa diýilýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Gönükme.** Pauzany, intonasiýany we logiki basymy dogry ulanyp okaň.

Türkmen toýlarynda göreş adaty açyk meýdanda çägäniň üstünde geçirilipdir. Göreş meýdançasynyň demirgazyk-gündogar tarapynda ýaşulular we eminler oturypdyr. Jarçy baýragy yglan eden wagty pälwanlar göreş meýdanyna çykyp, orta taşlanan guşagy alýarlar. Soňra bolsa garşydaşlar düzgünleri bozman, biri-biriniň guşagyny ykjam daňýar, şeýdibem tutluşyk başlanýar. Adatça, hormat-sylaga görä, ýaşkiçi pälwan ýaşuly pälwana ýüzlenip, «Gezek sizden!» diýýär. Garşydaşynyň hem özüne rugsat bermegi bilen ýaş pälwan maýyna garap ugraýar. Eger-de ýaşuly hiç zat diýmän emel ediberse, ýaş pälwan goranypdyr. Kähalatlarda halypa pälwanlar garşydaşy ýaş bolsa-da, onuň güýçlüdigine göz ýetirse, «Beriň şuňa baýragy!» diýip, çetleşmek bilen bolupdyr.

**Gönükme.** Pauzanyň we intonasiýanyň hyzmatyndan peýdalanyp okaň. Nokatlar we sorag belgisi goýlan sözleri orfografik kada boýunça ýazyň.

Tagam iýmegiň ýeke bir edebi: köpç..lik bol..p, bir maşgala bol..p bir tabakdan nahar iý(?)lende, her kim öz öňünden iýmeli, gök





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

miwe ön..mleri iý(?)lende, saýlap iýseň hem hakyň bar. Maşgalada kim ýaşuly bolsa, şol tagama el urmazdan, beýlekiler el urmakdan saklanmaly. Tagam iýeniňde, biraz doýman goýmaly, bir nätanyş myhman bolsa, tagama ilki öý eýesi el uzatmaly, goýanda-da soň goýmaly. Ondan soň myhmanyň gol..ny ýuwd..rmaly sag eliň bilen bokurdagyndan tut..p, çep eliň bilen jüründiginden tutsaň, myhman: «Edeplije çaga ekeni öm(?)ri uzak bolsun» diýip alkyş eder (*Gazetden*.)

**Gönükme.** Pauzany we intonasiýany dogry ulanyp, labyzly okaň.

Agyr derde uçrasaň, derman tapsam özgeden,
Hem özgäniň kyn günde penakäri bolsam, bes!
Gözellikden göz doýmaz, ilim-günüm gözellik,
Il-gün üçin ýüregim setirlerme salsam, bes!
Nirde bolsam parhy ýok, jyda düşsem ömürden,
Watan sarpasyn saklap, Watan-diýip ölsem, bes!

*A. Mämmedow. «Gazallar».*

**Sözlemde sözleriň tertibi. Inwersiýa**

Sözlemde bir sözi nygtamak ýa-da joşguny aňlatmak zerurlygy ýüze çykanda, sözlemde sözleriň orun taýdan ýerleşiş tertibi üýtgeýär.

Sözlemde sözleriň ýerleşiş tertibiniň üýtgemegine inwersiýa diýilýär.

Bu ýagdaý, esasan, gepleşikde, sorag, ýüzlenme sözlemlerinde, poeziýa eserlerinde duşýar.

**Gönükme.** Okaň, sözlem agzalarynyň geliş tertibiniň üýtgedilmeginiň – inwersiýanyň sebäbini düşündiriň. Şygryň sözlem gurluşyndaky aýratynlyklary aýdyp beriň.

Entek sadalykdan zyýan çeken ýok,
Sada bolsun ogulyňyz, gyzyňyz.
Geçsin ýazlaryňyz hereket bilen,
Bereketli gelsin tylla güýzüňiz.

Törüňizde hemişelik gurnalan,
Ýumşak sallançagyň ýatmasyn bady.
Saçagňyzda çörek, duz haltada duz,
Sönmesin ojakda ojaryň ody.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Duluňyzdan gelin baksyn Aý bolup,
Tüýnügňizden gelin bolup Aý baksyn.
Ýaman niýet bilen işikden giren –
Ýagşy niýet bilen işikden çyksyn.

*G. Ezizow*

**Gönükme.** Göçüriň. Sözlemleriň eýesini we habaryny tapyň.

Han küýli gelýänçä Hojamberdi böwediň üstünde gögeripdir. Han gelip, gulaklaryň beklär ýalysyny bekläp, giňelder ýalysyny giňeltdi. Böwedi we ýapdan suwuň agaýjak ýerlerini gözden geçirdi. Soň ýene durup bilmän, bugdaýlaryň pelleri dolupmy, dolmanmy aýlanmaga gitdi. Ep-esli wagt geçenden soň, daň atdy. Ýagyş diňdi. Bulutlar syrylyp, howa açyldy. Gün ýalpyldap dogdy (*A Durdyýew. «Saýlanan eserler»*).

**Gönükme.** Sözlemde sözleriň ýerleşiş tertibini üýtgetmän özüňizden alty sany habar sözlemini düzüň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Sözlem näme?
2. Sözlem aýdylyşy (intonasiýasy) we pikir aňladyşy taýyndan haýsy toparlara bölünýär?
3. Ýönekeý sözlem näme, goşma sözlem näme?
4. Sözleýişde pauzany, intonasiýanyň hyzmatyny, onuň ýazuwda bellenişini düşündiriň.
5. Logiki basymyň hyzmatyny aýdyň.
6. Sözlemde sözleriň ýerleşiş tertibiniň üýtgemegine näme diýilýär.

## BILIMIŇIZI BARLAŇ

1. Sözlemler aýdylyşlary, pikir aňladyşlary taýyndan näçe topara bölünýärler?
A. 2
B. 3
C. 4
D. 5

2. Bir zady başga birine habar bermek üçin ulanylýan sözleme nähili sözlem diýilýär?
A. Sorag-ýüzlenme sözlemi
B. Ýüzlenme sözlemi
C. Sorag sözlemi
D. Habar sözlemi

3. Sözlemde bir sözüň beýleki sözlere garanda has belent heňde aýdylmagyna näme diýilýär?
A. Basym
B. Logiki basym
C. Bogun
D. Inwersiýa

4. Belli bir sözüň, söz düzmüniň ýa-da sözlemiň degişli, gerekli äheňde aýdylmagyna näme diýilýär?
A. Inwersiýa
B. Logiki basym
C. Pauza
D. Intonasiýa

5. Sözlemde sözleriň ýerleşiş tertibiniň üýtgemegine näme diýilýär?
A. Inwersiýa
B. Logiki basym



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

C. Pauza
D. Intonasiýa

6. Garaşly baglanyşykda garaşly sözler esasy sözlere näçe ýol arkaly baglanyşýarlar?
A. 1
B. 2
C. 3
D. 4

7. Garaşly sözüň esasy söz bilen san we ýöňkemede ylalaşmagyna nähili ýol arkaly baglanyş diýilýär?
A. Garaşsyz baglanyşyk arkaly
B. Ýanaşma ýoly arkaly
C. Eýerme ýoly arkaly
D. Ylalaşma ýoly arkaly

8. Sözlemler gurluşy boýunça näçe topara bölünýär?
A. 2
B. 3
C. 4
D. 5

9. Garaşly sözüň esasy söz bilen hiç hili söz üýtgediji goşulmasyz we kömekçi sözsüz diňe tertip taýyndan baglanyşyna nähili ýol arkaly baglanyş diýilýär?
A. Garaşsyz baglanyşyk arkaly
B. Ýanaşma ýoly arkaly
C. Eýerme ýoly arkaly
D. Ylalaşma ýoly arkaly

10. Garaşly sözüň esasy söze eýermegi bilen ýüze çykan baglanyşyga nähili ýoly arkaly baglanyş diýilýär?
A. Garaşsyz baglanyşyk arkaly
B. Ýanaşma ýoly arkaly
C. Eýerme ýoly arkaly
D. Ylalaşma ýoly arkaly



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# IV bölüm

# KESBIM – GUWANJYM

- GELEJEK HÜNÄRLERI
- WETERINAR



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# GELEJEK HÜNÄRLERI

**Soraglara jogap beriň.**

1. Sen nähili hünär saýlamagy isleýärsiň?
2. Gyzyklanyp gördüňmi, seniň saýlajak hünäriň durmuşda nähili orun tutýar? Oňa zerurlyk barmy?
3. «XXI asyr-ylym we tehnologiýalar asyry» diýilýär. Sebäbi nämede diýip oýlaýaň?

**Aşakdaky hünärler barada näme bilýärsiňiz? Bilýän maglumatlaryňyzy aýdyp beriň.**

| | |
|---|---|
| Inžener-tehnolog hünärmeni | IT hünärmeni |
| Nanotexnologiýalar hünärmeni | Ekolog hünärmeni |

## Sözlem agzalary

Sözlemi emele getirmäge, düzmäge gatnaşýan sözlere sözlem agzalary diýilýär.
Sözlem agzalary hem, sintaktik taýdan ýerine ýetirýän hyzmatlaryna görä baş we aýyklaýjy agzalar diýen iki topara bölünýärler.

**Teksti okaň, Soraglara jogap beriň.**

## GELEJEGIŇ ARZYLY HÜNÄRLERI

Tehnologiýanyň ýokary depginde ösmegi adam zähmeti bilen ýerine ýetirilýän işleriň sanyny azaldýar. Seýle ösüşiň dowam etmegi bilen ýene-de birnäçe ýyldan käbir hünärler ähmiýetini ýitirer, käbir hünärlere bolsa isleg artar. Seýle-de, täze hünärler peýda bolar. Bilermenler häzirki wagtdaky işleriň üçden iki böleginiň geljek on ýylyň dowamynda emeli aňly tehnologiýalar tarapyndan ýerine ýetiriljekdigini mälim edýärler. Sol sebäpli awtomatlaşdyrylan we maglumat talap edýän hünärleriň ähmiýetiniň artmagyna garaşylýar. Emeli aň tehnologiýasy bank-maliýe, dokmaçylyk, bölek söwda ýaly pudaklarda has köp ulanylar. Bu pudaklarda zähmet çekjek hünärmenler ma-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



tematika, programma üpjünçiligi, maglumat tehnologiýasy ýaly ugurlardan gowy baş çykarmaly bolar. Angliýanyň Oksford uniwersitetiniň bilermenleri geljekde haýsy hünärleriň arzyly boljakdygy barada maglumat taýýarlady. Maglumatlara görä, geljek on ýylyň dowamynda köp isi ýerine ýeturmek örän añsat bolar. Ylmy-populýar filmlerde gabat gelýän birnäçe hünärler ýakyn geljekde durmuşda hakykata öwrüler.

Häzirki wagtda, esasan, senagat önümçiligine robotlaşdyrylan tehnologiýalar giňden ulanylýar. Köp zawodda önümçilik konweýeriniň ýanynda işçiniň ornuna roboty ýa-da işçiniň haýsydyr bir enjam bilen işini aňsatlyk bilen ýerine ýetirýändigini görmek bolýar. Awtomatlaşdyrylan enjamlary awtoulag senagatynda has köp görmek bolýar.

Käbir iri şäherlerdäki myhmanhanadyr restoranlarda robotlar müşderileriň sowallaryna jogap berýär. Hatda myhmanhanada müşderiniň el goşuny daşamaga ýardam edýän robotlary hem görmek bolýar. Bu ýagdaý diňe adam zähmetini ýeňilleşdirmän, eýsem, kärhanalaryň çykdajylaryny hem azaldýar. Ýokarda berlen mysallardaky işleri ýola goýmak, kompýuter we mobil programmalaryny işläp taýýarlaýan hünärmenleriň paýyna düşýär. Sonuň üçinem programma düzüji hünärmenlere dürli pudaklarda zerurlyk duýuljakdygy aýdylýar. Müşderileriň we edara-kärhanalaryň artýan islegi bu programmalary yzygiderli täzelemäge zerurlyk döreder.

Häzirki wagtda sanly ulgam adalgasy has köp eşidilýär. Dünýäde emele gelen çylsyrymly ýagdaýlar bolsa sanly tehnologiýanyň näderejede ähmiýetlidigini aýan etdi. Bu döwürde kompaniýalar sanly ulgam arkaly nähili işleri ýerine ýetirip boljakdygyny iş ýüzünde gördüler. Bu bolsa, sanly ulgamdaky infrastrukturanyň ösdürilmegine itergi berdi. Şeýle hem bu ýagdaý onlaýn maslahatlaryň geçirilmegine, söwdalaryň bu usul arkaly ýerine ýetirilmegine getirdi. Geljekde



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

sanly ulgam boýunça marketing hünärmenlerine zerurlygyň artmagyna garaşylýar.

1. Ylmyň we tehlikanyň ösmegi biziň durmuşymyza nähili täsir edip biler?
2. Gelejekde nähili hünärlere isleg artar?
3. Haýsy pudaklarda täze tehnologiýanyň gazananlaryny durmuşa geçirmek islegi artar?
4. Siz bu maglumatlary okap, gelejek hünärleri barada nähili pikire geldiňiz?
5. Gelejekde zerur hasaplanýan hünärleri eýelemek üçin haýsy ugurlary ökde bilmeli?

**Gönükme.** Teksti okaň. Aýratynlandyrylan sözleriň sözlemiň haýsy agzasyna degişlidigini anyklaň we olaryň hyzmatyny düşündiriň.




**Ýaşlar** mekdep döwründen «**Men** geljekde nähili adam bolup **ýetişmeli**? Haýsy hünäri başararyn?» diýen ýaly sowallara **jogap gözlemeli.** Eger mekdepde öwredilýän bilimleri, hünärleri yzygiderli özleşdiren bolsa, oňa hünär saýlamak kyn düşmez. «Ýigide müň dürli **hünär** hem **azdyr**» diýlişi ýaly, durmuşda peýdasy degäýjek hünärleri öwrenseňiz, soň durmuşda olaryň size zyýany degmez. Meselem, oglanlar elektrik enjamlaryny bejermek, gurluşyk, bejeriş işlerinden baş çykarmak, ulag sürmäni öwrenmek, kompýuterde işlemek, ekin ekmek, zergärçilik, gyzlar tikin işleri, haly, tara dokamak, saçak bezemek ýaly hünärleri mekdep ýyllaryndan öwrenmeli. «Hünärli ýigit hor bolmaz» diýlişi ýaly, nirede bolsaňyz-da, **hünär** sizi goldar, **hor etmez.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Sözlemiň baş agzalary

Eýe bilen habar sözlemiň baş agzalarydyr. Baş agzalar sözlemde baş pikiri aňladýarlar we sözlemiň grammatik özeni (esasy) bolup hyzmat edýärler.

Sözlemiň baş agzalary sözlemde ýerine ýetirýän sintaktik hyzmatlaryna görä, eýe we habar diýen iki topara bölünýärler.

Myhman atańdan uly (Kim atańdan uly? – Myhman).

Ol kän sözlegiç däldi (Ç. Aşyrow).

Biziň üçin sen bir äpet gaýadyň (M. Seýidow).

*SÖZLEMIŇ BAŞ AGZALARY*

*EÝE* | *HABAR*

**Gönükme.** Teksti okaly, mazmunyna üns bereli. «Kutadgu Bilig» eseriniň terbiýeçilik ähmiýetine düşünmäge çalşaly. Sözlemiň baş we aýyklaýjy agzalaryny tapmaga synanyşaly.



Ýusup Has Hajyp öz döwrüniň görnükli alymlarynyň biri bolmak bilen, ol hytaý, hindi we musulman pelsepe ýörelgelerinden gowy baş çykarypdyr. «Kutadgu Bilig» şol döwrüň goňşy edebiýatlarynyň nusgalaryny hem şöhlelendirýär. Eserde ahlak we syýasat ulgamy, esasan, dört ýörelgä esaslanýar: bilim, hereket, adalat, hökümdarlyk. Ýusup Balasagunlynyň eserinde duş gelinýän ilkinji ýörelge bilimdir. «Kutadgu Bilig» eserinde jemgyýet we syýasat bilen baglanyşykly ahlak kadalarda ýa-da şahsyýetler bilen baglanyşykly ahlak düşünjelerde bilimiň orny düşündirilýär.

Ýusup Balasagunly «Kutadgu Bilig» eserinde: «Bilim, iň belent paýhasdyr, oňa baha kesip bolmaz, bilim adamzadyň iň ýokary derejesi we güýjüdir, bilim akyl bilen öwrenilýär» diýen garaýyşlary öňe sürüpdir. «Dil Taňrynyň adamzada bagyş edeniň gymmatly sowgadydyr, her bir ynsan dili gowy ulanmagy başarmalydyr, bilimiň daýanjy dildir, adam dünýeden ötse-de, sözi galar» diýen pikirler eseriň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Söz ussadynyň nygtaýşy ýaly, ýagşylyk, ynsanperwerlik iň belent mertebedir. Muňa ýagşylyk etmek, günäsini ötmek, beren sözüňi tutmak ýaly zatlar girýär. Adamyň



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

eden ýagşylygy mydamalyk ýatda galýar. Ýusup Balasagunly bilimi ähli zatdan ýokary tutýar. Ol adamlaryň aýratynlygyny bilim bilen baglanyşdyrýar. «Bilim al, adam bol, mertebäňi beýgelt!» diýip nygtaýar. Ýusup Has Hajyp eserinde: «Bilimiň saýasynda dünýäde erbetlikler azalar» diýip nygtaýar.

«Kutadgu Bilig» eseriniň ýazylmagynyň esasy maksady, XI asyrdaky ahlak, syýasat we döwlet dolandyryşyndaky dowam edip gelýän umumy garaýyşlary we pikirleri bir kitapda jemläp, olary özünden soňky nesillere ýetirmekden ybaratdyr.

Umuman, Ýusup Has Hajyp Balasagunlynyň «Kutadgu Bilig» atly eseri edebi-çeperçilik, many-mazmun taýdan uly ähmiýete eýe bolup, döredilen wagtyndan bäri ençeme ýüzýyllyklaryň geçendigine garamazdan, adamzadyň durmuş ýoluna nur saçyp gelýär *(N. Balyşowa)*

**Gönükme.** Okaň. Sözlemleriň baş agzalaryny anyklaň.

Käbir iri şäherlerdäki myhmanhanadyr restoranlarda robotlar müşderileriň sowallaryna jogap berýär. Hatda myhmanhanada müşderiniň el goşuny daşamaga ýardam edýän robotlary hem görmek bolýar. Bu ýagdaý diňe adam zähmetini ýeňilleşdirmän, eýsem, kärhanalaryň çykdajylaryny hem azaldýar. Ýokarda berlen mysallardaky işleri ýola goýmak, kompýuter we mobil programmalaryny işläp taýýarlaýan hünärmenleriň paýyna düşýär. Sonuň üçinem programma düzüji hünärmenlere dürli pudaklarda zerurlyk duýuljakdygy aýdylýar. Müşderileriň we edara-kärhanalaryň artýan islegi bu programmalary yzygiderli täzelemäge zerurlyk döreder.






*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Häzirki wagtda sanly ulgam adalgasy has köp eşidilýär. Dünýäde emele gelen çylsyrymly ýagdaýlar bolsa sanly tehnologiýanyň näderejede ähmiýetlidigini aýan etdi. Bu döwürde kompaniýalar sanly ulgam arkaly nähili işleri ýerine ýetirip boljakdygyny iş ýüzünde gördüler. Bu bolsa, sanly ulgamdaky infrastrukturanyň ösdürilmegine itergi berdi. Şeýle hem bu ýagdaý onlaýn maslahatlaryň geçirilmegine, söwdalaryň bu usul arkaly ýerine ýetirilmegine getirdi. Geljekde sanly ulgam boýunça marketing hünärmenlerine zerurlygyň artmagyna garaşylýar.

**Gönükme.** Özüňizden bäş-alty sany sözlem düzüň we baş agzalaryny tapyp, aşagyny çyzyň.

**Teksti okaň.** Aýratynlandyrylyp ýazylan sözlemleriň eýesini tapyň.

## HÜNÄRIM BAR — HORMATYM BAR

Adamzat nesli dowam etjek bolsa, keseliň-de, sowatsyzlygyň- da garşysyna göreşäýmeli. **Tebip kömek sorap gelen hassany jynsyna, ýaşyna, milletine garamazdan bejermeli.** Hatda duşmany bolsa-da, oňa em etmeli. Mugallym hem şägirdiniň kimdigine garamazdan, oňa ak ýürekden sowat, terbiýe bermeli. Dünýäde şol iki käriň eýeleri bilen iş salyşmaýan adam ýok bolsa gerek. **Adam dogan gününden başlap, tä bakyýa göçýänçä, günde-günaşa olar bilen ýüzbe-ýüz bolup durýar.** Olaryň maslahatyna, kömegine mätäç bolýar. Şahyr





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

mugallymy bagban bilen deňeşdirýär. Bagban öz eken nahalynyň kök alşyna, ösüşine, ýapraklaýşyna syn edip begenişi ýaly, mugallymda öz okuwçysynyň her bir üstünligine, aň-düşünjesine, edep-ekramyna, durmuşda öz ornuny tapyp, ata-enesine, obasyna, mekdebine getirýän abraýyna guwanýar, **Elbetde, mugallymçylyk işi gaty kyn, jogapkärli iş, irginsiz zähmeti talap edýän iş.** Şol agyr zähmet olaryň saglyklaryna-da, daşky görnüşlerine-de täsir edýär. Göreçleri kütelýär, saçlary wagtyndan ir agarýar. Synçy adamlar uly märekäniň arasyndan mugallymy onuň daşky keşbinden tanap bilse gerek. Emma ýolda-yzda, köpçülikde «Salam, hormatly mugallym!» diýip mähir, uly sarpa, hormat bilen ýüzlenilen söz onuň ähli çeken azabynyň, kynçylygynyň öwezini dolýar. **Biz bu ýerde diňe bir mugallymçylyk käri barada söhet açdyk.** Ýöne her bir hünäriň-de mugallymçylyk käri ýaly zerurlygy, ähmiýeti bardyr. Halk arasynda aýdylýan «Hünär adamy däl-de, adam hünäri bezeýär » diýen aýtga laýyklykda islendik hünärde işläniňde, edýän işiňe hormat goýmaly, ony kämilleşdirmeli, halal zähmetiň bilen abraý almaga çalyşmaly. Ana, şonda adam hünäri bezäp biler. Gazanjyň halal bolman, galplyk bilen gazanylan bolsa, irde-giçde onuň üsti açylar we paş bolar.

**Gönükme.** Aşakdakylarylary sözlemiň eýesi edip özüňizden sözlem düzüň. Olaryň sada ýa-da goşma eýelerdigini düşündiriň.

*Mugallymçylyk käri*

*«Dünýä edebiýaty» žurnaly.*

*Lukman*

*Mugallym*

*Multimedia tagtasy*

*«Mekan» gazeti*

**Ýumuş**

Suratlara syn ediň. Bular kim? Kespleriň atlaryny ýazyň. Olar barada gürrüň beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE















*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Okaň.**
Sada eýeleri anyklaň, olaryň haýsy söz toparlaryndandygyny aýdyp beriň.

Malsyzlykdan garyp bolsaň hem, akyldan baý bolmaga jan et. Sebäbi, mal bilen baý bolandan, akyl bilen baý bolan ýagşydyr. Akyl bilen mal toplap bolar, emma mal bilen akyl toplap bolmaz. Akmak ýigit tiz garyp düşer, bilgin, akyl bahasyna ýetip bolmajak zatdyr. Ony ogry hem alyp gidip bilmez. Ol otda-da ýanmaz, suwda-da akmaz.

Eger akylyň bolsa, hünär öwren. Bilim akylyň göwheridir, görküdir («Kowusnama» eserinden).

**Okaň.**
Rowaýaty okaň we manysyna üns beriň. Waka näme hakda gidýär? Tekstdäki köp nokatlaryň ýerine galdyrylan sözi dogry goýuň we **düşüm**, **ýöňkeme**, **san goşulmalarynyň** goşulyşyna we ýazuw düzgünine üns beriň.

Bir adam bütin ömründe gazanan ............uny ýaglyga düwüp, ýanyna alypdyr-da, jahankeşdelige rowana bolupdyr. Ol pyýada, ulagly uzak ýoly geçipdir. Bir gün deňizde barýarka, ýaglyga dolangy ............y deňizçileriň güýmenje üçin ýanyna alan maýmyny göterip, gäminiň bogaldagynyň üstüne çykypdyr. Syýahatçy onuň yzyndan kowalapdyr, emma bogaldagyň ýokarsyna çykyp bilmändir we töweregindäkilerden kömek sorapdyr. Emma hiç kim oňa alaç tapmandyr. Şol wagt gäminiň eýesi gelipdirde, bolýan wakany dykgat bilen synlamaga başlapdyr. Ol öz maýmynynyň häsiýetine belet bolansoň, bu ýerde bir hikmetiň bardygyny aňypdyr. Maýmyn bolsa bogaldagyň ýokarsynda ynjalykly oturypdyrda, ...........ly ýaglygy açyp, onuň içindäki ..............laryň käbirini ýeke-ýekeden suwa taşlap başlapdyr. ...........uň eýesi has-da elewräp, gäminiň eýesine ýalbarmaga başlapdyr. Maýmyn bolsa ...........uň galan bölegini ýaglygy bilen jahankeşdäniň öňüne taşlapdyr. Ol ...........y sanap görse, üçden biri galypdyr. Ony synlap duran gäminiň eýesi ondan näme kär edýändigini sorapdyr. Jahankeşde özüniň birki sany sygyr saklaýandygyny we şol sygyrlaryň süýdüni satyp, güzeranyny dolaýandygyny aýdypdyr. Gäminiň eýesi bu ýerde nämäniň bolýandygyna düşünipdir we şeýle diýpdir: «Satýan süýdüňe suw goşupsyň. Onuň üçden biri suw eken. Maýmynyň suwa taşlan .........lary süýde goşulan suwdan gelen ........lar bolmaly. Dünýede hasapsyz zat ýok, suwdan gelen gazanç suwada gitdi».

**Gönükme.** Aşakdaky sözlemleriň eýasini tapyň. Haýsy sözlemiň eýesi sada eýe, haýsynyňky goşma eýedigini anyklaň. Olar haýsy söz toparlaryndan hasyl bolupdyr?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1. Puluň eýesi has-da elewräp, gäminiň eýesine ýalbarmaga başlapdyr.

2. Syýahatçy onuň yzyndan kowalapdyr, emma bogaldagyň ýokarsyna çykyp bilmändir we töweregindäkilerden kömek sorapdyr.

3. Gäminiň eýesi bu ýerde nämäniň bolýandygyna düşünipdir we şeýle diýipdir.

4. Ol öz maýmynynyň häsiýetine belet bolansoň, bu ýerde bir hikmetiň bardygyny aňypdyr.

## WETERINAR

**Suratlara seredip krasswordy çözüň.**



**Soraglara jogap beriň.**

1. Siz hojalygyňyzda nähili haýwanlary saklaýarsyňyz?
2. Seniň iň gowy görýän öý haýwanyň haýsy?
3. Egerde seniň gowy görýän atyň kesellese haýsy lukmana ýüz tutmaly?
4. Haýwanlara bejergi edýän lukman nähili atlandyrylýar?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## WETERINAR

Her ýylyň aprel aýynyň soňky şenbesi Weterinariýa güni hökmünde bellenilýär. Uludan bellenilip geçilýär. «Weterinar» sözi latyn dilinden terjime edilende «Haýwanlary bejermek» ýa-da «Haýwanlary kesellerden halas etmek» diýmegi aňladýar. Weterinar lukmanlarynyň güni Bütindünýä Weterinar **Asossiýasiýasy** tarapyndan 2000-nji ýylda esaslandyryldy. Bu baýram weterinariýa işiniň dürli aspektlerini özünde jemleýän ugurlaryň baýramçylygydyr. Weterinariýa endikleri has ir ýüze çykypdyr. Bu endikleriň ýüze çykan wagty ilkinji gezek adamlar öý şertlerinde haýwanlary eldekileşdirip başlan wagtyna gabat gelýär. Weterinariýa taryhynyň dörän ýeri Fransiýa hasaplanýar. Ilkinji gezek XVIII asyrda Fransiýanyň Lion şäherinde haýwanlary bejerýän mekdep açyldy.

Weterinariýa ýa-da ýönekeý weterinariýa haýwan keselleriniň, şikesleriniň we näsazlyklaryň öňüni almak, keselini anyklamak we bejermek bilen meşgullanýar. Bu ugruň öňünde goýýan esasy maksady haýwanlaryň saglygyny, hal ýagdaýyny gowulaşdyrmakdan ybaratdyr. Weterinariýa bilen meşgullanýan adamlar diňe bir dürli haýwanlarda bejergi geçirmek bilen çäklenmän, eýsem haýwanlaryň ýaýradýan dürli ýokançlaryndan adamlary goramaga gönükdirlen dürli çäreleri işläp düzýärler we durmuşa geçirýärler. Başga-da weterinariýa lukmançylygy bilen baglanyşykly adamlar tebigaty yzygiderli goraýarlar we sanitariýa, weterinariýa standartlarynyň berjaý edilişine gözegçilik





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

edýärler. Elbetde dürli haýwanlary we guşlary bejerýän weterinarlar olardan minnetdarlyk sözüne garaşmaýar, şeýle-de bolsa käbir haýwanlar öz halasgärleri üçin adamlara garanyňda kiçi bolmadyk minnetdarlygyny duýduryar. Häzirki wagtda weterinar lukmanlar weterinariýalarda, weterinariýa stansiýalarynda, haýwanat baglarynda, oba hojalyk kärhanalarynda, umuman haýwanlara lukmançylyk kömeginiň gerek ýerlerinde işleýärler.

**Soraglara jogap beriň.**

1. Weterinar sözi nähili many aňladýar?
2. Weterinariýa güni haçan bellenilýär?
3. Bu lukmançylyk ilki nirede döräpdir?
4. Weterinar diňe haýwanlara seredýärmi?

## EÝE

Sözlemde özi dogrusynda sözlenip, kim?, näme?, nire?, näçe? diýen soraglara jogap bolýan we habar tarapyndan aýyklanýan söze eýe diýilýär.

**Surata syn ediň.** Surat esasynda gysgajyk hekeýa ýazyň. Ýazan hekaýaňyzda ulanan baş agzalaryňyza üns beriň. Olar haýsy söz toparlaryndan emele gelipdir?





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Tekstden alnan bölegi göçüriň. Sözlemleriň habaryna sorag berip, eýesini anyklaň, olaryň aşagyny çyzyň.**

Her ýylyň aprel aýynyň soňky şenbesi Weterinariýa güni hökmünde bellenilýär, uludan bellenilip geçilýär. «Weterinar» sözi latyn dilinden terjime edilende «Haýwanlary bejermek» ýa-da «Haýwanlary kesellerden halas etmek» diýmegi aňladýar. Weterinar lukmanlarynyň güni Bütindünýä Weterinar **Asossiýasiýasy** tarapyndan 2000-nji ýylda esaslandyryldy. Bu baýram weterinariýa işiniň dürli aspektlerini özünde jemleýän ugurlaryň baýramçylygydyr. Weterinariýa endikleri has ir ýüze çykypdyr. Bu endikleriň ýüze çykan wagty ilkinji gezek adamlar öý şertlerinde haýwanlary eldekileşdirip başlan wagtyna gabat gelýär. Weterinariýa taryhynyň dörän ýeri Fransiýa hasaplanýar. Ilkinji gezek XVIII asyrda Fransiýanyň Lion şäherinde haýwanlary bejerýän mekdep açyldy.

## SADA WE GOŞMA EÝE

Bir sözden ybarat bolan eýä sada eýe diýilýär. Meselem:

*Adamlar oňa geň galdy. Matematika – bu örän gyzykly ylym.*

Bu ýokardaky sözlemlerde *adamlar, matematika* sözleri bir sözden ybarat bolany sebäpli, olar sada eýedir.

Birden köp sözden emele gelen eýä goşma *eýe* diýilýär.

Goşma eýäni hasyl edýän sözler iki ýa-da üç sözden ybarat bolsalar-da, olaryň hemmesi bir soraga jogap bolýarlar.

Meselem:

*Türkmen halky myhmansöýer halkdyr.*

**Teksti okaň sada we goşma eýeleri görkeziň, olaryň haýsy söz toparlaryndan ýasalandygyny aýdyň.**

Türkmen edebiýatynyň taryhynda bedewleriň çeper keşbi nusgalyk derejesine ýetirilipdir. Onuň şeýledigine türkmen edebiýatynda waspy ýetirilýän Isgender Zülkarneýniň aty – Busefalyň, Rüstem Zalyň aty Rahsyň, Muhammet pygamberi Magraja aşyran aty Byragyň, Hezreti Alynyň Düldüliniň, Göroglynyň Gyratynyň, Magrupynyň «Ýusup-Ahmet» dessanyndaky Ýusup begiň aty, Magrupynyň «Döwletýar» dessanyndaky Dōwletýaryň aty – Serhoşuň, Şabendäniň «Gül-Bilbil» dessanyndaky Bilbiliň aty – Ýyldyrymyň, Zeliliniň Ýel atly atynyň atlaryny ýatlamak ýeterlikdir.

Gündogar ýurtlarynda Isgender Zülkarneýn ady bilen tanalýan meşhur taryhy şahsyýet -Aleksandr Makedonly miladydan öňki 356-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



323-nji ýyllarda ýaşap geçipdir. Ömrüniň köp bölegini at üstünde geçiren bu şahsyýetiň hemişelik wepadar hemrasy Busefal atly aty bolupdyr, Taryhy edebiýatlarda bu atyň ahal-teke bedewlerinden bolandygy barada beýan edilýär. Isgender Zülkarneýn Hindistana yöriş eden wagty Busefal söweşlerin birinde agyr ýaralanypdyr we wepat bolupdyr. Isgender Zülkarneýn söýgüli atyny adam ýaly depin edip, onuň hormatyna ýadygärlik dikdirip, şäher gurdurypdyr. Isgender Zülkarneýniň Busefal atly aty barada Alyşir Nowaýynyň, Nyza- my Genjewinin, Abdyrahman Jamynyň eserlerinde beýan edilipdir.

Rüstem Zalyň Rahş atly atyny Abulkasym Ferdöwsi «Şanama» kitabynda wasp edipdir. Rüstem Zalyň hemişelik hemrasy bolan Rahş eýesi bilen birnäçe söweşleri başdan geçiripdir, köp söweşlerde ýeňiş gazanypdyr. «Şanamanyň» Rüstem Zala bagyşlanan bölümlerinde Rahşyň öz eýesiniň söweşjeň ýoldaşy, uçar ganaty bolandygy barada aşakdaky mysallarda çeper suratlandyrylýar:

Atyna atlanyp, uçdy-da gitdi,
Dag-dereden ýel dek geçdi-de gitdi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Eýäniň dürli söz toparlaryndan bolşy

**Sözlemiň eýesi aşakdaky söz toparlaryndan bolup bilýär:**

1. Atlardan: ***Beki** degişmäni gowy görýärdi (H. Diwangulyýew «Çuwal bagşy»).*

2. Sanlardan: ***On bäşimiz** hem dogan ýaly bolduk.*

3. Çalyşmalarda: ***Olar** ony meýdanyň ortasyna eltip goýberdiler. **Kim** surata düşjek?*

4. Işligiň nämälim şekilinden: ***Okamak** örän peýdalydy zat.*

5. Ortak işliklerden: ***Gezen*** – derýa, ***oturan*** gümra. (Nakyl). ***Giden*** getirer, ***oturan*** nyrh sorar. (Nakyl).

6. Iş atlaryndan: Onuň goşgyny labyzly ***okaýşy*** hemmeleriň göwnünden turdy.

7. At deregine gelen sypatlardan: ***Ylymly*** – zor, ylymsyz – hor (Nakyl).

8. At deregine işligiň hökmanlyk şekilinden: ***Sylaglanmalylar*** öňe çykdylar.

9. At deregine gelen ümlüklerden: Syrkawyň ***ah-wahy*** artyp ugrady.

**Gönükme.** Aşakdaky nakyllary göçürip, atlardan bolan eýeleriň aşagyny çyzyň.

At yzyna taý basar, geçi yzyna koý basar.
Awçy görmese it görer, it görmese at görer.
At ýüwrügin tilki söýmez, gamly kişi gülki söýmez.
At aýlanyp, gazygyny tapar, suw aýlanyp-ýarygyny.
At ýortuşda belli, gurt-ýyrtyşda, är göreşde, batyr-söweşde.
Seýis görmedik bedew ýolda çamanlyk tapar.
Taý ýetişse, at dynar, ogul ýetişse-ata.
Guşuň ganaty bolsa, goç ýigidiň aty bar.

**Gönükme.** Eýäni dürli söz toparlaryndan getirip, özüňizden bäş-alty sany sözlem düzüň we göçüriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Eýäniň sintaktik derňew edilişi:

I. Sozlemden eýäni tapmak
II. Eýäniň gurluşy:
1) sada eýe;
2) goşma eýe.
III. Eýäniň haýsy söz toparlaryndan ýasalandygyny ýüze çykarmak.
IV. Eýäniň sözlemdäki hyzmaty.

## BILIMIŇIZI BARLAŇ

1. Sözlemde özi dogrusynda sözlenip, kim?, näme?, nire?, näçe? diýen soraglara jogap bolýan we habar tarapyndan aýyklanýan söze näme diýilýär?

A. Eýe
B. Habar
C. Aýyklaýjy agza
D. Sözlem

2. Olar ony meýdanyň ortasyna eltip goýberdiler. Bu sözlemiň eýesi haýsy söz toparyndan bolup gelipdir?

A. At
B. Çalyşma
C. Sypat
D. Hal

3. Okamak – örän peýdaly zat. Bu sözlemiň eýesi haýsy söz toparyndan bolup gelipdir?

A. Çalyşma
B. Işlik
C. At
D. Işligiň nämälim şekili

4. Deň heň, deň säginme bilen aýdylýan, bir söze baglanyp, deň soraga jogap bolýan sözler nähili agzalardyr?

A. Baş agza
B. Deňdeş agza
C. Aýyklaýjy agza
D. Sözlem



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

5. Onuň goşgyny labyzly okaýşy hemmeleriň göwnünden turdy. Bu sözlemiň eýesi haýsy söz toparyndan bolup gelipdir?
A. Işlik
B. Işligiň nämälim şekili
C. Iş atlaryndan
D. At

6. Giden – getirer, oturan – nyrh sorar. Bu sözlemiň eýesi haýsy söz toparyndan bolup gelipdir?
A. Işlik
B. Çalyşma
C. Sypat
D. Hal

7. Sözlemiň baş agzalary sözlemde ýerine ýetirýän sintaktik hyzmatlaryna görä näçe topara bölünýärler?
A. 3
B. 2
C. 4
D. 5

8. Sözlemi emele getirmäge, düzmäge gatnaşýan sözlere näme diýilýär?
A. Sözlem agzalary
B. Söz düzümleri
C. Baş agzalar
D. Aýyklaýjy agzalar

9. Sözlem agzalary sintaktik taýdan ýerine ýetirýän hyzmatlaryna görä näçe topara bölünýärler?
A. 4
B. 3
C. 2
D. 5

10. «Ýigide müň dürli hünär hem azdyr» diýen sözlemiň habaryny dogry görkeziň?
A. azdyr
B. müň
C. hünär
D. dürli



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# V bölüm

# ÝAŞ YKDYSADYÝETÇI

- MAKSATLY ÇYKDAJYLAR
- ATAMYŇ PENSIÝASY




*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# PULY MAKSATLY SARPLAMAK

**Suratlary üns bilen synlaň? Soraglara jogap beriň.**



















1. Suratlardaky pul birlikleri nähili pullar hasaplanýar?
2. Pullaryň ýene nähili görnüşleri bar?
2. Olar haýsy döwletleriň pul birlikleri?
3. Olar nähili atlandyrylýar?
4. Biziň durmuşymyzda puluň nähili ähmiýeti bar?

## HABAR

Eýe dogrusynda bir zady habar berýän, eýe baradaky pikiri gutaran görnüşe getirýän söze habar diýilýär.

Habary kesgitlemek üçin sözlemiň eýesine näme etdi?, näme edýär?, näme etjek? ýaly soraglar berilýär.

Meselem:

1. Amanyň kakasy çopan.
2. Jereniň köýnegi ýaşyl.
3. Biz bu ýyl hem birinji.
4. Ol goşgyny labyzly okaýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Okaň.** Teksti okaň, soraglara jogap beriň.

## PULUŇ DÖREÝIŞ TARYHY

Her bir zadyň öz taryhy bolşy ýaly pul hem öz gözbaşyny gadymyýetden alyp gaýdýar. Durmuşymyzyň aýrylmaz bölegi bolan pul özüniň zerurlygyny ynsan ogluna her daýym diýen ýaly görkezip durýar. Puluň jemgyýetdäki hatda bütin ýer şaryndaky orny diýseň uludyr. Onsuz söwda we bazar gatnaşyklaryny amala aşyrmak, döwleti ykdysady tarapyndan ösdürmek asla mümkin däl. Häzirki wagtda ynsanlar puly belli bir zady ýagny, belli bir mukdary iň esasy hem belli bir gymmaty bolan zatlary pul garşylygynda alyp bilýärler. Emma gadymyýetde bolsa bu edil beýle bolmandyr. Ynsanlar öz gerek zatlaryny almak üçin gerekmejek zatlarynyň ululygyna-kiçiligine garaman bir-birleri bilen alyş-çalyş edipdirler. Soňabaka bu düzgün ynsanlaryň durmuşyna täze bir kadanyň gelmegini talap edip başlapdyr. Adamlar gymmatbaha ýagny, köp zähmet talap edýän zatlaryny arzan bahaly (elde aňsat ýasap bolýan) zatlar bilen çalyşmak islemändirler. Eýýäm şu pikiriň özi hem ynsan beýnisiniň kämilleşip başlamagynyň ýuwaş-ýuwaşdan bazar ykdysadyýetine geçmeginiň aýdyň nusgasy bolupdyr. Bu gatnaşyklaryň ösmeginde we has hem kämilleşmeginde dörän patyşalyklaryň we Beýik Ýüpek ýolunyň ähmiýeti has uludyr. Puluň ilkinji görnüşi Ýewropa alymlaryň çaklamaklaryna görä, Mesopotamiýada 5000 ýyl mundan ozal döräpdir diýip aýdylýar.








*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Amerikan alymlarynyň çaklamagyna görä, pul öz gözbaşyny has gadymyýetden ýagny, b.e.öňki 650-600- nji ýyllardan alyp gaýdýar diýip belleýärler. Ilki bilen gyzyl we kümüş pullar has irki döwürlerde Aziýanyň gadymy şäherleri Lidiýa we Ioniýada döräp, olar esasan, ilki bilen esgerlere, rysarlara tölenip başlanypdyr. Ondan soňra bolsa öňki düzgün bolan alyş-çalyş eýýamy öz möwritini ýitirip zatlar gyzyl we kümüş pul arkaly hasaplanyp başlapdyr. Ilkinji walýutanyň kim tarapyndan we nähili döränligi barada anyk maglumatlar heniz alymlar tarapyndan kesgitlenilmedi emma, çaklamalara görä, öň Türkiýäniň bir böleginde bolan, şuwagt ýitip giden gadymy Lidiýanyň patyşasy Alýattes tarapyndan döredilipdir diýen maglumatlar bar. Iň gadymy teňňeleriň ýüzünde gygyryp duran ýolbarsyň şekilleri şekillendirilipdir. Soňra her ýurduň öz patyşasy gyzyl teňňeleriň ýüzüne öz suratlaryny ýerleşdirip başlapdyrlar. Şeýlelik bilen, gyzyl teňňeler hem öz möwritini ýitirip olar 1661-nji ýylda banknotlara öwrülip başlaýar. Ilkinji kredit kartoçkalar bolsa 1946-njy ýylda banklara ornaşdyrylyp başlanýar. Şeýlelik bilen biziň gündelik durmuşymyzda ulanýan iň ýönekeýje kagyz pullarymyz hem has kämil ýagdaýa gelmek üçin öz üstünden ençeme ewalýusiýalary geçirýär. Häzirki döwürde adamzadyn nagt pullaryň aýlanyşygyny azaldyp, kartlaryň üsti bilen söwda-satlyk işlerini amala aşyrmagy hem ynsan durmuşynyň ýeňilleşdirilmeginiň we howpsuz amala aşyrylmagynyň aýdyň nusgasydyr.

*H. Geldımyradowa*

1. Puluň döremegine näme sebäp bolupdyr?
2. Gadymda pullar nähili görnüşde we nämeden ýasalypdyp?
3. Ilkinji pullar nirede dolanşyga girizilipdir?
4. Nagt we nagt däl pul näme?

**Okaň.**

Teksti okaly, ykdysadyýet hünäri baradaky maglumata eýe bolaly.

**Islendik bir kärhanada ykdysadyýetçi iň bir möhüm hünärmenleriň biridir.** Hiç bir kärhana öz işini biznes-meýilnamasyz amala aşyryp bilmeýär. Hut ykdysadyýetçi hünärmen hem, kärhananyň ähli işgärleriniň bilelikdäki tagallalarynyň, hereketleriniň ugrukdyryjysydyr. **Mümkinçilikleri we maksatlary dogry ýola goýup, iň az harajatlaryň ulanmagyň esasynda iň ýokary peýda gazanmak ykdysadyýetçiniň esasy wezipesidir.**

Şu ýerde şeýle sorag ýüze çykýar: Asyl ykdysadyýetçi kim? Köplenç iş berijiler ykdysadyýetçiniň borçlaryny buhgalter, maliýe direktory, umuman maliýe ugrundaky başga hünärler bilen çalyşýarlar. Ykdysadyýetçi – bu kärhanananyň işini tutuşlygyna analizleýän we geljekki döwür üçin meýilnama we strategiýa işläp taýýarlaýan



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



hünärmen. Aslynda, ykdysadyýetçi hünärmenlerini birnäçe toparlara bölýärler.

**Maliýe-ykdysadyýetçi – kärhananyň ähli maliýe işleri bilen meşgullanýar.**

Buhgalter-ykdysadyýetçi – işiň maliýe-hojalyk işini analizleýär, şeýle hem kärhanada buhgalter hasabatyny, pul serişdeleriniň we haryt dolanşygynyň hasabatyny ýöredýär.

Derňew geçiriji-ykdysadyýetçi – kärhana üçin zerur bolan ykdysady maglumatlary toplamak we seljermek bilen meşgullanýar.

Zähmet boýunça ykdysadyýetçi – kärhananyň zähmet haky bilen baglanşykly ähli işleri ýerine ýetirýär.

Zähmet bazarynda iň bir islegli kärleriň biri-de ykdysadyýetçidir. Ýöne ykdysadyýetçi işinde maliýe çäginiň baglanyşykly ugurlarynyň bilimlerini bilelikde ulanmaly bolýarlar. Şonuň üçin olar baglanyşdyrýan ugurlaryny has içgin öwrenip, bilelikde üstünlikli alyp barmagy başarmalydyr.

**Ussat ykdysadyýetçi bolmak üçin her bir hünärmen haýsy professional endiklere eýe bolmaly?** Statistikany, syýasaty, demografiýany, ykdysady teoriýanyň esaslaryny düýpli öwrenmeli, ykdysady prossesiň strukturalaryna düşünip, olaryň döwlete we aýratyn kärhanalaryň işine edýän täsirini öwrenmeli, analitik pikirlenmäge ukyply bolmaly, matematikadan oňat baş çykaryp bilmeli, logiki yzygiderliligi saklamagy başarmaly, kompýuterden oňat baş çykarmaly.

Ykdysadyýetçä ünsli bolmak zerurdyr, zähmetsöýerlik we öwrenmäge güýçli isleg bolmaly. Ykdysadyýet çalt ösýän ylma degişli



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ylymdyr. Şonuň üçin, ykdysadyýetçi ähli bolup geçýän wakalardan baş çykarmalydyr. **Halkara derejesindäki ykdysady hünärmen bolmak üçin daşary ýurt dillerini bilmek, alçaklyk we adamlar bilen ylalaşykly gatnaşmak zerurdyr.**

## Soraglar we ýumuşlar

1. Ykdysadyýetçiniň wezipesi nämeden ybarat?
2. Başga dillerden geçen adalgalary sözlüklerden tapmaga çalşaly.
3. Tekstdäki aýratynlandyrylan sözlemleriň habaryny tapyň. Olaryň nähili soraglara jogap bolýandygyny aýdyp beriň.

**Gönükme.** Mugallymdy, görsedi, geň galdy, düşündirerdi, boldy, bar sözlerini sözlemiň habary edip, özüňizden mysallar getiriň we depderiňize göçüriň.

**Gönükme.** Teksti okaň. Sözlemleriň eýesini we habaryny tapyň.

Gadym zamanlarda bir akyldar bilen baýlygyň guluna öwrülen tüçjar kişi tötänlikde uzak ýola ýoldaş bolmaly bolupdyr. Ymgyr Garagum çölüni söküp geçmeli ýolagçylar ep-esli ýöränsoňlar, öňlerinden Hydyr ata çykypdyr. Ol özüni tanadyp, ýolagçylara iki zadyň birini — altyn ýa-da suw berip biljekdigini aýdypdyr. Onuň sözüni gutararyna mähetdel baý kişi bada-bat altyn sorapdyr. Şonda Hydyr ata:

— Öňüňem giden çöl, sen gowuja oýlandyňmy? — diýýär.

Baý özüne göwnüýetijilik bilen eýere bökderilgi suwly meşiginiň böwrüne patyladýar-da:

– Oýlandym, oýlandym, suwum ýetik. Onsoňam jübiň altyndan doly bolsa, suwy her ýerdenem tapsa bolar — diýýär.

Hydyr ata onuň islegini bitirip, bir horjun gyzyl berýär-de, akyldara ýüzlenýär:

— Saňa näme bereýin?

Akyldar bir meşik suw soraýar.

Hydyr ata ony synap görmek isleýär:

— Seniňem-ä meşigiňde suw bar ýaly?! Mümkin, altyn alarsyň?

Şonda akyldar: «Altyn diýeniň, bolubilse, ýylpyldysy göz gamaşdyryjy demirdir. Eger men oňa gözümi gamaşdyraýsam, birden ýolda suwumyz gutarsa, hem-ä altynymy ýitirerin, hem-de ömrümi» diýip jogap beripdir *(«Garagum» žurnaly).*

## Sada we goşma habar

Bir sözden bolan habara sada habar diýilýär.
*Meselem:*
*Men ejeme kömekleşýärin. Amangül «Mugallymlar gazetini» okaýar.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Sen Watany goramaga borçlusyň.*

Birden köp sözden emele gelen habara goşma habar diýilýär.

*Meselem:*

*Biz garaşsyz döwletimiziň ýaşlar hakyndaky aladasyna iş bilen jogap bereris.*

**Gönükme.** Tekstdäki sözlemlerden sada we goşma habarlary tapyň, olaryň haýsy söz toparyndandygyny anyklaň.

Oýunda ýeňmek aňsat däl. Awtomatdan paýyrdadyp atmak atardyk. Ellerimize ilen kesekler bolsa bombady, granatdy. Granatlarymyzy duşmana bakan zyňardyk.

Ir ertirden giç agşama çenli uruş dowam ederdi. Biziň oýnumyza goňşularyň hiç haýsy päsgel bermeýärdi. Biz, oglanlar faşistleri derrew ýeňýärdik. Ýöne, urşa gidenler gaty köp günläp ýeňip bilmediler. Oglanlar: «Urşa bizi ibermeli, biz derrew ýeňerdik» diýip pikir edýärdiler.

Uruş ýyllary ähli halk söweşjeň esgere owrüldi. Biz oglanlar hem söweşjeň esgerdik. Şeýle bolansoň, biz hökman ýeňmelidik. Ýeňdigem. Bizi haýran galdyryp, ýeňşimiz goşa ýeňşe öwrüldi.

Nähili boldy diýýäňizmi?

Gürrüň bereýin. Biz bäş oglan bolup, Bagyr köçesi bilen ylgap barýarys. Sesimiziň ýetdiginden «Urra!» diýip gygyrýarys.

Öňümizden ýaşy ýetmişden geçen, sag elini uruşda aldyryp, golak gelen Hanja aga gelýär. Onuň bolup gelşi gaty geň. Onuň ylganyny ömür görmändik, ol welin, hakyt ylgap gelýär. Özem edil biz ýaly «Urra! Urra! Ýeňdik!» diýip gygyrýar. Onuň «Urra!» diýip gygyrmasy biziňkiden rüstem geldi. «Ol bizi urjak bolýan bolaýmasyn» diýip howatyrlandyk.

Görseg-ä, ol urjaga meňzänok. Ol herimizi bagryna basyp, biziň sözlerimizi «Urra!» diýip gaýtalaýar (S. Taganow).

**Gönükme.** Okaň. Sada we goşma habary tapyň.

Halk arasynda şeýle rowaýat bar…

Eziz han hakda ozalam köp eşidip ýören Jüneýit han ony ilkinji gezek görende, oňa göwnündäkini ýaňzydyp, şeýle diýenmiş: «Serdar, seniň nähili gowy ýaragyň bar eken! Donuňam gowy eken. Telpegiň hasam ajap eken!». Eziz han onuň näme diýjek bolýanyna düşünipdir, ýöne sesini çykarmandyr. Soňky gezek duşanlarynda, tejenli serdar Jüneýit hanyň ýanyna sowgatly gelipdir. Ol özüniň iňlis mauzerini hem, kazak karabinini hem gysganmandyr, egnindäki agaç



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

çäkmenini hem gysganmandyr. Ol hem tejenli hana kümüş uýanly ýomut atyny beripdir.

«Telpegiň-ä dözmediň öýdýän? – Ýa-da düşünmediňmi? Telpegiň maňa beýleki zatlardan has gowy ýaraýardy»-

«Telpek özümiňki, han aga – diýip, Eziz han gaba telpegini maňlaýyna süýşürip jogap berenmiş. – Ol meniň kellämiň bezegi. Telpegimi bersem, ertir sen meniň kellämi dilärsiň. Kellämi bolsa diňe telpegim bilen bile alyp bilersiň…» (*«Eziz han hakda hakykat» kitabyndan.*)

**Gönükme.** Aşakdaky böleklerde galdyrylan sözleri manylaryna görä ýerine goýup, tutuşlygyna depderiňize göçüriň, goşma habarlaryň aşagyny çyzyň, olary düşündiriň.

1. Ikisiniň hem ýüzi … boldy. 2. Kakasynyň beren maslahaty onuň ýüregine … boldy. 3. Gözel geçen ýyl respublikan ýaryşda … gazanypdy. 4. Artyk gozgalaňçylara bakan … goýdy (*B. K., «A.ä»*). 5. Gaýgysyz ep-esli oýlap, sowan çaýyny owurtlandan soň, dostuna … berdi. 6. Arzuwly güne ýetilýänçä, halkyň söýgüli ogullary … bolýar (*B. Kerbabaýew. «Gaýgysyz Atabaý»*). 7. Şoňa görä adamlaryň başynda şeýle sowal … geldi. 8. «Bagşy şu diýlenleriň haýsy birini … ederkä?».

***Degişli ýerine goýmak üçin sözler:*** *jüňk, çym gyzyl, gurban, hasyl, birinjilik, at, sowal, emele, kabul, makul.*

**Gönükme.** Aşakdaky teksti eşidip depderiňize göçüriň, sada habaryň aşagyna bir çyzyk, goşma habarlaryň aşagyna iki çyzyk çyzyň.

1. Elmydama bir meňzeş nahar iýip ýörmeklik adamyny irizýär, onuň işdäsi peselýär we naharyň siňmegi haýallaýar. Diýmek, adam özüniň gündelik iýýän iýmitiniň dürli-dürli bolmagy ugrunda aladalanmalydyr. Dürli-dürli iýmitlerden taýýarlanan nahar işdäňi açýar, gowy siňýär we ýokumly bolýar.

2. Yzly-yzyna nahar wagtyny geçirip ýormeklik adamyny ýalta edýär, ýatkeşligini peseldýär. Nahary howlukman, rahat oturyp iýmeli, munuň özi «işdä şiresiniň» köp emele gelmegine we naharyň siňňitli bolmagyna kömek edýär.

**Gönükme.** Göçüriň. Sada we goşma habarlary tapyň. Habarlaryň aşagyny çyzyň.

Öz golastylaryna ýuwaşlyk bilen bir zatlary tabşyran ofiser atylmazyndan ozal, gara esgi bilen Eziz hanyň gözüni daňmak üçin onuň ýanyna bardy. Eziz han ajy gülümsiredi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

– Gerek däl! – diýip, ol azmly seslendi. – Gowusy, siz meniň elimi çözüň…

– Onda, serdar, aňryňyza öwrüliň!

Ofiser hanyň ýüzüne duýgudaşlyk bilen garap, onuň elini çözdi.

– Nähili öleňde näme? – diýip, han agraslyk bilen ofiseriň ýüzüne seretdi. Ol biygtyýar aşak bakdy. Eziz han çäkmeniniň bagjygyny çözdi, biz köýneginiň ýakasyny iki ýana serpdi, onsoň barmagyny gursagyna – edil ýüreginiň üstüne dürtüp gygyrdy:

– Eý, esgerler. Ilkinji gezekde dynar ýaly, ine, şu ýerden atyň!.. *(«Eziz han hakda hakykat» kitabyndan).*

## Habaryň dürli söz toparlaryndan bolşy

**Atlardan:** *Bazar – ökde suratçy.*

**Sypatlardan:** *Bal süýji, baldan bala süýji.*

**Sanlardan:** *Altyn we kümüş medallara mynasyp bolanlar dörtdür.*

**Çalyşmalardan:** *Mekdebiň müdiri sizmi? Gowy işlänler – biz.*

**Bar, ýok, az, köp ýaly sözlerden:** *Bizde bilimli okuwçylar köp. Seniň bilýän zadyň barmy?*

**Habarlyk goşulmalaryny kabul eden sözlerden:** *Bir gapdalda jeňňellik, bir gapdalda derýamyş. Barjak ýerimiz baglykmyş.*

**Gönükme.** Okaň. Sözlemleriň habarlaryny tapyň. Göçüriň. Habarlaryň aşagyny çyzyň. Galdyrylan dyngy belgilerini goýuň.

Magtymguly Şirgazy medresesinde üç ýyl okap, ýurduna gaýdypdyr // Medresede okaýan talyplar şahyr gidenden soň:



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



«Öň Magtymguly halypamyzdy // Bilmedik ýerimizi ondan sorardyk // şygyr okap berip, göwnümizi götererdi // Indi biziň halypamyz kim bolar // Haýsymyzyň ylmymyz köpkä // diýip, özara jedelleşip başlapdyrlar // Medresede ders berýän Hezreti Pälwan talyplaryň jedelini eşidip:

– Talyplar, siz jedelleşip, azara galyp ýörmäň // Ylmyň baryny Magtymguly öz ýany bilen äkitdi – diýipdir // (*«Magtymguly hakynda rowaýatlar we legendalar»*).

**Gönükme.** Göçüriň. Habarlary tapyň we haýsy söz toparlaryndan ýasalandygyny aýdyň.

… Adam mydama niýetine görä tapýandyr. Köňül haýsy zadyň yşgynda bolsa, şony hem tapar. Köňül diýlen gudratly patyşadyr, adam gaýry agzalary oňa esgerdir. Köňül nämäniň yşgynda bolsa, agzalar hem şonuň yşgyndadyr. Köňül her tarapa ýüwürse welin, ol göwün hiç zada ýaramaz. Öz göwnüm diýip, kişiniň göwnüni hergiz ýykyjy bolmagyn. Göwün ýykmakdan uly günä ýokdur (*A. Durdyýew «Ýa pelek»*).

**Gönükme.** Habary dürli söz toparyndan getirip, özüňizden bäş sany sözlem düzüň we depderiňize göçüriň. Habaryň haýsy söz toparyndan ýasalandygyny aýdyň.

**Gönükme.** Sözlemleriň soňundaky dyngy belgilerini goýup göçüriň. Işlikden bolan habaryň aşagyna bir çyzyk, beýleki söz toparlaryndan bolan habaryň aşagyna iki çyzyk çyzyň.

Köýtendag ýurdumyzyň günorta-gündogarynda, Amyderýanyň sag kenarynda ýerleşýär

Köýtendagyň ajaýyp ýadygärlikleriniň biri dinozawrlaryň yzlarydyr Bu yzlar Köýtendagyň demirgazyk-günbatar eňňidinde, Hojapil obasynyň golaýynda 1980-nji ýylda tapyldy Ýerli ilata bu yzlar irden bäri belli Olar yzlary Isgender Zülkarneýniň pilleriniň yzlarydyr öýdüpdirler Şonuň üçin obanyň adyny Hojapil diýip atlandyrypdyrlar («Diýar» žurnaly).

**Gönükme.** Teksti okaň. Tekst esasynda düzülen krasswordy çözüň.

## Krasswordy kim oýlap tapypdyr?

Köp zatlar tötänden döreýär we tizlikde köpçüligiň arasynda aktiwleşýär. Ahyrynda-da, onuň oýlap tapyjysy kimdigi unudylýar. Bu



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




günki günde gazet-žurnallarda «çagalap» giden krossword oýnuny kim oýlap tapandygyny  hemme hem bilmese gerek. Günorta Afrika Respublikasynyň Keýptaun şäherinde çykýan gazetleriň biriniň baş redaktoryna şol ýerli tussaghanalaryndan bir hat gelýär. Onda galaty dörtburçluklar teswirlenen, her bir öýjükde bir-birden harp ýazylypdyr. Hatda ýene-de «Jenap, gamagda oturyp bir oýun tapdym. Ony krassword diýip atlandyrdym. Eger möhüm bilseňiz gazetiňizde yglan etseňiz» diýen ýaly jümleler ýazylypdyr.

Ilkibaşda hata perwaýsyz sereden redaktor bir güni dostlaryna bu meselede söhbet açýar we haty olara görkezýär. Soňra olar bilelikda ajaýyp tapmaça gyzygyp, öýjükdäki harplar syryny oýlap-oýlap tapmagy başarýarlar.Şundan soňra redaktor hat eýesini tapmak höwesinde tussaghana baryp, ol bilen duşuşýar. Krosswordy oýlap tapan kişi awtomobil heläkçiligine sebäp bolanlygy üçin tussaga alnan Wiktor Orwel diýen tussag eken.

Orweliň krosswordy gazetde basylyp çykandan soň, gazet söýüjiler bu oýna gyzygyp galýarlar. Şondan soň redaksiýalar Orwelden täze-täze krosswordlar düzüp bermegini haýyş edip başlaýarlar. Ýöne azatlyga çykandan soň, köp wagt geçmän ol wepat bolýar.

Bu oýun iňlisçe «krossword», ýagny «sözler kesişigi» diýip atlandyrylýar (Internetden).

| Keseligine | Dikligine |
|---|---|
| 4. «Ony krossword diýip atlandyrdym» diýen sözlemiň eýesi haýsy bolmagy mümkin? | 1. Has at? |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

| | |
|---|---|
| 5. Tekstdäki birinji sozlemiň eýesi? | 2. Tekstdäki ikinji sözlemiň habary? |
| 7. Sözlem agzasy hasaplanmaýan söz? | 3. Alynma söz? |
| | 6. Ýüz tutma sözi? |

**Habaryň sintaktik derňew edilişi:**

I. Sözlemden habary tapmak.
II. Habaryň gurluşy:
1) sada habar;
2) goşma habar.
III. Habaryň haýsy söz toparyndandygyny anyklamak.
IV. Habaryň sözlemdäki hyzmaty.

**Teksti okaň, manysyny özleşdirmäge çalşyň. Eýe bilen habaryň nähili ylalaşýandygyna üns beriň.**

## ATAMYŇ PENSIÝASY

Meniň atam häzir pensiýada. **Ol ömrüniň köp bölegini mugallymçylyk kärine bagyşlady.** Onuň gol astyndan çykan şägirtleri ýurdumyzyň dürli pudagynda zähmet çekýär. Olar atamy juda gadyrlaýar. Atamdan tiz-tiz habar alyp durýarlar.

**Men atamy juda gowy görýärin.** Atamda beýleki ynsanlara meňzemeýän häsiýet bar. Ol ilki pensiýasyny alan wagty maş-






*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

galamyzyň her bir agzasy üçin sowgat getirdi. Hatda, men bilen jigime birnäçe kitap sowgat etdi. Häzir hem Atam her bir pensiýasyny alan wagtynda, iki-üç kitap getirip berýär. **Atamyň pensiýa pulundan alyp beren kitaplarynyň sany 200-den kem däl.** Indi biziň öýümizde uly kitaphana bar. Men oňa guwanýaryn. Men we jigim üçin bu juda gowy boldy.Ýörite sapaklarymyzy şol kitaphanamyzda taýýarlanýarys. Bu üçin Atama uly sag bolsun aýdýaryn.

Meniň Atam barada aýtjaklarym diňe ýokardakylardan ybarat däl. Atam her pensiýasyndan pul ýygnap mekdebimiziň kitaphanasyna hem 50-den artyk kitap sowgat berdi. **Onuň bu eden haýyrly işi oba adamlaryny haýran galdyrdy.**

Atam tomus dynç alyş günleriniň birinde alan pensiýa puly bilen meni, jigimi we goňşymyzyň gyzy (jigimiň synpdaşy) Selbini Hywa şäherine syýahata alyp gitdi. Hywa şäherine baranymyzda ilki bilen naharhana baryp bir zatlar garbandyk. Soňra Hywanyň gözel köçeleri boýlap, Magtymgulynyň köňül berip okan «Şirigazy» medresesine gadam goýduk. **Bu mukaddes medrese mende uly tolgunma döretdi.** Onuň içine aýlandyk. Magtymguly ýaşan hüjrelere göz aýladyk.

Atama men şonda müň gezek sag bolsun aýtdym. Sebäbi Magtymguly ýaly beýik şahyr okan medresäni görmek gör neneň ajaýyp. Hatda, Hywada gurlan Magtymduly heýkeliniň ýanynda ýadygärlik üçin surata-da düşdük.

### Soraglar we ýumuşlar

1. Atasy agtygyna näme sowgat edipdir?
2. Atasy we agtygy nirä syýahat edipdirler?
3. Ýurdumyzda näçe ýaşdan pensiýa çykylýar?
4. Aýratynlandyrylyp ýazylan sözlemleriň eýesini we habaryny tapyň. Olaryň nähili ylalaşýandygyny aýdyp beriň.

## Eýe bilen habaryň ylalaşygy

Eýe bilen habar, esasan, sanda we ýöňkemede ylalaşýar. Eýe bolup gelen söz haýsy sanda we ýöňkemede gelse, habar hem şol sanda we ýöňkemede gelip, baş agzalar özara ylalaşýar.
Meselem:
*Men ir bilen geldim*

**Gönükme.** Okaň. «Dokuzy düzüwlik» jümlesiniň manysyna düşünmäge çalşyň. Sözlemleriň baş agzalarynyň aşagyny çyzyň, olaryň sanda we ýöňkemede ylalaşyp gelişlerini aýdyp beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Dokuzy düzüwlik – bagtlylyk. Ýöne, hany, ol hemmä ýetdirip durmy?! Dokuzy düzüwlige kim baýlyk, genji-hazyna, kim keýpi-sapa, kim wezipe, kim şan-şöhrat... diýip düşünýär. Ýöne türkmende biri üçe taý gelýän zatlaram bardyr: dogduk depäň – ata Watan, il-gün, yşk-söýgi. Biwatan saýylmazyň ýaly dogduk depe – ata Watanyň bolmalydyr, il biri boljak bolsaň sarpasyny tutýan, sarpaňy saklaýan il-günüň bolmalydyr, özüňi ynsan hatarynda saýdyrjak bolsaň, söýmelisiň-söýülmelisiň. Şolar sende bar bolsa, onda seniň dokuzyň düzüwdir, bilseňiz, olaryň hersini arkaýyn üç saýyp bilersiňiz. Ata-ene, aga-ini, ogul-gyz, daýy-ýegen, dogan-garyndaş hem... şolaryň içindedir *(N. Kakabaýew «Ýürekde galan sargyt»).*

**Gönükme.** Eýe bilen ylaşlaýan we ylalaşmaýan habary aýdyp beriň.




1. Men düýe çal içip geldim. 2. Sen daşary ýurtlarda näçe ýyl okadyň? 3. Aýlar aýlanyp, ýyllar dolandy (*A. Aşyrow «Könegüzer»*). 4. Itiň urşundan Görogly söweş usulyny ýasaýar (*T. Jumageldiýew «Merwden Mekgä çenli»*). 5. Onuň aýagynyň astynda çalaja duran şagajyklar, düşek bolup ýatan ýapraklar çygşyldaýardy (*Žurnaldan*). 6. Bu işleriň baryny özi etmeli. 7. Olar ol bentleri kä wagtlar jemleýji häsiýetde gelýän sanamalara deregem ulanyberýärler. 8. Olar öz günälerini boýun alypdyrlar. Jereniň çeken suratlary owadan. 9.Men daň atmanka patyşanyň ýanyna ýetmeli (*B. Kerbabaýew «Myraly we Soltansöýün»*).

**Gönükme.** Çeper eserlerden eýe bilen habaryň ylalaşyp-ylalaşmazlygyna degişli dört sany sözlem ýazyň.

**Gönükme.** Böleklerden baş agzalary tapyň. Olaryň ylalaşygyny düşündiriň. Göçüriň. Baş agzalaryň aşagyny çyzyň.

1. Halk özüne hakyky, päk hyzmat eden adamy hiç haçan ýatdan çykarmaz (*A. Aşyrow «Könergüzer»*). 2. Siz onuň güýz hakdaky goşgular toplumyna üns beriň (*H. Diwangulyýew*). 3. Ýaşlar politehniki taýýarlygy ozaly bilen mekdepde alýar. Emma sadaja zähmet gurallaryny işletmek başarnygyny mekdep okuwçylary maşgalada hem alyp biler (*«Öý hojalyk işleri»*). 4. Olar garalyşyp ýatan ýagyş suwlaryny yşyklandyrýardylar, şonda ol suwlaryň ýüzünde zor ýagýan çagbanyň ýaldyrawuk halkalary we düwmeleri görünýärdi (*B. Kerbabaýew «Polkuň ogly»*). 5. Mänriniň dokan halylary gözüňi gamaşdyrýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

6. Özi saga düşmeli (*Žurnaldan*). 8. XIX asyrda ruslar Orta Aziýany doly boýun egdiripdir. 9. «Adamyň iň gymmat zady ömrüdir. Ol oňa diňe bir gezek berilýär. Ony biderek ýaşalan ýyllar üçin ýüregiň awamaz ýaly edip ýaşamaly». Bu dana sözler Gurbanyň durmuş şygary bolupdy. Hakykatdan hem, ol öz ömrüni biderek ýaşamady (*T. Durdyýew «Yz galdyran ömürler»*). 10. Ol jogaba garaşman, ugruna gitdi. Men bolsa henizem doňan ýaly bolup durdym (*B. Hudaýnazarow «Akar suwuň aýdymy»*). 11. Olar bu gün şähere gitmeli. 12. Ýigitler bagyrlary bilen süýşüp başladylar (*Žurnaldan*).

## Eýe bilen habaryň arasynda kese çyzygyň goýluşy

Eýe bilen habar, esasan, baş düşümdäki isimlerden (işliklerden beýleki söz toparlaryndan) bolup sözlemde ýanaşyk gelseler, onda olaryň arasyna kese çyzyk (–) goýulýar.
Meselem:
*1. Göz – derýa (Nakyl). 2. Gezen – derýa, oturan – gümra. (Nakyl). 3. Aşsyz – sahy, gylyçsyz – batyr (Nakyl). 4. Biz – Watanyň perzentleri. 5. Düýnkiň –täzelik. 6.Ýedi gezek ýedi – kyrk dokuz.*

**Gönükme.** Nakyllary okaň. Eýe bilen habary tapyň. Göçüriň. Olaryň arasyna kese çyzyk goýuň. Baş agzalaryň haýsy söz toparlaryndandygyny aýdyň.

Dil bela, diş gala. Görk on, dokuzysy don. Geçiň üç, sözüň puç. Göz gorkak, el batyr. Gaharyny ýuwudan pälwan. Dag görki daş, baş görki saç. Oýun bir, maza iki. Sowugyň gamçysy ýel. Adam eli gyzyl gül. Adam eli gudrat. Adam başy daşdan gaty. Il agzy keramat. Söýenişen ýykylmaz. Il görki suw, suw görki guw. Dil tygdan ýiti.

**Gönükme.** Berlen sözlemlerdäki habarlary eýä öwrüp, depderiňize göçüriň.

Nusga: Saglygym – baýlygym. Baýlygym – saglygym.

1. Saglygym – baýlygym. 2. Ol filmiň ady – «Akbar» (*S. Ataýew «Gazap»*). 3. Kemine – garyplaryň gamhory. 4. Ene dilim – milli guwanjym. 5. Halkyň agzybirligi – döwlet berkararlygy (*A. Atabaýew*). 6. Daşkent – Özbegistanyň paýtagty. 7. Ata – asman, ene – toprak (*Gazetden*).

**Gönükme.** Özüňizden eýe bilen habaryň arasyna kese çyzyk goýluşyna mysal bolar ýaly bäş sözlem ýazyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Baş agzalar diýip nämä aýdylýar?
2. Eýe bilen habaryň kesgitlemesini aýdyň.
3. Eýe we habar haýsy söz toparyndan bolup bilýär?
4. Sada eýe bilen goşma eýäniň tapawutlary nämede?
5. Sada we goşma habarlary düşündiriň.
6. Eýe bilen habaryň sözlemdäki hyzmaty nämeden ybarat?
7. Sözlemde baş agzalaryň ylalaşygy nähili bolýar?
8. Eýe bilen habaryň arasyna haýsy ýagdaýda kese çyzyk goýulýar? Onuň ähmiýetini düşündiriň.

## BILIMIŇIZI BARLAŇ

1. Eýe dogrusynda bir zady habar berýän, eýe baradaky pikiri gutaran görnüşe getirýän söze näme diýilýär?

A. Eýe | B. Habar
C. Aýyklaýjy agza | D. Sözlem

2. Biz garaşsyz döwletimiziň ýaşlar hakyndaky aladasyna iş bilen jogap bereris. Bu sözlemdäki asagy çyzylan söz nähili habar?

A. Sada habar | B. Habar
C. Goşma habar | D. Sözlem

3. Biz ata-enelerimiziň hojalyk işlerine kömekleşýäris. Bu sözlemdäki asagy çyzylan söz nähili habar?

A. Sada habar | B. Habar
C. Goşma habar | D. Eýe

4. Eýe bilen habar, esasan, baş düşümdäki isimlerden (işliklerden beýleki söz toparlaryndan) bolup sözlemde ýanaşyk gelseler, onda olaryň arasyna nähili dyngy belgi goýulýar?

A. Goşa dyrnak | B. Iki nokat
C. Defis | D. Kese çyzyk

5. Bizde meşhur türkmen halylary öňdürilýär. Bu sözlemiň habary haýsy söz?

A. Bizde | B. Meşhur
C. Türkmen halylary | D. Öndürilýär

6. Bal süýji, baldan bala süýji. Bu sözlemiň habary haýsy söz toparyndan bolupdyr?

A. Sypat | B. Hal
C. Işlik | D. Çalyşma



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# VI bölüm

# YLYM WE TEHNOLOGIÝALAR

- FIZIKA DURMUŞY ÝEŇILLEŞDIRÝÄR
- ELEKTROMOBILLER




*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# FIZIKA DURMUŞY ÝEŇILLEŞDIRÝÄR

**Teksti okaň, manysyny özleşdiriň we aşakdaky soraglara jogap beriň.**




Fizika gadymy grek dilinden bolup tebigat, tebigat bilimi manysynda gelýär. Energiya we güýç, maddanyň hereketi ýaly zatlary öwrenýär. Maksady bütin älemiň syrlaryny öwrenmek. Onuň düýbi grek alymy Aristotel tarapyndan tutulýar. Ol fizikany, tebigaty öwrenýän ylym diýip düşündirýär.

Häzirki zaman fizikasy 1900-nji ýylda Maks Plank bilen başlaýar. Klassyk fizikanyň käbir ýagdaýlary düşündirip bilmedigi üçin häzirki zaman fizikasy ýüze çykýar. Häzirki zaman fizikasy kwant fizikasy we Eýnşteýniň teoriýalary bilen gülläp ösýär.

Janly we jansyz tebigatdaky köp hadysalara düşünmekde hem fizika ylmynyň ähmiýeti uludyr. Mysal üçin, fizika ylmy ýyldyrym çakmagyň, gök gürlemäniň sebäplerini düşündirýär, Günüň we ýyldyzlaryň gurluşyna, ýer titremesiniň we apy-tupanyň (güýçli ýeliň) nädip emele gelýändigine düşünmäge kömek etdi.

Lukmançylykda hem fizikanyň orny uludyr. **Skalpelden** başlap, adam organlarynda keselleri anyklamak üçin çylşyrymly enjamlar, ähli lukmançylyk gurallary diýen ýaly, fizikanyň gazananlary sebäpli döredildi. Fizikler tarapyndan döredilen enjamlar islendik görnüşde gözleg geçirmäge mümkinçilik berýär. Bu gözlegleriň



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

kömegi bilen lukmanlar keseli anyklaýarlar we ony çözmegiň ýollaryny tapýarlar.

Lukmançylyga ilkinji täsirli goşant, Wilgelm Roentgeniň ady bilen baglanyşyklydyr. Häzirki wagtda **Rentgen** şöhleleriniň kömegi bilen adamyň birnäçe kesellerini aňsatlyk bilen barlap bilýärler.

**Ultrases** barlagynyň tapylmagy, lukmançylyga uly goşant goşdy. Ultrases adam bedeninde keselleriň bardygyny barlamaga, bedeniň modelini döretmäge mümkinçilik berýär.

Döwrümiziň esasy üstünliklerinden biri lukmançylykda giňden ulanylýan **lazer tehnologiýalarydyr**. Lazer şöhlelerini ulanyp, hirurglar örän çylşyrymly amallary ýerine ýetirýärler. Lazerden çykýan güýçli şöhle, gerekli ýygylykda işlese, zyýanly çişleri aýyrmaga mümkinçilik berýär, munuň üçin birnäçe ýyl mundan ozal bolşy ýaly adam bedenini kesmek zerurlygy ýüze çykmaýar (Gazetden).

Skalpel (latynça: scalpellum-kiçijik pyçak)- dokumany we organlary kesmek üçin operasiýada ulanylýan kiçijik, ýörite metal pyçak.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Fizika barada ilkinji kim maglumat berýär?
2. Fiziki açyşlaryň medisinadaky ähmiýeti barada aýdyp beriň.
3. Tekstden sözlemiň baş we aýyklaýjy agzalaryny tapyň.
4. Aýratynlandyrylan sözleriň manylaryny sözlüklerden tapmaga çalşyň.

## SÖZLEMIŇ AÝYKLAÝJY AGZALARY

Sözlemde eýä, habara ýa-da özara biri-birlerine baglanyp, olary aýyklap, olar dogrusynda belli bir soraga jogap bolup gelýän sözlere aýyklaýjy agzalar diýilýär.

**Gönükme.** Aýyklaýjy agzalaryň baglanan sözlerini anyklaň. Olaryň sözlemdäki hyzmatyny aýdyň.

Fizika gadymy grek dilinden bolup, tebigat, tebigat bilimi manysynda gelýär. Energiya we güýç, maddanyň hereketi ýaly zatlary öwrenýär. Maksady bütin älemiň syrlaryny öwrenmek. Onuň düýbi grek alymy Aristotel tarapyndan tutulýar. Ol fizikany, tebigaty öwrenýän ylym diýip düşündirýär.

Häzirki zaman fizikasy 1900-nji ýylda Maks Plank bilen başlaýar. Klassyk fizikanyň käbir ýagdaýlary düşündirip bilmedigi üçin häzirki



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

zaman fizikasy ýüze çykýar. Häzirki zaman fizikasy kwant fizikasy we Eýnşteýniň teoriýalary bilen gülläp ösýär.

Janly we jansyz tebigatdaky köp hadysalara düşünmekde hem fizika ylmynyň ähmiýeti uludyr. Mysal üçin, fizika ylmy ýyldyrym çakmagyň, gök gürlemäniň sebäplerini düşündirýär, Günüň we ýyldyzlaryň gurluşyna, ýer titremesiniň we apy-tupanyň (güýçli ýeliň) nädip emele gelýändigine düşünmäge kömek etdi.

Aýyklaýjy agzalar öz baglanýan (aýyklaýan) sözleri taýdan iki topara bölünýärler.

I. Sözlemiň eýesine, at deregine gelen sözlerine baglanýan aýyklaýjy agzalar.

II. Sözlemiň habaryna ýa-da dürli işlik şekillerine baglanýan aýyklaýjy agzalar.

Bularyň birinjisi aýyrgyçlar, ikinjisi bolsa doldurgyçlar diýilýär.

**Aşakdaky fiziki tejribe baradaky teksti okaň. Soraglara jogap beriň.**

**Aýyklaýjy agzalary tapyň. Olaryň sözlemdäki hyzmatyny düşündiriň.**

Fizikada mehaniki, ýylylyk, ses, elektrik, ýagtylyk we beýleki hadysalar öwrenilýär. Fiziki hadysalaryň käbir mysallaryna garap geçeliň. Kolba suw guýalyň we ony ştatiwe berkidip, aşagynda spirt çyrasyny ýakalyň. Suw gyzar. Bu fiziki hadysadyr. Suwy gyzdyrmagymyzy dowam etdirsek, onuň içinde düwmejikler emele gelip, suw bugaryp başlar. Düwmejikleriň we buguň emele gelmegi-de fiziki hadysadyr. Çüýşe gabyň agzyny dyky bilen ýapyp, dykynyň içinden egreldilen aýna turbajygyny geçireliň. Turbany aýna bölegine tutsak, onda aýna bug urlup, onuň ýüzünde suw damjalary emele gelip başlar.

1. Ýokardaky tejribeden nähili netije çykardyňyz?
2. Tebigatdaky bulutlar nähili emele gelýän eken?
3. Ýagşyň ýagmagy üçin nähili fiziki hadysalar bolup geçýän eken.

**Gönükme.** Sözlemlerdäki baş agzalary tapyň.

Elimizde saklap duran islendik zadymyzy, mysal üçin, polat şary elden sypdyrsak, ol ýere gaçar. Onuň duran ýeri üýtgedi, hereket etdi. Üýtgeme – bu hereketdir. Sapakdan asylan ýüküň yrgyldamagy, sallançagyň üwrelmegi, puržiniň gysylmagy we ýazylmagy, ýel degirmeniniň çarhynyň aýlanmagy, maşynlaryň ýöremegi,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

gämileriň suwda ýüzmegi, fontandan suw çüwdüriminiň ýokary galmagy, uçarlaryň we raketalaryň uçmagy we başgalar mehaniki hadysadyr.

## AÝYRGYÇLAR

Sözlemde atlara, at hyzmatynda gelen sözlere baglanyp, olary aýyklap gelen sözler aýyrgyçlar diýilýär.

*Zähmetiň nany süýji, ýaltanyň jany süýji. Hünärli ýigit hor bolmaz.*




**Teksti okaň.**

**Dutaryň** kirşine kakylanda kirşiň yrgyldap seslenmegi, gyjagyň, gopuzyň çalnanda seslenmegi, adamyň gürlemegi, radionyň aýtmagy, gök gürlemegi netijesinde sesiň çykmagy – bular ses hadysalarydyr. Magnitiň demri dartmagy, **kompasyň** diliniň demirgazygy we günortany görkezip durmagy **magnit** hadysalarydyr.

**Tekstdäki aýratynlandyrylyp ýazylan sözlere sorag berip, olaryň sözlemdäki wezipesini anyklaň.**

| Sözler | Soragy | Sözlemdäki wezipesi |
|---|---|---|
| Dutaryň | ? | ? |
| Kompasyň | ? | ? |
| Magnit | ? | ? |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ELEKTROMOBILLER

**Soraglara jogap beriň.**

1. Tebigatyň hapalanmagyna tehnikalaryň täsiri nähili diýip oýlaýarsyňyz?
2. Ylmyň we tehnikanyň ösmeginiň tebigata täsiri, ýagny peýdaly we zyýanly taraplary nämede diýip pikir edýärsiňiz?
3. Soňky döwürlerde elektromobiller hakynda köp eşidýäris. Onuň beýleki ulaglardan nähili aýratynlygy bar.

**Teksti okaly, manysyna düşünmäge çalşaly.**

## ARASSA ÝANGYÇLY ULAGLAR

Uly şäherlerde howanyň hapalanmagynyň öňüni almakda dürli taslamalar durmuşa geçirilýär. Gollandiýanyň paýtagty Amsterdamda 2030-njy ýyldan başlap, benzin we dizel ýangyjy bilen işleýän ulaglar çäklendiriler. Şäheriň mejlisi bu kararyň howanyň arassalygyny üpjün etmek maksady bilen we ýaşaýjylaryň saglygy göz öňünde tutulyp alnandygyny belleýär.






*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ýurtda sagdyn-durmuş ýörelgelere eýerýänler köp. Munuň üçin ähli şertler hem döredilen. Ýurduň ýaşaýjylary gündelik durmuşda welosipedden has köp peýdalanýarlar. Muňa garamazdan, kä halatlarda ýurduň iri şäherlerinde, esasan hem, Amsterdamda, Rotterdamda ýol hereketinde ulaglaryň köp wagty howada emele gelýän hapa gazlar Ýewropa ülňüleriniň çäginden geçýär. Ýurduň Saglygy goraýyş ministrliginiň hünärmenleri maşynlaryň tüsse çykarlaryndan çykýan gazlar belli bir derejeden ýokary bolsa, adamyň dem alyş ýollaryna zeper ýetirmeginiň mümkindigini aýdýarlar. Şu sebäpler şäher mejlisiniň täze karar kabul etmegine getiripdir. 2030-njy ýyldan başlap, şäheriň çäginde diňe elektrik ýa-da wodorod ýangyçly ulaglaryň sürülmegine rugsat ediler. Şeýle hem indiki ýyldan başlap, şäherde 2005-nji ýyldan ozal öndürilen dizel hereketlendirijili ulaglaryň şäheriň kä ýerlerinde sürülmegi gadagan ediler. Şeýle hem jemgyýetçilik ulaglarynyň has arassa ýangyçly görnüşlerinden peýdalanylar. 2022-nji ýyldan başlap, dizel ýangyçly awtobuslaryň şäheriň belli ýerlerine girmegi çäklendiriler. Arassa ýangyçly ulaglaryň ulanylmagy üçin dürli ýeňillikler döredilýär. Häzirki wagtda Amsterdamda elektrokarlar üçin 3 müň töweregi zarýad beriş bekedi bar. 2025-nji ýyla çenli bu görkezijiniň 23 müňe ýetirilmegi göz öňünde tutulýar.

Dünýäde 2016-njy ýyldan başlap şäherleriň howasynyň arassa bolmagy üçin çynlakaý taslamalar durmuşa geçirilip ugraldy. Ýerli häkimiýetler, esasan hem, syýahatçylaryň köp barýan ýerleriniň arassa bolmagy üçin has köp tagalla edýärler. Germaniýanyň Berlin, Italiýanyň Rim, Ispaniýanyň Madrid we Fransiýanyň Pariž şäherlerinde dizel ýangyçly ulaglara çäklendirme girizildi. Iri şäherlerde elektrik energiýasy bilen işleýän ulaglar üçin tölegsiz awtoduralga, söwda merkezleri we beýleki gelim-gidimli ýerlerde elektrokarlar üçin tölegsiz zarýad nokatlary döredilýär.

## DEGIŞLILIK AÝÝRGYJY

Degişlilik aýyrgyjy kimiň?, nämäniň?, niräniň?, haýsy? diýen soraglara jogap bolup, sözlemiň atlardan bolan we at şekilinde gelen agzalaryna baglanýar. Olar many taýdan bir zadyň kimiňki ýa nämäniňkidigini, kime, nämä degişlidigini, gymyldynyň hem kime, nämä dahyllydygyny görkezýär. Degişlilik aýyrgyjy eýelik düşümdäki sözlerden bolup, olar tarapyndan aýyklanýan söz bolsa olluk ýöňkemede bolmalydyr.

Meselem:

1. *Artygyň (kimiň?) gözi (olluk ýöňkemede) ýoldady (B. Kerbabaýew).*
2. *Sygryň (nämäniň?) şahyna (olluk ýöňkemede) ursaň endamy syzlar (Nakyl).*
3. *Ýurdumyzyň (niräniň?) gözel tebigatyny söýýärin.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Tekstden degişlilik aýyrgyjyny tapyň we aşakdaky jedweli dolduryň**

Uly şäherlerde howanyň hapalanmagynyň öňüni almakda dürli taslamalar durmuşa geçirilýär. Gollandiýanyň paýtagty Amsterdamda 2030-njy ýyldan başlap benzin we dizel ýangyjy bilen işleýän ulaglar çäklendiriler. Şäheriň mejlisi bu kararyň howanyň arassalygyny üpjün etmek maksady bilen we ýaşaýjylaryň saglygy göz öňünde tutulyp alnandygyny belleýär.

| Aýyrgyç bolup gelen sözler | Soragy | Sözlemdäki wezipesi |
|---|---|---|
| | ? | ? |
| | ? | ? |
| | ? | ? |

## SYPAT AÝYRGYJY

Sypat aýyrgyjy neneňsi?, nähili?, näçenji? diýen soraglara jogap bolup, bir zadyň hilini, bolşuny, gylyk- häsiýetini, näçedigini, görnüşini, nämeden edilendigini, kesp-kärini, ornuny görkezip, baş düşüm şekilinde bolýar we öz aýyklaýan sözüniň köplenç öňünden we käbir ýagdaýlarda hem yzyndan gelýär.
Sypat aýyrgyjy sypatlardan, görkezme çalyşmalardan, sanlardan, ortak işliklerden, işligiň hökmanlyk şekilinden, kesp-kär we maşgala aragatnaşygyny bildirýän sözlerden bolýar.
Meselem:
1. *Gorkut ata parasatly (sypat) goja bolupdyr.*
   *Gyzjagaz bäş (san) ýaşynda okamagy öwrenipdir.*
2. *Pena özüniň başarýan (ort. işlik) işini ýoldaşlaryna hem öwredýär.*
3. *Barmaly (işligiň hökm. şek) obamyz uzakdan görünýär.*

**Tekstden alnan bölegi okaň.** Sypat aýyrgyjy bolup gelen sözleri tapyň. Olaryň haýsy söz toparyndan hasyl bolandygyny anyklaň we sypat aýyrgyçlaryny baglanan sözleri bilen bilelikde göçüriň.

Dünýäde 2016-njy ýyldan başlap şäherleriň howasynyň arassa bolmagy üçin çynlakaý taslamalar durmuşa geçirilip ugraldy. Ýerli häkimiýetler, esasan hem, syýahatçylaryň köp barýan ýerleriniň arassa bolmagy üçin has köp tagalla edýärler. Germaniýanyň Berlin,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Italiýanyň Rim, Ispaniýanyň Madrid we Fransiýanyň Pariž şäherlerinde dizel ýangyçly ulaglara çäklendirme girizildi. Iri şäherlerde elektrik energiýasy bilen işleýän ulaglar üçin tölegsiz awtoduralga, söwda merkezleri we beýleki gelim-gidimli ýerlerde elektrokarlar üçin tölegsiz zarýad nokatlary döredilýär.

## MEŇZETME AÝYRGYJY

Meňzetme aýyrgyjy kim ýaly? näme ýaly? nire ýaly? diýen soraglara jogap bolup, bir adamyň ýa-da zadyň başga bir zada görnüş, häsiýet taýyndan meňzedilýändigini görkezýär. Ol baş düşümde gelen atlaryň we eýelik düşümde gelen çalyşmalaryň yzyndan ýaly, kimin, dek, deý sözsoňy kömekçiler getirilip hasyl bolýar.
Meselem:
1. *Keşt edip älem-jahany,*
*Görmedim sen deý (kim deý?) gözel (Mollanepes).*
2. *Sadap eje çagajygyň nar ýaly (näme ýaly?) ýaňagyndan taýly gezek ogşady.*
3. *Daşkent kimin (nire kimin?) owadan şäheri görmedim.*

**Gönükme.** Aşakdaky tekstden aýyrgyçlary tapyň, olaryň baglanýan sözlerini, sözlemdäki hyzmatyny düşündiriň.

«Nissan» kompaniýasy «Nissan Sakura» atly täze elektroulagyny tanyşdyrdy. Ýaponiýada kiçi göwrümli elektroulaglar «Kei Car» atly aýratyn klasa degişli hasaplanýar. Şäher içinde sürmäge niýetlenen bu ulag awtomatlaşdyrylan aýratynlyklary bilen hem sürüjisine ýeňillik döredýär. Täze elektroulag bir gezekki zarýady bilen 180 kilometr ýol geçip bilýär.






*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

«Nissan» kompaniýasy barha ýitileşýän elektroulag bazaryndan has köp paý almak isleýär. Demirgazyk Amerikada we Ýewropada adaty ululykdaky elektroulaglara has köp isleg bildirilýän bolsa, Hytaýda we Ýaponiýada şäher ilatynyň gürlügi sebäpli kiçi göwrümli elektroulaglar has köp satylýar. Bu ulaglar bahasynyň amatly bolmagy hem tapawutlanýar.

**Gönükme.** Sözlemlerden aýyrgyçlary tapyň, olary sintaktik taýdan derňew ediň.

1. Ýurtda sagdyn-durmuş ýörelgelere eýerýänler köp.
2. Ýurduň ýaşaýjylary gündelik durmuşda welosipedden has köp peýdalanýarlar.
3. Muňa garamazdan, kä halatlarda ýurduň iri şäherlerinde, esasan hem, Amsterdamda, Rotterdamda ýol hereketinde ulaglaryň köp wagty howada emele gelýän hapa gazlar Ýewropa ülňüleriniň çaginden geçýär.
4. Ýurduň Saglygy goraýyş ministrliginiň hünärmenleri maşynlaryň tüsse çykarlaryndan çykýan gazlar belli bir derejeden ýokary bolsa, adamyň dem alyş ýollaryna zeper ýetirmeginiň mümkindigini aýdýarlar.

Aýyrgyçlaryň sintaktik derňew edilişi:

I. Aýyrgyçlary sözlemden tapmak, olaryň aýyklaýan sözlerini görkezmek.

II. Aýyrgyçlaryň görnüşleri:

1) sypat aýyrgyjy;
2) degişlilik aýyrgyjy;
3) meňzetme ayyrgyjy.

III. Aýyrgyçlaryň sözlemdäki hyzmaty.

**Gönükme.** Aşakda görkezilen aýyklaýan sözleriň aýyklanýan sözlerini dogry tapyp göçüriň we nähili soraga jogap bolýandygyny ýazyň.

| *Nusga: Arassa (nähili?) ýangyç.* | |
|---|---|
| Arassa | kitap |
| Täze | ýangyç |
| Gyzyl | tam |
| Uly | oglan |
| Amanyň | alma |
| Duzsuz | ganaty |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

| | |
|---|---|
| Guşuň | kitaby |
| Başarjaň | ýaňak |
| Nar ýaly | nahar |

**Teksti eşidiň we soraglara jogap beriň.**

## ROBOT



XX asyryň başlarynda Çeh ýazyjysy Karel Çapek «RUR» (Rossum uniwersal robotlary) diýen eserinde adamlar barada we ilkinji gezek robotlar ýa-da emeli adamlar barada ýazypdy. Ol öz eserinde «Robot näme?» diýen soraga şeýle jogap berýär: «Robotlar bu adam däldir, olar mehaniki tarapdan adamlardan güýçli, ezber bolup, olaryň ösen intellekti bardyr ýöne olaryň jany (ruhy) ýokdur». Şeýlelikde ilkinji gezek «Robot» diýlen düşünje döredi we robot diňe fantastiki edebiýatda däl-de ylymda we tehnikada giňden ulanylyp başlady.

Robot näme? Bu terminiň (jümläniň) ylmy-tehniki manysy näme?

Robotlar bu uniwersal awtomatiki sistema bolup olar daşky sreda bilen aktiw aragatnaşyk saklap, öwrenip bilýän, adam tarapyndan ýerine ýetirilýän dürli fiziki we akyl operasiýalaryny çalyşmak üçin niýetlenen gurluşlardyr. Diýmek, robot dürli hereketleri we adamyň käbir intelektual funksiýalaryny ýerine ýetirmek üçin niýetlenen we şonuň üçin hem zerur bolan ýerine ýetiriji gurluşlar, dolandyryjy we maglumat sistemalar bilen üpjün edilen tehniki kompleksdir.

Biziň döwrümizde ýurduň ykdysadyýetini ösdürmekde esasy meseleleriň biri senagat kärhanalarynda täze ýokary öndürijilikli tehnologiki enjamlary ornaşdyrmak bolup durýar. Bu prosses bolsa önümçiligi kompleksleýin awtomatlaşdyrmak bilen baglanyşykly bolup ol hasaplaýyş tehnikasyny we robotehnikany ulanmak arkaly robotlaşdyrylan tehnologiki kompleksleri (RTK) döretmek bilen ýerine ýetirilýär.

Önümçiligi kompleksleýin awtomatlaşdyrmakda el güýjüniň ulanylýan bölegini azaltmak uly ähmiýete eýedir. Bu ýerde işçi diňe önümçiligiň awtomatlaşdyrylan sistemasynyň operatory hökmünde çykyş edýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Ikinjiden önümçilikde belli bolşy ýaly häzirki zaman awtomatikasynyň tehniki serişdeleriniň kömegi bilen el güýji ulanylýan hemme tehnologiki prossesleri awtomatlaşdyrmak mümkin däl. Adam öz işiniň belli bir bölegini robotlara tabşyryp, öz zähmet şertini ýeňilleşdirmekden başga näme utuş gazanýar? Robotlary ulanmak adamyň gönüden-göni gatnaşmagy mümkin bolmadyk, täze tehnologiki prossesleri döretmek mümkinçiligini açýar. Meselem: 100ºC we ondan ýokary temperaturalarda, ýa-da güýçli radiatsiýa bolanda adamyň jan saglygyna zyýan ýetýänligi sebäpli robotlar ulanylýar. Ondan başga-da häzirki zaman awtomatiki enjamlary ulanmak bilen täze önüm çykarmak üçin önümçiligi çalt täzeden gurnap bolýar. Senagat robotlaryny kompleksleýin ulanmak bilen zähmet öndürijiligini 1,5-2 esse köpeldip bolýar.

Robotlaryň ulanylýan ýerleri gaty kändir. Kosmos we dünýä okeanynyň barlaglarynda, oba hojalykda, transportda, gurluşykda we senagat önümçiliginiň dürli pudaklarynda şeýle awtomatlar hemişe zerur.

Häzirki wagtda önümçilik proseslerini kompleksleýin awtomatlaşdyrmagyň esasy serişdesi bolup senagat robotlary çykyş edýärler. Awtomatlaşdyrmagyň beýleki serişdeleri bilen deňeşdirende senagat robotlary hereket uniwersallygy, täze operasiýalar üçin çalt özger-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

mek we tehniki enjamlar bilen bir komplekse birleşmek mümkinçiligi bilen tapawutlanýar. Robotlar maşyn gurluşykda esasan metal kesýän stanoklarda, peçlerde, presslerde işleýän adamlary çalyşmak üçin ulanylýar.

Robotlar agyr, howply, birmeňzeş gaýtalanýan (monoton) işlerde işçiniň ýerini çalyşýar. Adam bolsa operator hökmünde olary dolandyrýar, sazlaýar we abatlaýar. Robot üçin ýaşaýyş jaý, naharhana, transport gerek däl, ol kesellemeýär.

1. Robot diýende nämä düşünýärsiňiz?
2. Ylym we tehnikanyň ösmegi adam zähmetine nähili täsir edýär?
3. Robotlaryň adamdan üstünligi we kemçiligi nämede diýip oýlaýarsyňyz?
4. Robotlar haýsy pudaklarda ulanylýar?
5. Bilim ulgamynda robotlardan peýdalanmak mümkinmi?

**Ýumuş**

Tekstdäki alynma sözleri saýlap ýazyň we olaryň manysyny sözlükden tapmaga hereket ediň.

**Suratlara syn ediň. Robotlar nähili işleri ýerine ýetirýär? Gürrüň beriň.**





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Tekstden alnan bölekden aýyrgyçlary tapyň we olaryň aýyrgyçlaryň haýsy görnüşine degişlidigini aýdyp beriň.**

Häzirki wagtda önümçilik proseslerini kompleksleýin awtomatlaşdyrmagyň esasy serişdesi bolup senagat robotlary çykyş edýärler. Awtomatlaşdyrmagyň beýleki serişdeleri bilen deňeşdirende senagat robotlary hereket uniwersallygy, täze operasiýalar üçin çalt özgermek we tehniki enjamlar bilen bir komplekse birleşmek mümkinçiligi bilen tapawutlanýar. Robotlar maşyn gurluşykda esasan metal kesýän stanoklarda, peçlerde, presslerde işleýän adamlary çalyşmak üçin ulanylýar.

Robotlar agyr, howply, birmeňzeş gaýtalanýan (monoton) işlerde işçiniň ýerini çalyşýar. Adam bolsa operator hökmünde olary dolandyrýar, sazlaýar we abatlaýar. Robot üçin ýaşaýyş jaý, naharhana, transport gerek däl, ol kesellemeýär.

**Siziň pikiriňizçe, robotlar ýene nähili işleri ýerine ýetirip biler? Gelejek robotlary hakynda 10-12 sözlemden ybarat tekst düzüň.**

______________________________________________

______________________________________________

______________________________________________

______________________________________________

______________________________________________



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## BILIMIŇIZI BARLAŇ

1. Sözlemde atlara at hyzmatynda gelen sözlere baglanyp, olary aýyklap gelen sözlere näme diýilýär?

A. Eýe
B. Habar
C. Aýyrgyç
D. Doldurgyç

2. Degişlilik aýyrgyjy haýsy düşümiň soraglaryna jogap bolýar?

A. Baş düşüm
B. Eýelik düşüm
C. Ýöneliş düşüm
D. Ýeňiş düşüm

3. Kimiň?, nämäniň?, niräniň?, haýsy? diýen soraglara aýyrgyçlaryň haýsy görnüşi jogap bolýar?

A. Degişlilik aýyrgyjy
B. Meňzetme aýyrgyjy
C. Sypat aýyrgyjy
D. Aýyrgyçlar

4. Neneňsi?, nähili?, näçenji? diýen soraglara aýyrgyçlaryň haýsy görnüşi jogap bolýar?

A. Degişlilik aýyrgyjy
B. Meňzetme aýyrgyjy
C. Sypat aýyrgyjy
D. Aýyrgyçlar

5. Kim ýaly?, näme ýaly?, nire ýaly? diýen soraglara aýyrgyçlaryň haýsy görnüşi jogap bolýar?

A. Degişlilik aýyrgyjy
B. Meňzetme aýyrgyjy
C. Sypat aýyrgyjy
D. Aýyrgyçlar

6. Sadap eje çagajygyň nar ýaly ýaňagyndan taýly gezek ogşady. Bu sözlemdäki «nar ýaly» diýen söz haýsy aýyrgyç.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

A. Degişlilik aýyrgyjy
B. Meňzetme aýyrgyjy
C. Sypat aýyrgyjy
D. Doldurgyç

7. Aýyrgyçlar esasan haýsy sözleri aýyklap gelýärler?

A. Atlary
B. Işlikleri
C. Sypatlary
D. Hallary

8. Degişlilik aýyrgyjy haýsy düşümdäki sözlerden bolýarlar?

A. Çykyş düşümdäki sözlerden
B. Eýelik düşümdäki sözlerden
C. Ýöneliş düşümdäki sözlerden
D. Ýeňiş düşümdäki sözlerden

9. Gyzjagaz bäş ýaşynda okamagy öwrenipdir. Bu sözlemde haýsy söz sypat aýyrgyjy bolup gelipdir?

A. Gyzjagaz
B. Okamagy
C. Ýaşynda
D. Bäş

10. Aýyrgyçlaryň näçe görnüşi bar?

A. 4
B. 6
C. 3
D. 5



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# VII bölüm

# DIL WE DÖWÜR

- SÄGINMÄN GEPLEÝÄRIN
- ÝAZYJY BOLMAK AŇSATMY?












*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# SÄGINMÄN GEPLEÝÄRIN

**Soraglara jogap beriň.**

1. Söz baýlygy diýende nämä düşünýärsiňiz?
2. Dogry we ýerlikli sözlemek üçin nämelere üns bermeli?
3. «Söz adamyň iň güýçli ýaragydyr» diýen jümläniň manysyna nähili düşünýärsiňiz.
4. Ikiçäk gepleşik we köpçülik öňündäki çykyşlaryň nähili aýratynlyklary bar?

Köpçülik öňündäki çykyşlara öňünden taýýarlyk görülýär: maglumatlar oňat öwrenilýär. Pikiriň düşnükli hem täsirli bolmagy üçin zerur bolan dil birlikleri maksada laýyklykda saýlanyp-seçilip alynýar. Mysal üçin, wagyz-nesihat çykyşlarynda diliň çeperçilik serişdelerinden, nusgawy şahyrlaryň eserlerinden peýdalanylsa, resminamalarda anyk faktlar, ylmy çykyşlarda görnükli alymlaryň garaýyşlary getirilýär.

**Gönükme.** Sözleýşiň aşadaky görnüşleriniň aýratynlygy barada aýdyp beriň. Soňra surat esasynda ýaz pasly barada agzeki sözläp beriň, Soňra tekst düzüp depderiňize göçüriň

| Agzeki görnüşi | Ýazuw görnüşi |
|---|---|
| | |
| | |
| | |
| | |
| | |
| | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ýumuş:** Özbaşdak okan eserleriňizdäki gahrymanlaryňyzyň bu häsiýetlerine mysal ýazyň.

| otrisatel häsiýetler | garama-garşy (antonim) manysy | mysal |
|---|---|---|
| gaharjaňlyk | | |
| bahyllyk | | |
| ýamanlyk | | |
| zyýankeşlik | | |
| yhlaslylyk | | |
| ýalançylyk | | |
| göriplik | | |

## MAKALA BILEN KÖPÇÜLIK ÖŇÜNDE ÇYKYŞ ETMEK



*Üstünlikli leksiýalary alyp barmak üçin näme etmeli?*



*Lektor diňleýjileriniň duýgularyna täsir etmek arkaly olaryň aňyna leksiýadaky pikirlerini siňdirmegi zerurdyr.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*Her bir çykyş üçin niýetlenen tekste şahsy taýýarlyk bolmalydyr we açar tezisleri ýatda saklamalydyr.*



*Lektoryň iň oňat häsiýeti: owadan gürlemegi we ýönekeýleşdirip düşündirmegi.*



*Gowy gürleýjiniň aýrylmaz häsiýetleri bu – özüne ynam, özüni erkin alyp barmagy we dostlukly äheňde gürlemegi.*



*Bu surata nähili at berersiňiz?*

## KÖPÇÜLIGIŇ ÖŇÜNDE ÇYKYŞ ETMEK ÜÇIN ESASY TALAPLAR:

✓ **esasy pikiri hemmeler üçin düşnükli we ýönekeý dilde, erkin görnüşde beýan etmek;**

✓ **tutanýerlilik bilen başlap, ynandyryjy pikirler kömeginde gutarmak;**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



✓ jümleleri gysga we anyk düşündirmek, leksiýany monolog şekilde däl-de, yhlasly, açyk we aragatnaşykly usulda amala aşyrmak;

✓ çuňňur duýgulara (emotsiýa) ýol bermezden, eýsem, duýgulary döredýän subutnamalary bermek;

✓ öňe sürülýän temanyň diňleýji üçin gaty möhümdigini, (lektor) gürleýjiniň bu maglumatlary ýetirmek üçin ýuwaşlyk bilen hereket edýändigini görkezmek;

✓ diňleýjiler bilen wizual aragatnaşyk etmek.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Gyssagly ýa-da tersine, aşa mertebe bilen özüňi alyp barmak, ýol ugra galstuk ýa-da saç düzetmek, düwmeleri ýol ugry dakmak mümkin däl.**



**Arkaňyza ýa-da tirsegiňize söýenmezlik, elleriňize ýa-da aýaklaryňyza daýanmazlyk, şeýle hem, mikrofon üstüne egilmezlik zerur.**



**Gepleýjiniň özüni aklamak ýa-da ötünç soramagy diňleýjilere ruhy üstünlik berip, «abraý» («awtoritet») statusyny ýitirýär, netijede leksiýa garaşylýan netijäni bermeýär.**



**Elleriňizi döşüňize goýup, gürläniňizde aýaklaryňyzy birleşdirip durmazlyk, şeýle-de, eliňizi tirsekler bilen goşmaly däl.**

**Süýem barmagyňyzy ýokary edip görkezmäň.**

Wagtal-wagtal eliňiz bilen ýüzüňize degmezlik we ş. m. (bu hereketi adamlar adatça, biygtyýar şekilde, aslynda ýalan sözlänlerinde ulanýarlar).





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ýumuş:**

Ýokardaky maslahatlara esaslanyp her haýsyňyz çykyş taýýarlaň we synpdaşlaryňyz bilen lektorlyk ýagny, köpçüligiň öňünde çykyş etmek ukybyňyzy synap görüň.



Mekdebiňizde edebi agşam geçirilýär. Size şahyryň ömri we döredijiligi hakynda çykyş etmek tabşyryldy. Aşakdaky görkezmelerden ugur alyp, etjek çykyşyňyza degişli tekst taýýarlaň.

- Täsirli sözbaşy goýmak.
- Şahyryň gysgaça ömür beýany.
- Edebi döredijiligine syn.
- Jemleýji söz.

Tekst taýýarlanda nämelere üns bermeli? Edebi sözleýşiň düzgünleri diýende nämä düşünýärsiňiz. Edebi sözleýşiň düzgünleri berjaý etmegiň ähmiýeti barada aýdyp beriň.

| | |
|---|---|
| Orfoepik düzgün | Orfografik düzgün |
| Leksik düzgün | Grammatik düzgün |

## DOLDURGYÇLAR

Sözlemiň işlikden we işlik şekillerinden bolan her bir agzasyna baglanyp, şolary aýyklap gelýän sözlere doldurgyçlar diýilýär.
Olar gymyldy-herekete degişli ýagdaýlary görkezýärler we baglanýan sözlerini anyklaşdyryp gelýärler.
*Meselem:*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1. *Düýn mekdepde çeper höwesjeňleriň çykyşy boldy.*
2. *Myhmanlar jaýa gitdiler.*




**Göçüriň.** Köpçülik öňündäki öwüt-ündew häsiýetli çykyşyň dil aýratynlygyny düşündiriň.

Akylly adamlar miweli daragt mysalydyr. Adamlar oňa hormat-sarpa goýýarlar, ymtylýarlar, ýüreklerine aram-karar tapýarlar. Akylsyzlar bolsa, munuň tersine, miwesiz daragt ýaly. Ol adamlar iliň gözüne ýek görünýär, halaýanam, olara ymtylýanam ýok. Beýle daragtlary çapyp, oda atýarlar.

**Sözlemlerde nähili näsazlyk göýberlipdir. Olary düzedilen görnüşde ýazyň. Doldurgyçlaryň aşagyny çyzyň.**

1. Awçy uzakly gününi ýyrtyjylary – dag jerenlerini, towşanlary, möjekleri, gaplaňlary aňtap gezdi.
2. Ir bilen dowarlara – geçilere, goýunlara, guzulara, owlaklara, gölelere, çebişlere ot berdim, olary suwa ýakdym.
3. Gözel daýza bu gün bazarda gök önümlerden kelem, kädi, sogan, pomidor, şugundyr satyn aldy.

**Gönükme.** Teksti labyzly okaň, arassaçylygyň ähmiýeti barada öz pikiriňizi beýan ediň. Doldurgyçlary tapyň.

Yslam şerigatymyz hemişe päkligi we arassaçylygy ündeýär. Päk bolanda rahatlyk bolýar, muny her kim synap görendir. Şonuň üçin



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

öýi çöp-çalamlardan, tozandan süpürip arassalamagy endik etmek gerek. Şonuň ýaly-da gap-çanak, pyçak-çemçe, gazan, semawar ýaly zatlary hemişe arassa saklamak zerurdyr.

Möý kereplerini almak, öýüň daş-töweregini arassa saklamak aýallaryň iň uly wezipeleriniň biridir. Her näme-de bolsa musulmana päk durmuşda ýaşamagy şerigat buýurýar.

Balyklaryň suwsuz ýaşap bilmeýändiklerini her kim bilýändir. Şonuň üçin bize hem dünýäde ýaşamak üçin howa zerurdyr. Dem alanymyzda köne howany çykaryp, täze howany ýuwudýarys. Howasyz ýaşamak mümkin däl. Köne we porsy suwda balygyň ölşi ýaly, howa ýaramaz bolsa adamlarda hem kesel döredýär. Şonuň üçin ýaşaýan jaýymyzda, esasan hem jaýyň içini ýuwup durmak, ys we ş. m. zatlardan päk saklamak zerurdyr. Wagty bilen penjiräni açyp, öýüň howasyny çalşyrmak zerurdyr. Şonuň bilen birlikde has yssy bolmadyk günde gezmek peýdalydyr. Öýüň kiçijikdigi sebäpli lampa, şem ýa-da adamlaryň demi bilen howa bozulsa, gapyny açyp howany täzelemeli. Ýöne derlän wagtyň açyk penjiräniň öňünde oturmak zyýanlydyr. Täze salnan jaýyň boýagy guramanka ýaşamak zyýanlydyr *(«Edepli bolmagyň syrlary» Alymat ul-Banot).*

## Wagt doldurgyjy

Wagt doldurgyjy aýyklanýan sözüniň, aňladýan gymyldy-hereketiniň wagtyny bildirýär we haçan?, näwagt?, näçe wagt? diýen saraglara jogap bolýar.

**Okaň.** Görnükli söz ussady Magtymgulynyň sözleýiş edebine bolan garaýşyny aýdyp beriň.

Öňüň gara, yzyň gözle,
Hoş sözüň diý, gahryň gizle.
Sözläbilseň ýagşy sözle,
Halk ýamanyň bizarydyr.

Magtymguly, ýangyl, öçgül,
Ýa lal otur, ýa dür saçgyl.
Bir guýruksyz itdir, gaçgyl
Nesihat ýokmaýan ärden...

Jahanda aňlardan aňlamaz kändir.
Bilmezler beladyr, bilenler jandyr.
Ol ýigitler adam tilli haýwandyr
Söz aňmasa hem ygrary bolmasa...



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Magtymguly, ýalan-ýaşryk sözleme,
Nogsanyň içinden haýyr gözleme.
Egisgil derdiňi, diýgil, gizleme,
Il-ulusdyr dosty-ýary ýekäniň...

Wagt doldurgyjy aşakdaky ýaly sözlerden bolup biler:

Wagt aňladýan ir, giç, ertir, agşam, daňdan, gyşyna ... ýaly sözlerden:

**Meselem:**

*1. Biz çöle ertir (haçan?) gidýäris. Ekinler hasyla ir (näwagt?) durdy.*

2. Wagt-orun düşümdäki käbir sözlerden:

Meselem:

Özbegistanyň Konstitusiýasy 1992-nji ýylyň 8-nji dekabrynda (haçan?) kabul edildi.

3. Öň soň, owal, (ozal), bäri ýaly sözleriň kömegi bilen:

**Meselem:**

Suwa girmezden öň (haçan?) çykmagyň barada alada et.

Bäri sözi öňündäki söz bilen birlikde hereketiň başlanan wagtyny aňladýar.

**Meselem:**

Köpden bäri (haçandan bäri?) edip ýören arzuwymyz hasyl boldy:

4. Çenli sözüniň kömegi bilen. Bu söz öz öňünden gelen ýöneliş düşümdäki wagt aňladýan söz bilen birlikde wagt doldurgyjy bolup bilýär.

**Meselem:**

Biz bu işi ertire çenli (haçan?) gutarýarys.

5. Çykyş düşümde gelen käbir sözlerden:

Meselem:

Ýene bäş günden (haçan?) goňşy mekdebiň sportçylary bilen duşuşyk boljak.

Wagt doldurgyjy işiň dowamlylygyny hem aňladyp biler:

**Meselem:**

Agam on bäş ýyl (näçe ýyl?) bagbançylyk etdi. Dursun telim günläp (näçe wagt?) okalga gatnady.

Aşakdaky iki bölek ýazgyny üns berip okaň. Olaryň haýsynyň tekstdigini we oňa näme üçin tekst diýilýändigini aýdyň. Böleklerden doldurgyçlary tapyň.

Aman meniň bilen bir synpda okaýar. Biziň daýhan birleşigimizde pagta ekilýär. Daşkent Özbegistanyň paýtagtydyr. Çarylar obada ýaşaýarlar. Sähet garry enesine kitap okap berýär. Sona surat çekmäge ökdeläpdir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Her bir okuwçy okuwyna yhlasly ýapyşmaly. Wagtyny ýerlikli peýdalanmagy başarmaly. Geçilýän materiallary düýpli özleşdirmeli. Bularyň hemmesi durnukly we çuňňur bilim almak üçin zerur bolan şertlerdir.

Ýokarky böleklerden teksti saýlap, depderiňize göçüriň we oňa degişli sözbaşy tapyň hem-de temasyny anyklaň.

**Gönükme.** Göçüriň. Wagt doldurgyjyny anyklaň.

1. Ölümiňden öň diriligiňi, näsaglygyňdan öň salamatlygyňy, bentligiňden öň boş wagtyňy, garrylygyňdan owal ýaşlygyňy, garyplygyňdan burun baýlygyňy ganymat bil (*Hadys*).

2. 1947-nji ýylda Magtymgulynyň nusgalyk suratyny (portretini) döretmek boýunça bäsleşik yglan edilýär. Şondan soň Aýhan Hajyýew bu işe ymykly girişýär. Ol Magtymgulynyň neberelerinden şahyra çalymdaşdyr öýdenleriniň suratyny çekýär. Ahyrda suratkeş işini tamamlaýar. Geçirilen jemgyýetçilik gözden geçirilişinde Aýhan Hajyýewiň çeken suratyna ýokary baha berilýär *(«Edebiýat we sungat» gazetinden).*

**Gönükme.** «Edep başy – salam» diýen tema boýunça tekst ýazyň.

## Orun doldurgyjy

Orun doldurgyjy *kimde?, nämede?, nirede?* diýen soraglara jogap bolup sözlemde aňladylýan pikiriň ornuny, bolýan ýerini görkezýär. Orun doldurgyjy wagt-orun düşümdäki sözlerden bolýar.

**Gönükme.** Göçüriň. Ýaýyň içindäki soraglardan peýdalanyp, galdyrylan sözleri tapyň we orun doldurgyçlarynyň aşagyny çyzyň.

1. Biz … (nirede?) iňlis dilini öwrenýäris.
2. Biziň … (nirede?) sporta üns berilýär.
3. Şahyryň … (nämede?) halk agzybirligi wasp edilýär.
4. Stoluň … (nirede?) kitaplar üýşüp dur.
5. Ogulbagt, … (kimde?) şunuň ýaly kitap barmy?
6. Ol meniň … (nirede?) oturdy.

**Gönükme.** Göçüriň. Orun doldurgyçlaryny tapyň. Olaryň aşagyny çyzyň.

Kagyz ilki Hytaýda ýüze çykypdyr. Hytaýlylar ösümlik süýüminden kagyz ýasapdyrlar. Munuň üçin agaç gabyklaryny, bambuk, kendir we



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

kenepi ulanyp, ýüzünde ýazgy ýazyp boljak derejede kagyz ýasap boljakdygyny subut edipdirler.

Indi dünýäniň köp ýurtlarynda (Hytaý, Ýaponiýa, Hindistan, Italiýa, Fransiýa, Germaniýa, Gollandiýa, Angliýa we Russiýa) kagyz önümçiliginiň tehnologiýasy özleşdirilip, ýokary derejä ýetirilipdir.

**Gönükme.** Çeper eserlerden orun doldurgyjy bar bolan üç sözlem tapyp, depderiňize göçüriň we doldurgyçlaryň aşagyny çyzyň.

## Ýöneliş doldurgyjy

Ýöneliş doldurgyjy *kime?, nämä?, nirä?* diýen soraglara jogap bolup, sözlemde aňladylýan pikiriň, gymyldynyň nirä ýönelendigini, kime, nämä gönükdirlendigini görkezýär.

Ýöneliş doldurgyjy ýöneliş düşümdäki sözlerden bolýar.
*Aňryk, bärik, ilerik, gaýrak, aşak, ýokaryk* ýaly tarap görkezýän sözler şol duruşlaryna ugur görkezip bilýändikleri üçin, ýöneliş doldurgyjy bolýarlar.

**Gönükme.** Nakyllary göçüriň. Ýöneliş doldurgyçlary we olaryň aýyklaýan sözlerini görkeziň.

1. Bişerine howlukmaz, düşerine howlugar.
2. Ýatana ýylan hem degmez .
3. Ýatan öküze iým ýok.
4. Ýatmak ölä ýagşy.
5. Donuny aýan toýa ýeter, aşyny aýan aşa ýeter.
6. Ýigide müň dürli hünär hem azdyr.
7. Itiň gargyşy gurda ýokmaz.
8. Toýa garramak ýok.
9. Aja arpa çörek halwadan süýji.
10. Eşiden görene habar berer.

**Gönükme.** Göçüriň. Ýöneliş doldurgyçlaryny tapyň we olaryň aşagyny çyzyň. Ýöneliş doldurgyçlaryň nähili soraga jogap bolandygyny aýdyň.

Biriniň öýüne gireniňde gözüňe we diliňe ätiýaçly bol. Çagalaryňa ylym we edep öwret.

Adamlaryň ýagşylyklaryna garaşyp ýörme. Haýsy işi tutsaň-da, şoňa biparh garama.

Sada adamlara ýaman görünme. Çykdajyňy girdejiňe garap çykar.

Ene-ataňa wepaly bol (*Lukman Hekim pähimleri*).



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ÝAZYJY BOLMAK AŇSATMY?

*Ýazyjy bilen awtoryň arasynda näme tapawut bar?*





**Ýazyjy we awtor** sözleri biri-birine ýakyn düşünjelerdir.Ýazyjy öz ýazan eserleriniň awtory hasaplanýar. Ylmyň dürli ugurlary boýunça ylmy kitap ýazan, sungat eserlerini döreden adamlar hem awtor hasaplanýar. Emma bulara ýazyjy diýilmeýär.

| ÝAZYJY | BILEN AWTOR |
|---|---|
| Çeper, edebi eserleri ýazmak bilen meşgullanýan adam.<br>Şikaýat ýazmagy endik edinen adam. | Özüniň döredijilikli zähmeti bilen ylym, edebiýat ýa-da sungat eserini döreden, açyşlary oýlap tapan adam. |

**Ýazyjy** kim?

**Ýazyjy –** wakalary, hadysalary, pikirleri we düşünjeleri çeper söz arkaly ýazýan, beýan edýän adam. Biz ýazyjy diýende edebi eserleri (Hekaýa, powest, roman) bilen halk arasynda tanalan adama düşünýäris. Emma şikaýat ýazýan adama-da il arasynda ýazyjy diýilýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ýazyjylary aşakdaky ýaly tapawutlandyrmak bolar.**

- Fantastik ýazyjy.
- Publisistik ýazyjy.
- Çagalar ýazyjysy.

**Soraglara jogap beriň.**

1. Haýsy ýazyjynyň eserlerini höwes bilen okaýarsyň?
2. Soňky gezek onuň haýsy eserini okadyň?
3. Ýazyjynyň eserleriniň size ýaraýan tarapy nämede diýip oýlaýaň? Temasymy? Ýazyjynyň stili?
4. Haýsydyr bir wagt sizde ýazmak höwesi dörese, nähili temada hekaýa ýazardyň?

**Geliň onda! Haziriň özünde gysgaça hakaýa ýazmaga synanyşyp göreli. Hekaýa üçin aşakdaky temalaryň birini saýlaň. Çeper sözlerden ýerlikli pedalanyň.**

| | |
|---|---|
| Çölde | Meniň bagym |
| Synpdaş | Ene ýüregi |

**Teksti okaň maslahatlara amal ediň.**

## ÖKDE ÝAZYJY BOLMAK ÜÇIN DEGERLI MASLAHATLAR

*Ýazmagy we okamagy halaýanlaryň iň uly arzuwlarynyň biri – ýazyjy bolmak. Ýeri onda, gowy ýazyjy bolmak üçin näme etmeli?*

Ýazyjy bolmagyň aňsat däldigini hemmeler bilýär. Käteler dilde beýan etmegem ýeňil düşenok, emma şony kagyza geçirmeli bolanyňyzda, baý, kösenersiňiz-ä. Birje sahypany doldurmak üçin her gün sagatlap eglenen wagtlaryňyz bolandyr. Käteler bir söz ýazyp bilmedik wagtlaryňyzam bardyr. Syk dokalan, nepis çitimli halylar üçin nähili gaýrat gerek bolsa, gowy eser ýazmagam şonça zähmeti talap edýär. Köpüň göwnünden turjak eseri ýazmak üçin sabyr, söýgi we mähir bilen şol işe berilmegiň gerek. Sungat özüne sowuksala garaýanlary hiç wagt ykrar etmeýär.

Arzuwyňyz ýazyjy bolmakmy, geliň onda sizi bu üstünlige ýetirjek käbir maslahatlar bilen tanyş bolalyň:



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**1. Gowy okyjy boluň!**

Ýazyjy bolmagyň özeni ýazmakdan dälde, ilki köp okamakdan gözbaş alýar. Ýazyjylyk bir küýzä meňzär. Içini doldurmasaňyz, daşyna dökere zat tapmarsyňyz. Näçe köp okasaňyz, şonçada ýazmaga taýyn bolarsyňyz. Awtorlaryna üns bermezden, hersinden bir zatlar okaň. Edebi häsiýetli eserlere has köp üns beriň.

**2. Yzygiderli öwreniň!**

Gowy ýazyjy ökde okuwçydyr. Bir zat hakda ýazmakçy bolsaňyz, ýadyňyzdaky maglumatlar bilen kanagatlanmaň. Eserdir makalanyň mazmunyny elmydama dürli maglumatlar bilen baýlaşdyryň. Dürli çeşmelerden susup alyň, süzüp alyň. Näçe köp çeşmä salgylansaňyz, ýazýan zadyňyz şonçada «tagamly» — özüne çekiji bolar.

**3. Belläp alyň!**

Ökde ýazyjynyň ýa-da ýazyjylyga ymtylýanyň galam-depderçesi hemişe ýanyndadyr. Kellä gelýän pikirleri hemişe belläp alar. Hatda ukudan oýananynda hem düýşünde gören zatlaryny belläp almaga endik eder. Ýanynda galam-kagyz ýok wagt sesini telefonyna ýazdyrar. Bir pikirem sypdyrasy gelmez we wagty gelende bu pikirleri ulanmagy başarar.

**4. Syn ediň, synçy boluň!**

Bakmak bilen görmek — ikisi bir zat däldir. Ýazyjy töwereginde bolup geçýän zatlary görmeli we wakalardan habarly bolmalydyr. Ol hemme zady duýmalydyr, köňül gözi bilen görmelidir. Bolýan wakalaryň hikmetine, sebäbine düşünmäge çalşar we beýlekileriň görmeýän zatlaryny görer. Tebigatdaky janly-jandarlaryň ýaradylyş maksadyny, olaryň häsiýetlerini, özlerini alyp barşyny synlar hem-de depderine we aňyna belläp alar.

**5. Gowy diňläň!**

Ussat ýazyjylaryň iň uly baýlygy beýleki adamlardan ýygnan gürrüňleridir. Her ýazýan zadyňy hut özüň başyňdan geçirmeli diýlen zat ýok. Beýlekiler bilen bolup geçen dürli wakalaryň esasynda goşgular, kyssalar, romanlar ýazyp bilersiňiz. Esasanam, ýaşululardan we çagalardan has köp zat öwrenip bolýandyr. Şolaryň dünýäsine syýahat edip bilseňiz, juda köp zat taparsyňyz. Örän gymmatly maglumatlary alyp bilersiňiz.

**6. Bilime teşne boluň!**

Maksadyňyz beýik ýazyjy bolmak bolsa, hemişe gözlegde bolmaly. Her bir täze maglumata teşnedigiňizi duýmalysyňyz. Şonuň üçin näçeräk bilýändirin öýtseňizem, bilmeli we öwrenmeli zatlaryňyzyň heniz köpdügini duýuň. Ençeme ussat ýazyjylar bar, dowamly ýazýarlar, şol bir wagtda hem dürli-dürli zatlary, kitaplary ellerinden düşürmän okaýarlar. Ökde ýazyjy bolmak üçin hemişe täze-täze maglumatlaryň yşgynda bolmalysyňyz.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**7. Köp geziň, köp syýahat ediň!**

Öýde otursaňyz, ylham perisi gapyňyzy kakmaz. Käbir halklarda: «Köp gezen bilermi ýa köp okan biler?» diýen aýtgy bar. Muňa şeýle jogap bereliň: «Gezýän wagty köp okaýanlar biler». Gowy ýazyjy bolmak üçin hemişe hereketde bolmaly, gezelenç etmeli, çärelere, duşuşyklara gatnaşmaly, dürli-dürli adamlar bilen dumuş hakynda pikir alyşmaly. Adamlar bilen gürleşmeli we olardan täsin gürrüňleri diňlemeli, belläp almaly, özüniň maglumat gorunyň üstüni ýetirmeli. Baran, gören ýerleriňiz, olaryň üýtgeşik taraplary, täsinlikleri, dürli keşdeler, nagyşlar ýazjak eserleriňiziň täsirli çykmagyna gönezlik bolar.

## Ýeňiş doldurgyjy

Ýeňiş doldurgyjy *kimi?, nämäni?, niräni?, näçäni?* diýen soraglara jogap bolup, gymyldynyň haýsy zada geçýändigini, haýsy zada täsir edýändigini görkezýär.
Ýeňiş doldurgyjy ýeňiş düşümdäki sözlerden bolýar.

**Okaň.**

Tekstden alnan bölegi okaň, aýratynlandyryp ýazylan sözleriň nähili doldurgyçdygyny aýdyp beriň. Aýratnlygyny düşündiriň.

**Syn ediň, synçy boluň!**

Bakmak bilen görmek — ikisi bir zat däldir. Ýazyjy töwereginde bolup geçýän ***zatlary*** görmeli we wakalardan habarly bolmalydyr. Ol hemme ***zady*** duýmalydyr, köňül gözi bilen görmelidir. Bolýan wakalaryň hikmetine, sebäbine düşünmäge çalşar we beýlekileriň görmeýän ***zatlaryny*** görer. Tebigatdaky janly-jandarlaryň ýaradylyş maksadyny, olaryň ***häsiýetlerini***, ***özlerini alyp barşyny*** synlar hem-de depderine we aňyna belläp alar.

**Gönükme.** Goşgynyň manysyna düşünmäge çalşyň. Aşakdaky goşgudan orun, ýeňiş, ýöneliş doldurgyçlary tapyň.

## ADAM WE ÝAGŞY NİÝET

Awçy dostum, atma ýaşylbaşlary,
Açgöz bolmak adamzada ýaraşmaz.
Matama batyrma saýrak guşlary,
Ölüm düşse, saýrak guşlar saýramaz.
Belki, seň atjagyň eziz enedir,
Çagalary garaşýandyr çöllerde.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Enä zulum etmek külli günädir,
Goý, gelin ýaşylbaş ýüzsün köllerde.

Awçy dostum, atma ýaşylbaşlary,
Gan düşmesin mawy kölüň ýüzüne.
Ganatly döräpdir dünýäň guşlary,
Uçup seýl etmäge dünýäň ýüzüne.

Ganatly döräniň gyrma ganatyn,
Ýaşabilmez guş ganatdan aýrylsa.
Bilýär olar adamzadyň gudratyn,
Ýaşabilmez adamzatdan aýrylsa.

Awçy, dostum, taşla elden goşany,
Tomaşa et balyjaklaň oýnuna.
Ýagşy niýet – ýaşyl başlaň ýaşany,
Ýaman niýet – nadanlaryň boýnuna.

Ürküzme wepaly eziz guşlary,
Seni dosty saýýar, gitmän daşyňdan.
Awçy, dostum, atma ýaşylbaşlary,
Atsaň-da gör, aýlanyp dur daşyňdan

*G. Seýitliýew.*



Материал опубликован исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Hakyndalyk doldurgyjy

Bu doldurgyç at şekilinde ýa-da at ýerine ulanylýan her bir sözüň yz ýanyndan hakynda, dogrusynda, barasyn- da, babatynda, hakda, dogruda, barada ýaly kömekçi sözleri getirmek bilen emele gelýär.

**Gönükme.** Teksti okaň, hakyndalyk we çykyş doldurgyjy bar sözlemleri göçüriň.

Ýazyjy bolmaga höwes edýänleriň iň uly arzuwlarynyň biri, kitaplary halk köpçüligi tarapyndan okalýan awtor bolmakdyr. Munuň üçin ýörite derslere, okuw kurslaryna gatnaşýanlaram, ussat ýazyjylaryň gapysyny çalýanlaram bar. Ýazyjylyk ukybyňyzy açmak üçin mümkin bolan ähli ýollary, usullary synap görübermeli. Bir zat hakda gowy zat ýazmak isleýän adam ýolda-yzda, her ýerde – telegepleşiklere tomaşa edip oturanam bolsa, awtobusda barýan bolsa-da ýa-da her gün ýatmazyndan öň, azyndan ýarym sagatlap ýazjak zatlary hakda ymykly pikir etmelidir. Olaryň durkuny, şekilini, ulanjak sözlerini, goşjak wakalaryny göz öňüne getirmelidir. Bir kitap ýazmagy ýüregiňize düweniňiz bilen, onuň zähmetinden we hupbatyndan gaçsaňyz, bu arzuwlaryňyzdan dessine el çekip bilersiňiz. Ýöne il-güne haýyrly boljak zatlary ýazmak höwesiňiz günüňize goýmasa, bu pikirden hiç aýňalyp bilmersiňiz. Şeýle ýagdaýda arzuwlaryňyza hossar çykyň. Ýazyň we ýazyň. Dogry, bu ýoluň zähmetem, mähnetem, hupbatam bardyr, emma hupbatyndan agdyk muhabbetem, hormatam bardyr. Çynlakaý yhlas etseňiz ökde ýazyjy bolup bilersiňiz. Munuň üçin köp meşgullanmaly. Köp okamaly, köp ýazmaly. Ýazyjy bolmak üçin şu zatlara hem üns beriň.

## Çykyş doldurgyjy

Çykyş doldurgyjy *kimden?, nämeden?, nireden?, näçeden?* diýen soraglara jogap bolup, köplenç gymyldynyň başlanan nokadyny, bir zadyň alnan ýerini, onuň nämeden edilendigini we şuňa meňzeşleri görkezip biler.
Çykyş doldurgyjy çykyş düşümdäki sözlerden bolýar.

**Gönükme.** Göçüriň. Aşakdaky nakyllardan çykyş doldurgyçlaryny tapyň we aşagyny çyzyň.

Ýagyşdan gaçyp, damja uçradym.
Yhlas bilen aglasaň sokur gözden ýaş çykar.
Ýykylan göreşden doýmaz.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ýylan çakan kendirden gorkar.
Serçeden gorkan dary ekmez.

**Gönükme.** Özüňizden öwrenilen doldurgyçlaryň hersine degişli bir sözlem düzüň we göçüriň. Doldurgyçlaryň nähili soraga jogap bolýandygyny aýdyň.

**Gönükme.** Göçüriň. Çykyş doldurgyçlaryny tapyň we olaryň aşagyny çyzyň. Çykyş doldurgyçlarynyň nähili soraga jogap bolýandygyny aýdyň.

Pes adamdan wepa garaşma.
Garyndaşy garyndaşyndan aýyrma
*Lukman Hekim*.

Ýagşylardan hergiz çykmaz ýamanlyk,
Asly ýaman bolsa, çykmaz ýagşylyk
*Magtymguly*.

Dünýäden gitmesin hiç kim bergidar,
Iň bolmanda bir agaç eksin ýadygär
*G.Seýitliýew*.

Tebigatdan, durmuşdan lezzet alyp ýaşamaly.

Bet niýetli adamdan gaça dur *(Hadys)*.

Peýdasyz perişdeden aşna döw ýagşy (Nakyl).

## Sebäp we maksat doldurgyjy

Sebäp we maksat doldurgyjy kim sebäpli?, näme sebäpli?, kim üçin?, näme üçin?, näme etmäge? diýen soraglara jogap bolup, gymyldynyň ýüze çykmagynyň sebäbini ýa-da maksadyny görkezýär.

**Gönükme.** Göçüriň. Sebäp we maksat doldurgyçlaryny tapyň, olaryň aňladýan manylaryny aýdyň. Doldurgyçlaryň aşagyny çyzyň.

1. Ýaşaýyş üçin iň möhüm iýmit maddalarynyň biri beloklardyr, çünki her bir janly öýjük hem-de organizm üçin iň gymmatly iýmit bolup hyzmat edýän beloklar – etiň, balygyň, süýdüň, ýumurtganyň we kartoşkanyň beloklarydyr. Tebigy iýmit bolan süýdüň düzüminde ýaş organizmiň myşsalarynyň, süňkleriniň we nerw dokumalarynyň ösmegi we ganyň emele gelmegi üçin zerur bolan zatlaryň hemmesi bardyr («Öý-hojalyk işleri»).



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

2. Mugallymy syla, hormatla! Mugallym ömrüniň bütin dowamynda seniň dostuň we ýoldaşyň bolmaga çalyşýar (W.A. Suhomlinskiý).

3. Topraga taşlanan her bir tohumyň müň bolmagy ugrunda göreşmeli (Žurnaldan).

1. Baş düşümde gelen atlardan soň sebäpli, zerarly, mynasybetli kömekçilerini getirmek bilen.

*Meselem:*

*Biz ulagsyzlyk zerarly (näme zerarly?) kösendik.*

2. Baş we eýelik düşümde gelen atlardan, at hyzmatynda gelen sözlerden işligiň nämälim şekilinden soň üçin, ýolunda, ugrunda, maksady bilen kömekçilerini getirmek arkaly.

*Meselem:*

*Äşe eje gyzyny görmek üçin (näme üçin?) gelipdir.*

3. Ýöneliş düşümde gelen işligiň nämälim şekili kömekçi sözsüz-de sebäp hem maksat doldurgyjy bolup biler.

*Goňşy mekdebiň pälwanlary ýaryşmaga (näme etmäge?) geldiler.*

**Gönükme.** Sebäp hem maksat doldurgyçlaryny, olaryň baglanýan sözlerini tapyň. Aňladýan manylaryny düşündiriň.

1. Arkasy kädili bir gyz olaryň ýele ýanlaryndan suw almaga geldi. (*B.Kerbabaýew «Aýgytly ädim»*). 2. Gan ýer-suw sebäpli dökülipdir (*A.Gowşudow «Syrylan bulut»*). 3. Biziň üçin okamagyň hiç kynçylygy ýok. 4. Men kitap almak üçin dükana gitdim. 5. Biz gurply hem satlykly durmuş gurmak ugrunda bar güýjümiz bilen işleýäris (*Žurnaldan*). 6.Ynsan öz bagty üçin göreşmelidir. 7.Ol çölüň içinde suwsuzlyk zerarly heläk bolupdyr. 8. Söweş üçin gideý ganym üstüne, Döwdüleşip, munda geldi goçaklar (*Seýdi*).

**Gönükme.** *Arassaçylyk üçin, agzybirlik ugrunda* söz düzümlerinden peýdalanyp, özüňizden iki sany sözlem düzüň.

## Hal-ýagdaý doldurgyjy

Hal-ýagdaý doldurgyjy *nädip?, neneňsi?, nähili?, näme bilen?, kim bilen?* diýen soraglara jogap bolup, gymyldynyň nähili ýagdaýda, neneňsi bolup ýüze çykanyny, onuň hilini, başga biri bilen bilelikde bolanyny, kim ýa näme üsti bilen ýerine ýetirenini we şuňa meňzeşleri görkezip biler.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Gönükme.** Göçüriň. Hal-ýagdaý doldurgyçlaryny tapyp, olaryň baglanýan sözleriniň manylaryny anyklaýyşlaryny düşündiriň.

Adam ogly bir zada ýüregi bilen berlende, ol iş onuň ykbaly bilen baky badaşýar. As-Suly hem şeýle şahsyýetleriň biri bolupdyr. Ol dünýäniň ilkinji ezber küşt ussady diýip ykrar edilipdir. As-Sulynyň ökde küştçi bolup ýetişmeginde nesil şejeresiniň täsiri hökman bolaýmaly.

As-Suly öz halypasy al-Alynyň küşte dahylly pikirlerini has ösdüripdir. Küşt oýnunyň düzgünlerini gutarnykly işläpdir. Munuň şeýledigine küşt oýnunyň taryhyna degişli gadymy golýazmalar hem şaýatlyk edýär (*Gazetden*).

Hal-ýagdaý doldurgyjynyň ýasalyşynyň birnäçe ýoly bar:

1. Ýagdaý görkezýän hallardan.

*Serdar suwda arkanlygyna (neneňsi?) ýüzdi.*

2. Hal işliklerden.

*Ol işleýän ýerine çenli pyýadalap (nädip?) gitdy.*

3. Yzlaryna -ça, -çe goşulyp ýasalan sözlerden.

*Iňlis dili sapagynda okuwçylar iňlisçe (neneňsi?) gürleşýär.*

4. Hal hyzmatynda gelen sypatlardan.

*Okuwçylar her bir işde yhlasly (nähili?) zähmet çekýärler.*

5. Bilen, boýunça ýaly kömekçi sözler öz öňlerindäki sözler bilen birlikde hal-ýagdaý doldurgyjy bolup bilerler.

*Olar tabşyryk boýunça (näme boýunça?) hereket etdiler.*

**Gönükme.** Hal-ýagdaý doldurgyçlaryny tapyň. Olaryň sözlemdäki hyzmatyny düşündiriň.

Älem-jahan urşuň ot-ýalnyna, çaň-tozanyna garyldy. Ýazsoltanyň ýan-ýoldaşam, ýüzlerçe-müňlerçe ýigitler ýaly, jeň meýdanyndan dolanyp gelmedi. Iki ýaşly çagajyk bilen ýalňyz galan gara bagt ene ir bilen gelen musallaty bialaç çekmeli boldy. Ol armanly ýüreginiň bar hyjuwyny ýalňyz mydaryna – oguljygyna harç etdi. Gahatçylyk zamanynyň belaýy-nägehanlaryndan ony kükrek gerip goraglady, kiçijikliginden çig gaýmak bilen bakdy. Ogly üçin ýörite süýtli sygyr saklap, arpa-bugdaýy ýygnalan meýdanlardan penjesi bilen saman syrdy, ekinli pelleriň ýakasynda ot ýygdy. Ençeme gezek elini kesdirdi. Emma şonda-da ýeke dikrary bir gülüp bakanda, öz çekýän azaplaryny dünýäniň eşreti diýip bildi.

«Iki aýakly iki günde» diýleni. Onuň goçajygy ýapy ýaly ýigit bolup ýetişer, atasynyň ady bilen il-güne goşular, öýüniň tuguny belende



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

göterer, pylankesiň ogly pylany diýlip tanalar. Ýazsoltan göz guwanjy on alty ýaşandan, öýüň törüni ýaşyl kürteli gelin bilen bezemegiň arzuwyndady. Ol düýşünde öýüniň dulundan sallançak gerip, agtygyny allalaýardy, özi hem oňa uruşda ölen adamsynyň adyny dakyp: «Kakaly jan» diýýän şekillidi *(Žurnaldan).*

**Gönükme.** Böleklerden hal-ýagdaý doldurgyçlaryny we olaryň aýyklaýan sözlerini tapyň.

1. Ol atyň durşuna pugta syn etdim. 2. Rahman şadyýanlyk bilen gürrüňe başlady (*Gazetden*). 3. Umuman ýeriň ýüzi suw bilen örtülipdi (*«Üç pygamber»*). 4. Ullakan bir guşuň kölegesi ýalazy goňur çägäniň üstünden süýşüp geçdi. Depäme seretdim. Günüň astynda ýalňyz garaguş gaýyp barýar (*B.Hudaýnazarow «Akar suwuň aýdymy»*). 5. Ýaşuly … ýüzüniň çaňyny syýy bilen süpürdi, gözüne giren çaňy owkalap, gözýaşy bilen çykardy (*H. Derýaýew «Ykbal»*). 6. Tamlaryň, kepbeleriň turbalaryndan çykýan tüsseler düw-dagyn bolup pytraýardy (*A. Durdyýew «Saýlanan eserler»*). 7. Şatlyk haty owadan ýazýar. 8. At özüniň onlarça gelip-geçen ýolundan – gara daşlaryň üstünden aýaklaryny batyrgaý basyp gidip barýar (*N. Saryhanow «Şükür bagşy»*). 9. Gelin üçin kejebe ýasanlarynda nermaýany oňat bezäpdirler. Toýçular dürli nagyşly we pürçekli matalardan bezegleri düýäniň boýnuna, başyna gotazlap daňypdyrlar (*Gazetden*).
10. Çalyşman daş ýurduň gülleri bilen,
Aýakda yz goýan seniň tikeniň (*G. Ezizow*).

**Gönükme.** Hal-ýagdaý doldurgyçlarynyň baglanýan sözleriniň manysyny anyklaşdyryp gelşini düşündiriň. Baş agzalary we öwrenen aýyklaýjy agzalaryňyzy görkeziň. Göçüriň. Baş we aýyklaýjy agzalaryň aşagyny çyzyň.

## Magtymguly hakynda

«Men henize çenli şeýle özbolușly döredijiligi bilen, şeýle orginal häsiýetli, şygyrlary çuňňur mazmunly şahyra az duşupdym. Ony ähli halklara tanatmak gerek».

*Professor Nowiçenko.*

«Magtymguly türkmeniň poeziýasynyň gymmat baha daşlarynyň biri bolup, ol biziň zamanamyzda täze ýüzügiň gaşynda gözüňi gamaşdyryjy şöhlesi bilen lowurdaýar».

*Professor Ý. E. Bertels.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

«Magtymgulynyň nähili ömür sürüp ötendigini jikme- jik göz öňüne getirmek häzir kyn. … Emma biz onuň şygyrlaryny okaýarys, bularda şahyr bize öz döwri hakyn- da taryhçy adama-da başartmajak ussatlyk bilen gürrüň berýär».

*Ýazyjy N. Tihonow.*

«Gökleň urugynyň gerkez tiresinden bolan Magtymguly külli türkmeniň halypasydyr».

*Professor W. A. Uspenskiý.*

## Meňzetme doldurgyjy

Meňzetme doldurgyjy *neneňsi?, nähili?* diýen soraglara jogap bolup, bir gymyldy-hereketiň ikinji bir gymylda meňzedilýändigini görkezýär we öz yzyndan *ýaly, kimin, dek (deý)* kömekçileri getirilen sözlerden bolýar.
*Meselem:*
*Durdy suwda balyk kimin (neneňsi?) ýüzýär. Merjen hem haty meniň ýazyşym ýaly (neneňsi?) ýazypdyr. Men bu halyny Bägüliň dokaýşy ýaly (nähili?) dokamaga çalyşdym.*

Deňeşdiriň:

| Meňzetme aýyrgyjy | Meňzetme doldurgyjy |
|---|---|
| Gül ýaly çaga.<br>Guş kimin ýeňil. | Gül ýaly açylýar.<br>Guş kimin uçýar. |

**Gönükme.** Meňzetme doldurgyçlaryny we olaryň aýyklaýan sözlerini tapyň. Iki nokat goýlan sözleri ýazuw kadasyna laýyklap ýazyň.

1. Aş üst..nde it dek hyrlar,
   Ýersiz ýere har dek harlar,
   Her tilki bir şir dek gürlär,
   Murdar ölen läş üst..nde (*Magtymguly*).

2. Söýme watanyňy gursagňa urup,
   Eneňi söýş..ň dek söý..ber onam (*G.Ezizow*).

3. Gadym jarçylar dek bogazyň ýyrtyp,
   Ýagşylygyň hakda sözleseň, gowy däl (*B. Jütdiýew*).



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

4. Märekäniň ortasynda
   Toý..ň görki Taýmaz baba,
   Gelenleriň elin gysyp,
   Bök..p otyr misli çaga (*K.Gurbannepesow*).

5. Haryň işi hardyr, dostlar
   Müň magtasaň, atça bolmaz (*Magtymguly*).
6. Indi watanyň şükrüni,
   Ýagşy bilen ýaly boldum (*Zelili*).

Doldurgyçlaryň sintaktik derňew edilişi:

I. Doldurgyçlary sözlemden tapmak, olaryň aýyklaýan sözlerini görkezmek.

II. Doldurgyçlaryň görnüşini ýüze çykarmak:
1) wagt doldurgyjy;
2) orun doldurgyjy;
3) ýöneliş doldurgyjy;
4) ýeňiş doldurgyjy;
5) hakyndalyk doldurgyjy;
6) çykyş doldurgyjy;
7) sebäp hem maksat doldurgyjy;
8) hal-ýagdaý doldurgyjy;
9) meňzetme doldurgyjy.

III. Doldurgyçlaryň sözlemdäki hyzmaty.

**Gönükme.** Aşakdaky bölekleri okap, meňzetme aýyrgyjyny, meňzetme doldurgyjyny görkeziň, olaryň many aýratynlyklaryny düşündiriň.

1. Arap Reýhanyň boýy minara kimin, kellesi gümmez kimin, dişleri külüň kimin, sakgaly kelle urlan söwüt kimin, munuň kaddy-kamatyny görüp, patyşa öz hossaryny gören dek, ejizläp, gözünden ýaş goýberip aglaberdi («Görogly»). 2 .Şondan soň ol meniň bilen hem ýoldaşlarça, hatda doganlarça ýakymly sözleşdi («Nebitdag» romany). 3. Onuň garaja gözleri ot ýaly oýnap dur. 4. Onuň barmaklarynyň çaltlyk bilen hereket edişine hemmeler geň galan ýaly seredişýärdiler. 5. Saýadyň saçlary ýylan ýaly towlanýardy (Gazetden).

**Gönükme.** Göçüriň, doldurgyçlaryň aşagyny çyzyň, ýokarsyndan onuň haýsy görnüşine degişlidigini ýazyň.

Diýdim: «Gözel dünýä, ne gözel zaman,
Gülgün bahar, gülüstanly, läleli...»
Ýürek diýdi; «Çekilmäli yza biz,
Şu bossanda mydamalyk galaly...»



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Hasrat bilen dolumydy gözleriň,
Ýa-da özüň doňup galan gaýgymyň?
Ygtyýarym elden alyp sözleriň,
Meni derde goýdy seniň aýdymyň.

*H. Kulyýew*

**Gönükme.** Aşakdaky sözlemleri sintaktik taýdan derňäň.

1. Saýany ekmedik salkynda ýatmaz *(Nakyl).*
2. Gögüň ýüzi süýşe ýaly durlandy.
3. Dagyň aýna ýaly ýalpyldawuk daşlary uzakdan görünýär.
4. Gün çykyp, howa ýaz ýaly açyldy.
5. Täçli dilmaç oňa kinaýa bilen güldi.
6. Muny maslahata gelenlerden eşidip bildim.
7. Çaga ýaly şatlanyp, görmäge ugrady.
8. Biz mekdepden sagat ikide çykdyk.

**Teksti okaň we söz edebi baradaky pikirleri özleşdiriň. Aýratynlandyrylyp ýazylan sözleriň doldurgyçlaryň haýsy görnüşine degişlidigini aýdyp beriň.**



XI asyrda ýaşap geçen Keý-Kowus özüniň «Kowusnama» **kitabynda** söz edebini dört topara, ýagny birinjisi – bilinmegem we aýdylmagam gerek däl söz; ikinjisi – bilinmegem, aýdylmagam gerek söz; üçünjisi – gürrüň berilse bolýan, emma bilmeklik hökman däl söz; dördünjisi bolsa bilmeli-de, gürrüň bermeli-de däl sözdür diýip bölýär. Şu **öwütden** ugur alyp, köpçülikde näme hakynda gürrüň edip bolýar, näme hakynda gürrüň edip bolmaýandygyny seljermelidir.

Sözlemleriňiziň arasyny başga dilleriň sözleri bilen dürüşde etmek ýa her sözlemiň arasynda ýerliksiz **gülüp,** gerekmejek sözler **goşup,** elleriňi kelemenledip oturmak edepsizlik hasaplanýar. **Köpçülikde** gürlemek nobaty berilse, hökman jemagatyň **düzümine** seretmeli we şoňa laýyk sözlejek bolmaly. Her bir sözüň öz aýdylyş **äheňine,** tärine üns bermeli, ony aýtmagyň **ebeteýini** tapmaga çalyşmalydyr. Göräýmäge aýdylan gepiň manysy birdirem weli, **diňleýjä** tesir edişi dürli-dürlüdir. **«Kowusnamada»** şeýle hekaýat berilýär. Abbasylaryň bäşinji halyfy Harun ar-Reşit bir düýş görüpdir. Düýşünde onuň ähli dişleri dökülipdir. Ertesi ol ähli tagbyrçylaryny (düýşi ýorujylar) ýygnap, gören



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

düýşüniň **ýorgudyny** sorapdyr. Tagbyrçylaryň biri «Siziň kowum-garyndaşlaryňyzyň hemmesi ölüp, **ýanyňyzda** hiç kim galmaýar» diýýär. Bu jogap Harun ar-Reşidiň **gaharyny** getirýär we tagbyrça ýüz çybyk urdurýar. Gezek beýleki **tagbyrça** ýetýär. Ol: «Siz ähli dogan- garyndaşlaryňyzdan köp ýaşarsyňyz» diýýär. **Göwnühoş** bolan Harun tagbyrça ýüz tylla beripdir...

**Halyf Harun ar-Reşidiň düýşüni ýoran tagbyrçylaryň jogabyny deňeşdiriň. Patyşa näme üçin olaryň birinjisini jezalap, ikinjisine sowgat beripdir?**

| | |
|---|---|
| Siziň kowum-garyndaşlaryňyzyň hemmesi ölüp, ýanyňyzda hiç kim galmaýar | Siz ähli dogan- garyndaşlaryňyzdan köp ýaşarsyňyz |

Kowusnamada getirilen bu hekaýata aşakdaky haýsy nakyly söz-başy edip alsa bolar.

**Nakyllary dowam etdirip depderiňize göçüriň. Manysyny düşündirmäge çalşyň**

Seresap bolup sözleseň, dildir başyň galasy, biseresap gürleseň, ...
Ýagşy söz ýylany hinden çykarar, ýaman söz ...
Okaýan il ozar, ...

**Goşgyny okaň we doldurgyçlary tapyň. Olaryň doldurgyçlaryň haýsy görnüşine degişldigini anyklaň.**

## KITAP WE ALTYN HAKYNDA

Alym gije-gündiz dürler saçypdyr,
Söwdagär bir kaşaň dükan açypdyr.

Akyl-huşun jemläp ýazypdyr alym,
Söwdagär il aldap, bozupdyr pälin.
Kitabyň yzyndan döräpdir kitap,
Söwdagär baýapdyr, il içi tütäp...

Alym wagt gelip, ýogalan ahyr,
Söwdagärem baka ötüpdir pahyr.
Alym kitaplaryn galdyran ilde,
Söwdagär altynyn gizläp zibilde.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Kitaplary okap, il akyl alan,
Altyn ýere siňip ýitirim bolan.
Alym okalyp ýör, müdimi gerçek,
Söwdagärem ýatdan çykypdyr birçak.

*Eziz Ykbal.*

**Aşakdaky söz we söz düzümlerini okaň. Olar nähili pursatda ulanylýar? Olary sözlem içinde getirip sözlem düzüň.**

| | |
|---|---|
| Ertiriňiz haýyrly bolsun | Gijäňiz rahat bolsun |
| Armaweriň | Sag boluň |
| Minnetdar | Bagyşlaň |
| Taňryýalkasyn | Ýagşy bolýaňyzmy |
| Hoş geldiňiz | Ýoluňyz ak bolsun |
| Işdäňiz açyk bolsun | Gutly bolsun |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Rowaýaty okaň we doldurgyç bolup gelen sözleri tapyň.**

Gadymy zamanlarda Babalakgy diýen dilewar, gepe çeper adam ýaşapdyr. Ol toýuň-meýlisiň bezegi hasaplanypdyr. Adamlar ony ýörite çagyryp, gürrüňini diňläpdirler. Bir jahyl dilewarsyrap: «Baba aga, ýüz geplän öler» diýipdirler welin, siz-ä her meýlisde müň



gürleseňizem öleňzok» diýip, ony utandyrjak bolupdyr. Onda Babalakgy: «Inim, men märekäniň halajak gürrüňini edýän. Eger seňiň agzyň bilen gürlän bolsam, ýüz-ä däl, elli gep aýtmankam öldürerdiler» diýipdir.

**Gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar**

1. Doldurgyçlar diýip nämä aýdylýar?
2. Doldurgyçlaryň näçe görnüşi bar? Olar haýsylar?
3. Doldurgyçlaryň sözlemdäki hyzmaty nähili?
4. Meňzetme doldurgyjy bilen meňzetme aýyrgyjynyň tapawudyny düşündiriň.
5. Meňzetme doldurgyjynyň many aýratynlyklaryny düşündiriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## BILIMIŇIZI BARLAŇ

1. Sözlemiň işlikden we işlik şekillerinden bolan her bir agzasyna baglanyp, şolary aýyklap gelýän sözlere näme diýilýär?
A. Eýe
B. Habar
C. Aýyrgyç
D. Doldurgyç

2. Doldurgyçlaryň haýsy görnüşi aýyklanýan sözüniň, aňladýan gymyldy-hereketiniň wagtyny bildirip, haçan?, näwagt?, näçe wagt? diýen saraglara jogap bolýar?
A. Wagt doldurgyjy
B. Orun doldurgyjy
C. Ýöneliş doldurgyjy
D. Ýeňiş doldurgyjy

3. Doldurgyçlar aňladýan manylaryna we jogap bolýan soraglaryna garap, näçe topara bölünýärler?
A. 3
B. 5
C. 7
D. 9

4. **Köpden bäri** edip ýören arzuwymyz hasyl boldy. Bu sözlemdäki aýratynlandyrylan söz doldurgyçlaryň haýsy görnüşine degişli?
A. Wagt doldurgyjy
B. Orun doldurgyjy
C. Ýöneliş doldurgyjy
D. Ýeňiş doldurgyjy

5. Kimde?, nämede?, nirede? diýen soraglara doldurgyçlaryň haýsy görnüşi jogap bolýar?
A. Wagt doldurgyjy
B. Orun doldurgyjy
C. Ýöneliş doldurgyjy
D. Ýeňiş doldurgyjy

6. Göreldeli **okuwçylara** sylag haty tabşyryldy. Bu sözlemdäki aýratynlandyrylan söz doldurgyçlaryň haýsy görnüşine degişli?
A. Wagt doldurgyjy
B. Orun doldurgyjy
C. Ýöneliş doldurgyjy
D. Ýeňiş doldurgyjy



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

7. Kimi?, nämäni?, niräni?, näçäni? diýen soraglara jogap bolup, gymyldynyň haýsy zada geçýändigini, haýsy zada täsir edýändigini doldurgyçlaryň haýsy görnüşi aňladýar?
A. Çykyş doldurgyjy
B. Orun doldurgyjy
C. Ýöneliş doldurgyjy
D. Ýeňiş doldurgyjy

8. Hakynda, dogrusynda, barasynda, babatynda, hakda, dogruda, barada ýaly kömekçi sözleri getirmek bilen doldurgyçlaryň haýsy görnüşi emele gelýär?
A. Çykyş doldurgyjy
B. Hakyndalyk doldurgyjy
C. Orun doldurgyjy
D. Hal-ýagdaý doldurgyjy

9. Kimden?, nämeden?, nireden?, näçeden? diýen soraglara jogap bolup, köplenç gymyldynyň başlanan nokadyny, bir zadyň alnan ýerini, onuň nämeden edilendigini we şuňa meňzeşleri doldurgyçlaryň haýsy görnüşi görkezip gelýär?
A. Çykyş doldurgyjy
B. Orun doldurgyjy
C. Ýöneliş doldurgyjy
D. Ýeňiş doldurgyjy

10. Kim sebäpli?, näme sebäpli?, kim üçin?, näme üçin?, näme etmäge? diýen soraglara jogap bolup, gymyldynyň ýüze çykmagynyň sebäbini ýa-da maksadyny doldurgyçlaryň haýsy görnüşi görkezýär?
A. Meňzetme doldurgyjy
B. Hakyndalyk doldurgyjy
C. Sebäp we maksat doldurgyjy
D. Hal-ýagdaý doldurgyjy

11. Nädip?, neneňsi?, nähili?, näme bilen?, kim bilen? diýen soraglara jogap bolup, gymyldynyň nähili ýagdaýda, neneňsi bolup ýüze çykanyny, onuň hilini, başga biri bilen bilelikde bolanyny, kim ýa näme üsti bilen ýerine ýetirenini we şuňa meňzeşleri doldurgyçlaryň haýsy görnüşi görkezip biler?
A. Meňzetme doldurgyjy
B. Hakyndalyk doldurgyjy
C. Sebäp we maksat doldurgyjy
D. Hal-ýagdaý doldurgyjy



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# VIII bölüm

# TARYH HAZYNALARY

- AÇYK ASMAN ASTYNDAKY MUZEÝ
- DEMIR ÝOLLAR



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# AÇYK ASMANYŇ ASTYNDAKY MUZEÝ

**Surata syn ediň. Soraglara jogap beriň.**

Bu medrese haýsy şäherde ýerleşýär?
Suratda berlen goşgy haýsy şahyra degişli?
Şahyr näme sebäpden bu goşgyny döredipdir?



*Mekan eýläp üç ýil iýdim duzuňy,*
*Gider boldum, hoş gal gözel Şirgazy!*
*Ötürdim gyşyňy, nowruz-ýazyňy,*
*Gider boldum, hoş gal, gözel Şirgazy!*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Teksti okaly, mazmunyna üns bereli.**

## HYWA

Hywa, Merkezi Aziýanyň ähmiýetli şäherleriniň biri. Amyderýanyň çep kenarynda, Horezm welaýatynyň günorta böleginde ýerleşýär.

Bu ajaýyp ýadygärlik-şäher öz sebitiniň medeni nusgasyny doly saklap galan ýer hasaplanýar. Ol 1967-nji ýylda goraghana şäher derejesine eýe boldy, 1990-njy ýylda bolsa Hywanyň bir etraby – Içan-kala ÝUNESKO tarapyndan dünýä ähmiýetli taryhy ýadygärlik diýlip yglan edildi. Hywanyň ençeme medreseleriniň, metjitleriniň, minaralarynyň we köşkleriniň gözelligi we binagärlik keşbi boýunça ajaýyp binalary Hywa hanlygynyň döwrüne, ýagny XVII–XX asyrlara degişlidir.

Bu şäheriň esasy gözellikleri gadymy Içan-kala galanyň içinde ýerleşýär.

Häzir Içan-kala – bu açyk asmanyň astyndaky muzeý bolup, bu ýerde, 26 gektar meýdana deň bolan ägirt uly çäkde Gündogar şäheriniň täsin keşbi saklanyp galypdyr. Ýöne esasy zat toplumyň



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

bu böleginde 300-e golaý maşgala ýaşap, olaryň esasan, dürli senetler bilen meşgullanmagy bolup durýar.

Içan-kalanyň düzümine taryhy desgalaryň 60-a golaýy girýär. Bu ýerde Köne Ark gala, Uly Howly köşgi, 213 sany dik sütüni bolan meşhur Juma metjidi, Hywanyň nyşany – Islam Hoja minarasy we ençeme beýleki täsin taryhy ýadygärlikleri görmek bolýar.

Esasy gözellikleriň biri Muhammet Emin han medresesidir. Bu medrese Hywa hanynyň buýurmasy boýunça 1851–1854-nji ýyllarda tutuş Merkezi Aziýanyň çäklerinde gurlan iri medresedir. Iki gatly bina 260 talyba niýetlenendir.

Binanyň depesinde gümmezleriň 5-si hem-de burçdaky diňler belende galýar. Onuň öň ýüzi syrçalanan kerpiçden ajaýyp bezelipdir. Agaç gapylar ýüzüne çekilen nagyşlar bilen gözüňi dokundyrýar. Çeper keramikaly bezeg serişdeleri owadan nagyşlar bilen ünsüňi çekýär. Girelgäniň depesinde bolsa arap dilinde «Bu ajaýyp bina nesilleriň şatlygy üçin baky durar» diýen ýazgy görünýär. Köp sanly wakuf ýerlerine eýe bolup, ozallar iň baý okuw binalarynyň biri bolan desga taryhy keşbini saklapdyr we ýüzýyllyklar geçenden soň hem Hywanyň ýaşaýjylaryny we myhmanlaryny ajaýyplygy bilen haýran galdyrýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Medresäniň öň ýanynda şäheriň esasy nyşanlarynyň biri bolan Kelte minara ör-boýuna galýar. Onuň gurluşygyna hem Muhammet Emin han ýolbaşçylyk edipdir. Desganyň binýady 15 metr çuňluga gidýär, binýadynyň diametri 14,5 metre, beýikligi bolsa 29 metre barabardyr. Ýöne bu uly diň öz taslama beýikliginiň diňe üçden bir bölegine laýyk derejede belende galýar. Kelte minaranyň täsin bezelişi bir ýarym asyrdan soň hem ajaýyplygy bilen haýran galdyrýar: ol dolulygyna syrçalanan gurluşyk serişdeleri we maýoliko bilen bezelip, 1855-nji ýylda hem bolşy ýaly, häzir hem täzeligini we owadanlygyny saklaýar. Şeýle diňler dünýäde başga ýokdur.

1871-nji ýylda Muhammet Rahym han II-niň maliýe ministri Muhammet Nyýaz tarapyndan gurlan Mätniýaz Dowanbegi medresesi hem binagärlik aýratynlygy taýyndan tapawutlanýar.

Toplumyň düzüminde on hüjre, dershanalar, gyşky we tomusky metjitler bar. Esasy bezegler medresäniň merkezi girelgesinde, girelge böleginde «islim» diýen ösümlikler şekillendirilen nagyşlary bolan maýolik plitalaryň görnüşinde ýerine ýetirilipdir, şeýle nagyşlar, diňe oýlup haşamlanyp çekilen nagyşlar girilýän goşa gapyda bar.

«Kozi Kalon» medresesiniň binasy hem owadan bolup, ol Salimiň baş kazysy Ahun han tarapyndan gurlupdyr. Bu ýerde dini derslerden başga-da kanunçylygyň we salgyt salmagyň esaslaryny okadypdyrlar. Gurluşyga Horezmiň meşhur ussalary gatnaşypdyrlar. Häzirki wagtda medresäniň otaglarynda «Horezmiň aýdym-saz sungaty» muzeýi ýerleşip, ol ýerde bu ulgamda gadymy döwürlerden şu günlerimize çenli aýdym-sazyň ösüşiniň taryhyny beýan edýän serişdeleriň 352-si goýlupdyr.

**Ýumuş**

1. Tekstden muzeý bilen baglanyşykly dil birliklerini tapaly.
2. Alynma sözleriň haýsy dillerden geçendigini anyklamaga çalşaly.
3. Aýratynlandyrylyp ýazylan sözlemlerden deňdeş agzalary tapyň.

## Sözlemiň deňdeş agzalary

Deň heň, deň säginme bilen aýdylýan, bir söze baglanyp, deň soraga jogap bolýan sözlere deňdeş agzalar diýilýär.
Meselem:
*Ýurdumyzyň **Hywa, Buhara, Samarkant** şäherleri gadymydyr.*

Sözlemiň haýsy agzalary bolşuna garap, deňdeş agzalar öz aralarynda dört topara bölünýärler



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Deňdeş eýeler* | *Deňdeş habarlar*

*Deňdeş agzalar*

*Deňdeş aýyrgyçlar* | *Deňdeş doldurgyçlar*

**Ýumuş**

Watanymyzda ýerleşýan gadymy şäherler barada näme bilýärsiňiz? Aşakdaky şäherler barada bilýän maglumatlaryňyzy ýazyň.

*Samarkant* | *Buhara*

**Ýumuş**

Aşakdaky böleklerden deňdeş agzalary tapyň. Nähili soraga jogaş bolýandygyny aýdyp beriň

1. Hywanyň ençeme medreseleriniň, metjitleriniň, minaralarynyň we köşkleriniň gözelligi we binagärlik keşbi boýunça ajaýyp binalary Hywa hanlygynyň döwrüne, ýagny XVII — XX asyrlara degişlidir.

2. Magtymguly esasy bilimi Hywadaky «Sirgazy» medresesinde alýar. Ol Sirgazy medresesinde üç ýyl okaýar. Medresede berilýän dersleriň daşynda hem Gündogaryň görnükli şahyrlary: Nyzamynyň, Nesiminiň, Fizulynyň, Nowaýynyň we başgalaryň eserlerini irginsiz okaýar. Ol medresede okaýanlaryň arasynda özuni derrew tanadyp, zehinli talyplaryň hataryna goşulýar. Okuwyň ilkinji ýylynda Magtymguly talyplaryň halypasy bolýar. Soňky ýylda bolsa, mugallym özi ýok wagty ders geçirmegi-de Magtymgula ynanýar ekeni.

**Goşgyny okaň.** Goşgy bentlerinden deňdeş agzalary tapyň.

## GÖZEL ŞIRGAZY

Mekan eýläp, üç ýyl iýdim duzuňy,
Gider boldum, hoş gal, gözel Şirgazy!
Ötürdim gyşyňy, nowruz-ýazyňy,
Gider boldum, hoş gal, gözel Şirgazy!

Hakdan bize buýruk baglydyr bilim,
Sende taglym aldy, açyldy dilim,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Gelsin diýip garar ol gerkez ilim,
Gider boldum, hoş gal, gözel Şirgazy!

Seljerer men indi agy-garany,
Dost, rakyp, gardaşym, haky, ýarany,
Okydym, göterdim kitap Kurany,
Gider boldum, hoş gal, gözel Şirgazy!

Magtymguly taşlap göwün hapasyn,
Sylady pirini, molla, sopusyn...
Daýym unutmaz men tylla gapysyn,
Gider boldum, hoş gal, gözel Şirgazy!

## DEŇDEŞ EÝELER WE DEŇDEŞ HABARLAR

Eýeden bolan deňdeş agzalar deňdeş eýelerdir.
Meselem:
*1. **Köse bilen Görogly** bir dagyň üstünden atlaryny ýanaşdyryp barýardy («Görogly»).*
*2. Ýaşajyk **sazaklar, çerkezler** görünýär. 3. Onuň öýünde **dostlary, agini-garyndaşlary** bardy (Gazetden).*

Habardan bolan deňdeş agzalar deňdeş habarlardyr.
*Meselem:*
*1. Ony özi **biçipdi** we **tikipdi**. 2. Biz türkmen dilini söýýäris we ony **öwrenýäris**. 3. Jerenjik **alçakdy, şadyýandy.***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Gönükme.** Bölekden deňdeş eýeleri we deňdeş habarlary tapyň. Olaryň sözlemiň çeperçilik taýdan täsirini düşündiriň.

1. Rowaýatlaryň birinde aýdylşyna görä gadymy Hywa şäheri mukaddes kitaplardaky Nuhuň ogly Sam tarapyndan esaslandyrylanmyş. ...Ol sähra ortasynda guýy gazamaga başlaýar. Ýoldan geçip barýan kerwenler we söwdagärler şol guýynyň süýji suwundan dadyp görýärler.Olar «Hewah» ýagny «Gör neneň gowy» diýenmişler. Ine, şeýlelikde bir şäher peýda bolanmyş, uly şäher bolanmyş.

2. Hywa şäheri häzirki günde ÝUNESKO hemaýatyndadyr, goragyndadyr.

3. Hywa şäheriniň görküne görk goşýan, esasan täsin hüjreli, medreseler, haşamly metjitler we uly howluly kerwensaraýlarydyr.

4. Hywa şäheri 1220-nji ýylda Çiňgiz han tarapyndan basyp alynýar we weýran edilýär.

5. Hywa şäherinde türkmen şahyrlaryndan Magtymguly Pyragy, Gurbandurdy Zelili, Seýitnazar Seýdi bilim alypdyr.

6. Hywa şäheri iki bölekden ybarat bolup,olara Dişan gala we Içan gala diýilýär.

**Teksti okaň we demir ýol baradaky maglumatlary özleşdiriň. Soraglara jogap beriň.**

## DEMIR ÝOLLAR

Watanymyzyň demir ýollary barada söz açsak, ilki bilen onuň taryh sahypalaryna bir nazar salalyň.

Özbegistan Watanymyzyň, umuman Orta Aziýanyň demir ýol bilen üpjün edilmegini Rossiýa bilen baglamazlygyň mümkinçiligi ýokdur. Sebäbi Rossiýa Özbegistanda şol sanda tutuş Orta Aziýada özleriniň **syýasy, harby** maksatlaryny amala aşyrmak üçin XIX asyryň ahyrynda – XX asyryň başlarynda ilki demir ýol gurmak işini ýola goýýar.

Orta Aziýada demir ýol çekmek işi ilki 1880-nji ýylda Kaspi kenarynda (Türkmenistan territoriýasyndan) başlanyp, 1886-njy ýylda Çärjewe getirilýär we ondan Amyderýa üstüne köpri gurlup, Özbegistanyň territoriýasyna – Samarkanda ilki demir ýol çekilýär. Şondan soň demir ýollar ähli şäherlere ýetirilýär. Söwet hökümeti döwründe Orta Aziýa demir ýollary **Özbegistan, Türkmenistan, Täjigistan** esasanam **Gyrgyzystan** demir ýol ulgamyny birleşdirýär. Demir ýol ulgamynyň dolandyryş merkez Daşkentde bolýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




Ikinji jahan urşy ýyllarynda demir ýol Orta Aziýany Kawkaz we merkez bilen baglaýar. Elbetde, şol döwürde ulgamda edilen uly ösüşleri görmek bolýar.

Özbegistan Respublikasy öz garaşsyzlygyna eýe bolandan soň, täze polat yzlaryny (magistral) şekillendirmek boýunça uly işler edildi. Gyzylgum çöllerinde Nowaýy-Üçguduk-Sultanuwesdag-Nöküs demir ýollar ulgamy guruldy. Amyderýa arkaly demir ýol-awtomabil goşma köprüsi döredildi we Daşgüzer-Boýsun-Kumkorgan demir ýoly guruldy. Bar bolan demir ýol ulgamyny modernizasiýalaşdyrmaga hem uly üns berilýär.

Orta Aziýa territoriýasynda Daşkentden Samarkanda çenli ilki ýokary tizlige eýe bolan ýolagçy otly hereketini döretmek maksadynda 2008-nji ýyl «Özbegistan demir ýollary AJ we «Talgo» (Ispaniýa) kompaniýasy ortasynda 2 sany ýokary tizlige eýe ýolagçy elektropoýezdlereni satyn almak dogrusynda resminama gol çekilýär.

2011-nji ýylyň 8-nji oktýabrynda «Afrosiýob» (Ispaniýanyň «Talgo» kompaniýasy tarapyndan işläp çykarylan) ýokary tizlikde hereketlenýän otly Daşkent-Samarkant-Daşkent 161/162 sanly ýöneliş boýlap işe düşürildi. Bu edilen haýyrly işler Özbegistan Watanymyzyň ösüşine uly ýardam berer.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Soraglar we ýumuşlar**

1. Orta Aziýada demir ýol gurmak işi haçan başlanýar?
2. Garaşsyzlyk ýyllarynda haýsy ugurlar boýunça demir ýollar guruldy?
4. Demir ýollaryň ähmiýeti barada gürrüň beriň.
5. Özbegistanyň ykdysadyýeti üçin haýsy ýollaryň ähmiýeti uly diýip oýlaýarsyňyz?
6. Özbegistanyň deňiz ýollaryna çykmaga mümkinçiligi barmy?

## DEŇDEŞ AÝYRGYÇLAR WE DEŇDEŞ DOLDURGYÇLAR

Aýyrgyçlardan bolan deňdeş agzalar deňdeş aýyrgyçlardyr.
*Meselem:*
*Ortadan ýokary, daýaw, tutuş bir ýigit gapydan ätledi (B. Kerbabaýew).*
Doldurgyçlardan bolan deňdeş agzalar deňdeş doldurgyçlardyr.
*Meselem:*
*Sowuga we beýleki mahrumçylyklara çydam etmegi başar.*

**Gönükme.** Okaň. Böleklerden deňdeş aýyrgyçlary we deňdeş doldurgyçlary tapyň.

1. Ýurdumyzyň demir ýol ulgamy ýolagçylary we agyr ýükleri bellenen menzile ýetirmek üçin bökdençsiz işleýär.
2. Özbegistan demir ýollardan, gara ýollardan, howa ýollaryndan giň gerimde peýdalanýar.
3. Daşkende Samarkanda, Hywa, Nöküse barmak üçin etrabyňyzda demir ýol barmy?
4. Daşkent bilen Samarkant şäherleriniň arasynda «Afrasiýab» atly tiz ýörer otly hereket edýär.

**Gönükme.** Deňdeş agzalary tapyň. Degişli dyngy belgilerini goýup göçüriň. Deňdeş agzalaryň aşagyny çyzyň.

Gadymdan bäri döredilip özgerdilip timarlanyp gelinýän halk döredijiligi eserleri ýöne güýmenje wagt geçirmek üçin döredilmändir olaryň öz döwri we soňraky nesiller üçin bahasyna ýetip bolmajak örän uly öwredijilik we terbiýeçilik ähmiýeti bar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DEŇDEŞ AGZALY SÖZLEMDE BAGLANYŞYK WE DYNGY BELGILER

Deňdeş agzalar biri-birleri bilen iki ýol arkaly baglanyş ýarlar:

I. Intonasiýa arkaly baglanyşy. Munda deňdeş agzalar birmeňzeş heň, deň pauza bilen aýdylýar.

Ol hyjuwly ýaşaýar, işleýär, göreşýär. Shemasy: [D, D, D].

II. Baglaýjy kömekçiler arkaly baglanyşy. Deňdeş agzalaryň bu baglanyşy baglaýjy kömekçileriň hyzmatlaryna garap, alty topara bölünýär:

1. Ugurdaşlygy görkezýänler: we, hem, hem-de, - da,- de, bilen.

Amana, Gunça, Jerene we Gyrmyza sylag berildi. [D, D, D we D].

2. Garşylygy görkezýänler: emma, ýöne, weli, welin.

Bäşim atdan ýykyldy, emma (ýöne) aglamady. [D, emma D], [D, ýöne D].

3. Garşylygy we şert görkezýänler: ýogsa, ýogsam bolmasa.

Jan edip göreşdiň, ýogsa (ýogsam, ýogsam bolmasa) ýykylardyň. [D, ýogsa D], [D, ýogsam D], [D, ýogsam bolmasa].

4. Ikuçlulygy görkezýänler: ýa, ýa-da .

Nowruza bagyşlanan bäsleşikde altynjylar ýa (ýa-da) ýedinjiler üstün çykarlar. [D ýa D], [D ýa-da D].

5. Gezekleşige görkezýänler: kä, käte.

Sazanda kä (kä, käte) saz çalardy, kä (käte, käte) hiňlenerdi. [kä D, kä D], [kä D, käte D], [käte D, käte D].

6.Ýoklugy görkezýänler: ne, ne-de.

Ne okadyň, ne (ne-de) işldeiň. [ne D, ne D], [ne D, ne- de D].

**Gönükme.** Şu aşakdaky shemalara laýyk gelýän deňdeş agzaly sözlemler düzüň: [D, D, D we D], [D weli D], [D bilen D], [D, ýogsam D].

## SÖZLEMDE DEŇDEŞ AGZALAR BILEN ULANYLÝAN JEMLEÝJI SÖZLER

Sözlemde deňdeş agzalaryň manylaryny umumylaşdyrýan sözler jemleýji sözlerdir.

Olar deňdeş agzalaryň öňünden ýa-da yzyndan gelýärler. Jemleýji söz deňdeş agzalaryň öňünden gelse, ýazuwda onuň yzyndan iki nokat (:) goýulýar.

*Meselem:*

*Mekdebiň okuwçylaryndan ikisi: Ogulbibi we Aýjemal çeper höwesjeňleriň bäsleşiginde birinji ýere mynasyp boldular. [J: D we D].*

Eger jemleýji söz sözlemiň deňdeş agzalarynyň yzyndan gelse, onda jemleýji sözüň öňünden kese çyzyk (–) goýulýar.

*Meselem:*

*Çary, Hoşgeldi, Öwez, Wüşi kel – dördüsi tirkeşip, edaranyň jaýyna tarap ugradylar. [D, D, D, D –J].*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Gönükme.** Sözlemiň degişli ýerinde jemleýji sözlerden öň ýa soň deňdeş agzalary getiriň.

1. Özbegistandaky gazylyp alynýan peýdaly baýlyklardan: …, …, …, … görkezmek bolar. 2. Özbegistandaky esasy daglar: …, …, … 3. …, …, … – üçüsi synpymyzyň ökde okuwçylarydyr. 4. Gyzlardan bäşisi: …, …, …, …, … goşgyny labyzly okady. 5. …, …, …, …, … – bular ýurdumyzdaky iň gadymy şäherlerdir.









**Deňdeş agzalaryň sintaktik derňew edilişi:**

I. Deňdeş agzalary sözlemden tapmak.
II. Deňdeş agzalaryň görnüşleri:
1) deňdeş eýeler;
2) deňdeş habarlar;
3) deňdeş aýyrgyçlar;
4) deňdeş doldurgyçlar.
III. Deňdeş agzalaryň baglanyşy:
1) äheň arkaly;
2) baglaýjy kömekçiler arkaly.
IV. Deňdeş agzalaryň jemleýji sözler bilen gelişleri.
V. Deňdeş agzalaryň sözlemdäki hyzmaty.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Deňdeş agzalary sintaktik derňew ediň.**

1.Özbegistan demir ýollardan, gara ýollardan, howa ýollaryndan giň gerimde peýdalanýar.

2. Daşkent bilen Samarkant şäherleriniň arasynda «Afrasiýab» atly tiz ýörer otly hereket edýär.

**Gönükme.** Özbegistanyň döwlet gerbinde şekillendirilen zatlar barada pikiriňizi iş depderiňize ýazyň.

**Gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar**

1. Sözlemiň nähili agzalaryna deňdeş agzalar diýilýär?
2. Deňdeş eýeleri, habarlary, aýyrgyçlary we doldurgyçlary tapawutlandyryp bilýärmisiňiz?
3. Deňdeş agzalar bir-birleri bilen nähili baglanyşýarlar?
4. Baglaýjy kömekçiler sözlemdäki hyzmatlaryna görä haýsy topara bölünýärler? Mysallarda görkeziň.
5. Baglaýjy kömekçiler bilen gelen deňdeş agzalaryň aralaryndaky dyngy belgileriň goýluşyny düşündiriň.
6. Sözlemde deňdeş agzalar bilen jemleýji sözleriň arasynda nähili dyngy belgileri goýulýar? Mysallarda subut ediň.

## BILIMIŇIZI BARLAŇ

1. Deň heň, deň säginme bilen aýdylýan, bir söze baglanyp, deň soraga jogap bolýan sözler nähili agzalardyr?

A. Baş agza
B. Deňdeş agza
C. Aýyklaýjy agza
D. Sözlem

2. Sözlemiň haýsy agzalary bolşuna garap, deňdeş agzalar öz aralarynda näçe topara bölünýärler?

A. 2 B. 3 C. 4 D. 5

3. Deňdeş agzalar biri-birleri bilen näçe ýol arkaly baglanşýarlar?

A. 1 B. 2 C. 3 D. 4

4. Ýazuwda äheň arkaly baglanyşan deňdeş agzalaryň aralaryna nähili dyngy belgi goýulýar?

A. Otur B. Iki nokat
C. Defis D. Kese çyzyk



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

5. Haýsy baglaýjy deňdeş agzalaryň arasynda birden artyk gaýtalanmaýar?
A. Ýa B. Bilen C. Hem D. We

6. Jemleýji söz deňdeş agzalaryň öňünden gelse, ýazuwda onuň yzyndan nähili dyngy belgi goýulýar?
A. Otur B. Iki nokat
C. Defis D. Kese çyzyk

7. Eger jemleýji söz sözlemiň deňdeş agzalarynyň yzyndan gelse, onda jemleýji sözüň öňünden nähili dyngy belgi goýulýar?
A. Otur B. Iki nokat
C. Defis D. Kese çyzyk

8. Sözlemde deňdeş agzalaryň manylaryny umumylaşdyrýan sözler nähili sözlerdir?
A. Giriş sözler
B. Jogap sözler
C. Jemleýji sözler
D. Modal sözler

9. Ony özi biçipdi we tikipdi. Biz türkmen dilini söýýäris we ony öwrenýäris. Bu sözlemlerde nähili deňdeş agza bar?
A. Deňdeş eýe
B. Deňdeş habar
C. Deşdeş aýyrgyç
D. Deňdeş doldurgyç

10. Ortadan ýokary, daýaw, tutuş bir ýigit gapydan ätledi. Bu sözlemlerde nähili deňdeş agza bar?
A. Deňdeş eýe
B. Deňdeş habar
C. Deşdeş aýyrgyç
D. Deňdeş doldurgyç

11. Aşakdakylaryň haýsysy ugurdaşlygy görkezýän baglaýjylar?
A. emma, ýöne
B. we, hem
C. ýogsa, ýogsam
D. ýa, ýa-da

12. Deňdeş agzalaryň kömekçiler arkaly baglanyşy, baglaýjy kömekçileriň hyzmatlaryna garap näçe topara bölünýär?
A. 6 B. 8 C. 3 D. 4



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# IX bölüm

# SUNGAT WE MEDENIÝET

- ZAHIRIDDIN MUHAMMET BABYR
- «ŞARK TARONALARI» FESTIWALY



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ZAHIRIDDIN MUHAMMET BABYR

**Teksti okaly, mazmunyny özleşdirmäge çalşaly**





## ZAHIRIDDIN MUHAMMET BABYR
## (1483 – 1530)

Zahiriddin Muhammet Babyr Gündogar edebiýatynyň görnükli wekili, meşhur döwlet işgäri, tanymal harby serkerde. Ol 1483-nji ýylyň 14-nji fewralynda Özbegistanyň Fergana welaýatynda dünýä inýär. Babyr şahyryň edebi tahallusydyr. Ol şahyra islendik kyn pursatlarda edermenlik, gaýduwsyzlyk, mertlik bilen aýgytly, dogry, adalatly, halk bähbitli çözgütleri çykaryp bilýänligi üçin berlipdir.

Zahiriddin Muhammet Babyr 1504-nji ýylda «Hatty Babyr» ady bilen edebi medeniýetde täze ýazuw kadalaryny döredýär. 1527-nji ýylyň 16-njy martynda şahyr Hindistanda Mogollar hökümdarlygynyň nesilşalygyny esaslandyrýar. 1530-njy ýylyň 26-njy noýabrynda Zahiriddin Muhammet Babyr Kabulda 48 ýaşynyň içinde aradan çykýar.

Zahiriddin Muhammet Babyryň döwründe edebiýatyň dili parsy we türki diliň çagataý görnüşinde rowaçlanypdyr. Zahiriddin Muhammet Babyryň edebi-döredijilik mekdebiniň däplerini Baýram han Türk-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

men, Mir Dosty Samarkandy, Abdyrahym han Türkmen, Ýolguly Enisi, Mürzeguly Meýli, şa Humaýunyň ogly Kamran, Hasan beg Şamly, Molla Jahy ýaly şägirtleri dowam etdirýärler. Akyldaryň 35 baby öz içine alýan «Babyrnama» atly eseri dünýä edebiýatynyň altyn hazynasynda uly orun eýeleýär. Üç bölümden ybarat bolan bu eseri döretmeklige şahyr 30 ýylyny sarp edipdir. Bu eser Ekber şanyň döwründe üç gezek pars diline terjime edilipdir. Baýram han Türkmeniň ogly Abdyrahym hanyň «Babyrnama» atly eseriniň 1598-nji ýyldaky terjimesi iň oňat nusgalaryň biri hasap edilýär. «Babyrnama» ýöriş ýazgylarynyň kyssalary bilen bezelip, onda Merkezi Aziýa halklarynyň we döwletleriniň tebigy aýratynlyklary, olaryň ýerleşişi, şäherleri, orta asyr obalarynyň etnografik-jemgyýetçilik, dürli taryhy gymmatlyklary, şahyrlary, alymlary, galalary, ösümlik we haýwanat dünýäsiniň sebitleýin durmuş ýagdaýlary, kerwensaraýlar, ýol menzilleriniň ugurlary barada gyzykly hekaýatlar, taryhy maglumatlar beýan edilýär.

### Soraglar we ýumuşlar

1. Eserdäki adam atlarynyň ýazylyşyna üns beriň.
2. «Babyrnama» eseriniň ähmiýetini düşündiriň.
3. Tekstdäki sözlemleriň gurluşyna üns beriň.

## ÝÖNEKEÝ SÖZLEMLERIŇ GURLUŞY




## Ýygnak we ýaýraň ýönekeý sözlemler

Eýe bilen habardan (baş agzalardan) düzülen sözleme ýygnak ýönekeý sözlem diýilýär.
*Meselem:*
*Goýun otlaýar. Aman oýnaýar. Ol ýazýar.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Öz içinde eýe bilen habardan başga aýyklaýjy agzalary bolan sözlemlere ýaýraň ýönekeý sözlem diýilýär.
*Meselem:*
*Sakarja göläm gowy otlaýar. Kiçijik Berdi howluda oýnaýar. Çary Nöküsden hat ýazýar. (Bu sözlemleri ýokarky sözlemler bilen deňeşdiriň).*

**Gönükme.** Okaň. Çep we sag taraplardaky ýönekeý sözlemleri deňeşdiriň. Çepdäki sözlemler haýsy agzalardan ybarat. Sag tarapdaky sözlemlerde nähili agzalar bar?

| | |
|---|---|
| 1. Gurban okaýar. | 1. Gurban Nöküsde okaýar. |
| 2. Awtobus ugrady. | 2. Bu awtobus şähere ugrady. |
| 3. Men okajak. | 3. Men şu gün «Göroglyny» okajak. |
| 4. Jigim haýran galdy. | 4. Meniň jigim maýmyna haýran galdy. |
| 5. Ýaşlar geldiler. | 5. Ýaşlar myhmanlary gutlamaga geldiler. |

**Gönükme.** Berlen ýygnak ýönekeý sözlemleri ýaýraň ýönekeý sözlemlere öwrüp ýazyň, soňra şol esasda hekaýa düzüň we ony depderiňize ýazyň.

| | |
|---|---|
| Babur serkerde. | |
| Ferganada dogulýar. | |
| «Babyrnamany» ýazýar. | |
| Mugallymlarymyz şatlandy. | |
| Biz begendik. | |

**Gönükme.** Hawa, howa, ýomok, ýumak, gümmürdi, gümürdi, gübürdi sözleriniň aňladýan manylaryna üns beriň. Özüňizden üç sany ýygnak ýönekeý, üç sany ýaýraň ýönekeý sözlem düzüň.

*Nusga: Hawa, biz utduk.*

## At sözlemi

Bir zadyň adyny bir ýa-da birnäçe söz bilen hereketsiz, asuda halda aňladýan sözlemler at sözlemlerdir.
At sözlemleri ýygnak we ýaýraň bolup bilýärler. Ýygnak at sözlemleri baş düşümde gelen bir sözden bolýarlar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Meselem:*
*Dag. Bag. Gaýalar. Jülgeler.*
*Ýaýraň at sözlemleri köp sözden bolýarlar. Meselem:*
*Belent dag. Gözel bag. Uçut kert gaýalar. Täsin, syrly jülgeler.*

**Gönükme.** At sözlemlerini okaň. Olaryň many aňladyşlaryny düşündiriň.

1. Hywa. Mukaddes, syrly şäher. Täsin ýadygärlik. Beýik-beýik minaralar.
2. Fergana.. Baburyň doglan ýeri,
3. Garrygala. Güwleme obasy. Gara öýler. At çapylýan dereler.

**Gönükme.** At sözlemlerini tapyň. Olaryň sözlerden, söz düzümlerinden tapawutlanyşyny düşündiriň. Sözlemleri göçüriň.

1991-nji ýyl. Ata-baba arzuwynyň amala aşan ýyly. Garaşsyzlyk. Beýik garaşsyzlyk. Bagtyýar ülke. Bagtyýar halk. Halkym azatlyga çykdyň. Erkiňe eýe bolduň. Topragyňa, dagyňa, deňziňe, ymgyr çölüňe, tükeniksiz baýlygyňa eýe bolduň. Bu seniň erkana ýaşamagyň üçin, taryhymyzy öwrenmek üçin, asmanyň abat bolmagy üçin iň möhüm zatdyr.

**Gönükme.** Berlen mysallardan ilki at sözlemlerini, soňra bolsa sözleri, söz düzümlerini saýlap göçüriň.

Daşkent. Mähriban şäher. Gözel paýtagt. Biziň mekdebimiziň göreldeli okuwçylary. Düzmäniň manysy. Ökde. Bäşimiz. Daň säherler. Okamak Özbegistan Ylymlar akademiýasy. «Derekçi» gazeti. Eginleri. Joralaryň duşuşygyndaky. Ekinzarlyk. Çatmalar. Gyzyl alma.
«Waharmanlar». «Garrygyzlar». Garaşsyz Özbegistan.

**Gönükme.** Sözleri ünsli okaň. Olaryň aňladýan manylaryna göz ýetirmäge synanyşyň.

Gije. Aýdyň gije. Söwüdiň aşagy. Dym-dyrslyk.
Uly otag. Giň penjire. Tekjede gülli küýze. Diwardan asylgy tüpeň we dutar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# «ŞARK TARONALARI» FESTIWALY

Suratlara syn ediň. Suratlarda haýsy şäher şöhlelendirilýär?



Teksti okaň we soraglara jogap beriň.

## DOSTLUK FESTIWALY

«Şark taronalari» (Gündogar owazlary) festiwaly 1997-nji ýyldan bäri her iki ýylda bir gezek Samarkant şäherindäki gadymy «Registan» meýdanynda awgust aýynyň ikinji ýarymynda geçirilip gelinýär. Festiwala gatnaşýan döwletler sany ýyl-ýyldan köpelýär. I festiwalda 34 döwlet, II festiwalda 36 döwletden 250 den köpräk wekiller öz çykyşlary bilen gatnaşdylar. Festiwala her ýyly uly taýýarlyk görülýär. Festiwalyň açylyş dabarasyna hormatly myhmanlar, şol bilen birlikde UNESCO-nyň prezidenti, Özbegistan Prezidenti we häkimiýet wekilleri öz nutuklary bilen çykyş edýärler.

Açylyş dabarasyndan soň bir hepde dowamynda bäsleşik basgyjy bolup geçýär. Her bir döwletden gelen toparlar üçin 30 minut wagt belgilenen bolup, olar şol wagt dowamynda aşakdaky ugurlar boýunça öz ukyp we başarnyklaryny görkezmegi mümkin:



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1. Halk saz döredijiligi; 2. Milli klassyk saz; 3. Döwrebap saz we estrada eserleri.

Festiwal talaplaryna görä ähli aýdym-saz çykyşlary janly görnüşde bolmagy zerur. Bu festiwal dürli siwilizasiýalar, halklar we milletlar arasyndaky özboluşly medeni gatnaşyk, gepleşik meýdany hasaplanýar.

1. «Shark taronalari» festiwaly nirede we haçan geçirilýär?
2. Bu festiwalyň ähmiýeti nämede diýip oýlaýarsyňyz?
3. Gatnaşyjylar nähili ugur boýunça bäsleşýärler?

## Doly we doly däl sözlemler

Hemme agzalary öz içinde bolan sözleme doly sözlem diýilýär.

Käbir agzasy galdyrylan, emma onuň barlygy duýulýan sözlem doly däl sözlemdir.

Az işleseň, igenç alarsyň, ýatsaň – käýinç.

**Gönükme.** Deňeşdiriň: Dik çyzygyň haýsy tarapyndaky sözlemleriň agzalary ýerbe-ýer? Haýsy tarapyndakylaryň bolsa käbir agzalary galdyrylypdyr? Galdyrylan haýsy agzalar? Olaryň galdyrylmagy sözlemleriň many aňladyşyna täsir edenmi?

| | |
|---|---|
| Açylyş dabarasyndan soň bir hepde dowamynda bäsleşik basgyjy bolup geçýär. | – Toýyňyza geleli.<br>– Şeýle bolsun-da.<br>– Festiwal haçan geçirilýär?<br>– Awgustda.<br>– Gyzykly geçdimi?<br>– Geçdi |

Söhbetdeşligi okaň, doly däl sözlemleriň galdyrylan agzalaryny (eýe, habar, aýyrgyç, doldurgyç) tapyň. Olary ýerinde goýup, doly däl sözlemleri doly sözlemlere öwüriň.

– Registan meýdanynda geçirilen festiwala gatnaşdyňmy?
– Ýok. Telewizordan tomaşa etdim.
– Gyzykly geçdimi?
– Elbetde.
– Sen tomaşa etmediňmi?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

– Wagtym bolmady.

– Göreniňde has gowy bolardy. Dünýäniň köp ýurtlaryndan gelen sazandalar we bagşylar öz çykyşlary bilen haýran galdyrdylar.

– Festiwal gyzykly geçdimi?

– Gyzykly geçdi.

**Gönükme.** Çeper eserlerden, gazet-žurnallardan doly we doly däl sözlemleri bolan alty sany sözlemi göçüriň.

## EÝELI WE EÝESIZ SÖZLEMLER

### Eýeli sözlem

Içinde eýesi bolan ýa-da daşynda onuň bardygy açyk bildirýän sözleme eýeli sözlem diýilýär.

*Meselem:*

***Kitap** meniň üçin patyşanyň tagtyndan ileridir (W. Şekspir).*

***Ol** atyň boýnuny gujaklady. **Meleguş** yzyna bakan serpdi (B. Kerbabaýew «A. ä»).*

**Gönükme.** Teksti okaň. Aýratynlandyrylyp ýazylan sözlemleriň eýesini tapyň.

**Özbegistanyň taryhy Samarkant şäherindäki Registan meýdanynda «Şark taronalari-2019» («Gündogar owazlary») XII Halkara aýdym-saz festiwaly geçirildi.** Onuň açylyş dabarasyna dostlukly döwletiň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew, Birleşen Milletler Guramasynyň ylym-bilim we medeniýet meseleleri boýunça ýöriteleşdirilen edarasy bolan ÝUNESKO-nyň baş direktory Odri Azule we başga-da birnäçe ýurtdan wekiliýetler gatnaşdy.

**Bu gezekki festiwala 74 döwletden 340-a golaý sungat işgäri gatnaşdy.** Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew dünýäniň ençeme ýurdundan gelen sungat işgärlerini parahatçylygyň hem-de dostlugyň ilçileri hökmünde yglan etdi. Halkara aýdym-saz gözden geçirilişine dürli ýurtlardan folklor toparlarynyň birnäçesi bilen bir hatarda Türkmenistana wekilçilik edýän «Arçabil» topary hem gatnaşdy. Ýurdumyzyň folklor toparynyň artistleri özboluşly kompozisiýalaryň üçüsini ýerine ýetirdiler. Dutar, gyjak, akkordeon we deprek sazyna Guwanç Ýazmämmedowyň aýdan aýdymy gyzgyn garşylandy. **Olar türkmen artistleriniň ýerine ýetiren her aýdymyny şowhunly el çarpmalar bilen mübäreklediler.**

Urlup çalynýan türkmen saz gurallarynda ajaýyp sazlary nepislik bilen ýerine ýetiren Hakberdi Allamyradowyň özbaşdak çykyşy halka-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ra aýdym-saz gözden geçirilişiniň baýramçylyk ruhuny has belende göterdi. 30-njy awgustda «Şark taronalari-2019» gözden geçirilişiniň ýeňijileri hem-de onda baýrakly orunlary eýelänler belli boldy. emin agzalarynyň pikiri boýunça zehinli aýdymçy hem-de sazanda diýlip ykrar edilen artistlere sylaglar gowşuryldy.

**Gönükme.** Okaň. Şu sözlemleriň eýesi barmy? Olarda eýäniň bardygy güman edilýärmi? Bu sözlemlerde esasy üns hereketi ýerine ýetirijä (eýä) berilýärmi ýa-da ýerine ýetirilýän herekete (işe, ýagdaýa)?

Onuň işledesi geldi.

Gyzjagazyň festiwala barasy geldi.

Festiwala tomaşa edesi geldi.

## Eýesiz sözlemler

Öz içinde we daşynda eýesi bolmadyk, onuň bardygy-da güman edilmedik sözleme eýesiz sözlem diýilýär.

*Meselem:*

*1. Munuň ýüreginiň päkdigini. 2. Daşarda durar ýaly bolmady. 3. Bu kitaby ertire çenli okasa bolar.*

**Gönükme.** Tekstden alnan bölgi okaň. Eýeli we eýesiz sözlemleri tapyň.

Urlup çalynýan türkmen saz gurallarynda ajaýyp sazlary nepislik bilen ýerine ýetiren Hakberdi Allamyradowyň özbaşdak çykyşy halkara aýdym-saz gözden geçirilişiniň baýramçylyk ruhuny has belende göterdi. 30-njy awgustda «Şark taronalari-2019» gözden geçirilişiniň ýeňijileri hem-de onda baýrakly orunlary eýelänler belli boldy. Emin agzalarynyň pikiri boýunça zehinli aýdymçy hem-de sazanda diýlip ykrar edilen artistlere sylaglar gowşuryldy.

**Gönükme.** Baryp bolarmy, barasy gelýär, oturyşydy, gelip durşum, oýnaýşyny sözlerini sözlemiň habary edip, özüňizden eýesiz sözlemler düzüň.

## Eýesi näbelli sözlem

Eýäniň barlygy duýulýan, emma habaryň belli birini ýa bir zady görkezmeýänligi sebäpli, eýäniň kim ýa nämedigi açyk bilinmeýän sözleme eýesi näbelli sözlem diýilýär. Eýesi näbelli sözlemleriň habarlary,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

esasan, işligiň hökmanlyk formasyndan we mälim geljek zaman işliginden ýasalýar.

*Meselem:*

*1. Arassaçylyk ugrunda göreşmeli. 2. Oba gitjek.*

**Gönükme.** Sözlemiň habarlary işligiň haýsy görnüşlerinden ýasalypdyr? Ol habarlar anyk bir eýäni görkezýärlermi? Bu sözlemlerde eýäniň barlygy duýulýarmy?

1. Synp ýygnagynda çöregiň mukaddesligi hakynda aýtjak. 2. Içki ýygnaga öz wagtynda barmaly. 3. Her bir ýerde seresaply bolmaly. 4. Dynç alşy çeper kitaplar okap geçirjek. 5. Danalaryň wesýet edişi ýaly okamaly.

Aşakdaky sözlemi sintaktik taýdan derňäň.

Halkara aýdym-saz gözden geçirilişine dürli ýurtlardan folklor toparlarynyň birnäçesi bilen bir hatarda Türkmenistana wekilçilik edýän «Arçabil» topary hem gatnaşdy.

Ýönekeý sözlemleriň sintaktik derňew edilişi:

I. Sözlemleriň ýönekeý sözlemdigini anyklamak.

II. Ýönekeý sözlemleriň gurluşy:

1) ýygnak ýa ýaýraň;

2) doly ýa doly däl;

3) eýeli ýa eýesiz;

4) eýesi näbelli sözlem.

III. Sözlem agzalaryny derňemek (ilki sözlemiň habary, eýesi, soňra aýyrgyçlary we doldurgyçlary derňelýär.)

**Suratlara syn ediň we teksti okaň. Soraglara jogap beriň.**

.................. sözi «ýerleriň täji» diýen manyny aňladýar. Ýadygärlik guburlardan ybarat bolan bina bolup, guburlar abraýly adamlaryň şöhratyna görä ululykda döredilendir. Ol demirgazyk Hinistanyň Uttar-Pradeş etrabynyň Agra şäherinde ýerleşýändir. Onuň gurluşygy 20 ýyldan köpräk wagta çekip, ol 1632-1653-nji ýyllar aralygynda gurlandyr. Bina ak mermer bilen örtülendir. Ýadygärligiň özboluşly aýratynlyklarynyň biri onuň «gupba» diýlip atlandyrylýan ullakan ak gümmezidir. Onuň beýikligi 35 metre barabar bolup, 4 sany kiçi gümmezi özünde jemleýär. Binanyň umumy beýikligi 171 metrdir. Bina adamzadyň taryhynda gurlan binalaryň iň ajaýyplarynyň biridir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE





Taryhdan mälim bolşy ýaly, Jahan şa (Şahjahan)XVII asyryň başynda özüniň söýgüli aýaly Mumtaz Mahalyň mertebesine guburynyň üstünden bu binany gurduryar. Binagärçiligiň bu ajaýyp ýadygärliginiň içinde Jahan şanyň we onuň aýalynyň gubuplary ýanaşyk ýerleşdirilendir. Bu ullakan ýadygärligiň gurluşygy döwründe oňa köp serişde sarp edilipdir. .................. Agranyň Ýamuna derýasynyň kenarynda ýerleşip, onuň gurluşygynda 20000-e golaý daş nagyşlaýjy ussa, kerpiç örüji, nakgaş işläpdir. Hindistanyň dürli künjeginden, käbirleri bolsa Türkiýeden hem-de Yrakdan gelen işçiler hakyna tutulypdyr. Onuň diwarlary gymmat bahaly daşlardan hem-de ak mermerden gurlupdyr. Onuň keşbi irden gülgüne, gündizine ak, gijesine bolsa altynsow öwüsýär. Gymmat bahaly daşlar daşary ýurt basybalyjylary tarapyndan talanypdyr. Iki sany gyzyl gumdaş binasy esasy ýadygärligiň iki tarapynda hem bardyr. Biri günbataryndaky metjitdir. Beýlekisi bolsa myhman jaýydyr.

1. Tekstde haýsy bina hakynda gürrüň edilýär?
2. Ol bina nirede ýerleşýär?
3. Bu bina kim tarapyndan we haçan gurlupdyr?
4. Jahan şa kimiň neslinden bolupdyr?
5. Bu binanäň häzirki zamandaky ähmiýeti barada gürrüň beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Hekaýany okaň. Öz pikiriňizi beýan ediň.**

## DÜNÝÄNIŇ ÝEDI TÄSINLIGI

Mugallym ol günki dersde okuwçylardan «Hazirki döwürde dünýäniň ýedi täsinliginiň nämeler bolup biljekdigi» baradaky pikirlerini ýazmagy talap etdi. Kagyz we galamlar çykaryldy, pikirler ýekän-ýekän kagyzda öz beýanyny tapmaga başlanda, synpyň agramly böleginiň taýýarlan sanawynyň şu şekildedigi belli boldy.

1. Müsüriň beýik piramidalary
2. Täçmahal
3. Beýik Kanýon
4. Panama kanaly
5. Empaýr Steýt binasy
6. Keramatly Peter bazilkasy
7. Hytaý diwary









*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Emma mugallym okuwçylaryň kagyzlaryny ýygnaýarka, yzky partalaryň birinde oturan bir gyzjagazyň heniz hem kagyzyny bermändigini gördi. Ýanyna baryp, mähirli ýagdaýda: «Ýumuş bilen baglanyşykly kynçylygyň barmy?» diýip sorady. Gyzjagaz: «Hawa, bar. Şeýle kän ajaýyp we täsin zat bar welin, arasyndan haýsylaryny saýlajagymy bilemok!» diýip jogap berdi.

Mugallym okuwçysyna: «Hany, aýt bakaly, seniň sanawyňda nämeler bar, belki, biz hem saňa kömek ederis» – diýip, goltgy berdi.

Gyzjagaz synpa imi-salalyk aralaşandan soňra okamaga başlady: «Meň pikirimçe, dünýäniň ýedi ajaýyplygy şular:

1. Görmek
2. Eşitmek
3. Ellemek
4. Datmak
5. Duýmak
6. Ýylgyrmak we
7. Söýmek…»









*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Otagda dym-dyrslyk höküm sürýärdi… Kiçijik gyzjagaz örän möhüm durmuş sapagyny beripdi. Şertli garaýyşlarymyz sebäpli, ýönekeý, adaty hasaplaýan we şonuň üçin-de gözden salýan zatlarymyz hakykatda hiç bir zat bilen deňäp bolmajak derejede täsindir.

**Siziň üçin häzirki döwürde dünýäniň ýedi täsinligi näme bolup biler? Bu barada öz pikirleriňizi aýdyp beriň.**

**Ýedi hazyna nämeler girýär? Bu barada özbaşdak tekst ýazyň. Näme üçin olar ýedi hazynaň biri hasaplanýar?**

**Okaň we doly däl sözlemleri tapyň. Olaryň haýsy agzalary galdyrylandygyny aýdyp beriň.**

Men Buzurjmihrden soradym:

– Isleýän zatlarymyň ählisini özünde jemleýän nämeleri Alladan dilesemkäm?

– Saglygy, kuwwatlylygy hem howpsuzlygy.

– Işimi kime tabşyrsam göwnejaý bolarka?

– Şoňa mynasyp adama.

– Haýsy işi ýaşlykda, haýsy işi garrylykda berjaý etmeli?

– Ýaşkaň bilim almaly, garrylykda-da ony ile paýlamaly.

– Nähili häsiýetler ýaşlara, nähili häsiýetler bolsa garrylara mahsus bolmaly?

– Ýaşlar-a uýatly hem batyr, garrylaram bilimli hem kanagatly bolsa gowy.

– Asuda ýaşamak üçin kimden gaçarak durmaly?

– Ýaranjaňlardan hem açgözlerden.

– Dünýäde adam üçin ömürden gymmat zat barmy?

– Olar üç sany: ynam, söýgi hem Watan! («Firuznama» eserinden).



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Sözlemleri okaň. Bu sözlemler ýönekeý sözlemleriň haýsy görnüşe-ne digişli? Näme üçin olara doly sözlem diýilýändigini düşündiriň.**

Nil derýasy Afrikada ýerleşýär. Ol dünýädäki derýalaryň iň uzyny hasaplanýar.

Nil derýasy Ortaýer deňzine guýýar.

Nil derýasy Ruanda, Keniýa, Tanzaniýa, Uganda, Efiopiýa, Sudan we Müsür ýaly döwletleriň çäklerinden akyp geçýär. Niliň boýunda Kair, Asuan, Aleksandriýa ýaly uly şäherler ýerleşýär.

## Gaýtalamak üçin soraglar we ýumuşlar

1. Ýygnak ýönekeý sözlemi ýaýraňa, ýaýraň ýönekeý sözlemi hem ýygnak ýönekeý sözleme öwrüp bolarmy? Subut ediň.
2. At sözlemi nähili sözlem? Ol sözlemden, söz düzümlerinden nähili tapawutlanýar? Düşündiriň.
3. Doly we doly däl sözlemler diýip nämä aýdylýar? Doly däl sözlemleriň haýsy agzalary galdyrylyp bilner? Mysallarda görkeziň.
4. Eýeli we eýesiz sözlemleriň kesgitlemesini aýdyň. Eýesiz sözlemiň habary nähili sözlerden ýasalýar.
5. Eýesi näbelli sözleme degişli mysallar getiriň. Olaryň eýeli sözlemleriden tapawudyny düşündiriň we subut ediň.
6. Çeper eserlerden ýygnak we ýaýraň, at sözlemleriniň hersine degişli sözlem tapyp, olary depderiňize göçüriň. Mysallary alnan çeşmäňizi görkeziň.
7. Nakyllardan doly we doly däl sözlemleriň hersine degişli iki mysal tapyp göçüriň.

## BILIMIŇIZI BARLAŇ

1. Gurban okaýar. Bu sözlem gurluşy taýdan nähili sözlem?

A. Ýygnak ýönekeý sözlem B. Ýaýraň ýönekeý sözlem
C. Düzmeli goşma sözlem D. Eýerjeňli goşma sözlem

2. Gurban Nöküsde okaýar. Bu sözlem gurluşy taýdan nähili sözlem?

A. Ýygnak ýönekeý sözlem B. Ýaýraň ýönekeý sözlem
C. Düzmeli goşma sözlem D. Eýerjeňli goşma sözlem

3. Bir zadyň adyny bir ýa-da birnäçe söz bilen hereketsiz, asuda halda aňladýan sözlemler nähili sözlemlerdir?

A. Doly sözlem B. Doly däl sözlem
C. At sözlem D. Eýeli sözlem

4. Hemme agzalary öz içinde bolan sözlem nähili sözlem?

A. Doly sözlem B. Doly däl sözlem
C. At sözlem D. Eýeli sözlem



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

5. Käbir agzasy galdyrylan, emma onuň bardygy töwerekden duýulýan sözlem nähili sözlem?
A. Doly sözlem
B. Doly däl sözlem
C. Eýeli sözlem
D. At sözlem

6. Içinde eýesi bolan ýa-da daşynda onuň bardygy açyk bildirýän sözlem nähili sözlem?
A. Doly sözlem
B. Doly däl sözlem
C. Eýeli sözlem
D. Eýesiz sözlem

7. Öz içinde we daşynda eýesi bolmadyk, onuň bardygy-da güman edilmedik sözlem nähili sözlem?
A. At sözlem
B. Doly däl sözlem
C. Eýeli sözlem
D. Eýesiz sözlem

8. Eýäniň barlygy duýulýan, emma habaryň belli birini ýa bir zady görkezmeýänligi sebäpli, eýäniň kim ýa nämedigi açyk bilinmeýän sözlem nähili sözlem?
A. At sözlem
B. Eýesi näbelli sözlem
C. Eýeli sözlem
D. Eýesiz sözlem

9. Az işleseň, igenç alarsyň, ýatsaň – käýinç. Bu nähili sözlem?
A. At sözlem
B. Doly däl sözlem
C. Doly sözlem
D. Eýesiz sözlem

10. Kitap meniň üçin patyşanyň tagtyndan ileridir. Bu sözlemiň eýesi haýsy söz?
A. Tagtyndan
B. Patyşanyň
C. Meniň
D. Kitap

11. Aşakdaky sözlemleriň haýsy eýesi näbelli sözlem?
A. Ol atyň boýnuny gujaklady.
B Meleguş yzyna bakan serpdi.
C. Arassaçylyk ugrunda göreşmeli.
D. Men kitap okadym.

12.Eýesi näbelli sözlemleriň habarlary, esasan, haýsy işlik şekilinden ýasalýar?
A. Oten zaman şekilinden.
B. Häzirki zaman şekilinden.
C. Ortak işlik şekilinden.
D. işligiň hökmanlyk şekilinden.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# X bölüm

# HUKUGYMYZ-HAKYMYZ

- OLIÝ MAJLIS
- AWTORLYK HUKUGY




*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# OLIÝ MAJLIS

## (Ýokary Mejlis)

## ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ OLIÝ MAJLISI




Özbegistan Respublikasynyň Oliý Majlisi (Ýokary Mejlisi) ýokary döwlet wekillik organy bolup, kanun çykaryjy häkimiýeti amala aşyrýar. Özbegistan Respublikasy Oliy Majlisi iki palatadan – Kanuçylyk palatasy (aşaky palata) we Senatdan (ýokary palata) ybarat.

**Kanunçylyk palatasy.** Özbegistan Respublikasy Oliý Majlisiniň Kanunçylyk palatasy we Senatynyň ygtyýarlyk möhleti–bäş ýyl. Kanunçylyk palatasy Özbegistan Respublikasynyň Oliý Majlisiniň aşaky palatasydyr. Kanunçylyk palatasy saýlaw okruglary boýunça köp partyýalylyk esasynda saýlanýan 150 deputatdan ybarat. Kanunçylyk palatasynyň işi, palatanyň ähli deputatlarynyň professional, hemişelik iş alyp barmaga esaslanýar.

**Senat.** Özbegistan Respublikasy Oliý Majlisiniň Senaty (ýokary palatasy) territorial wekillik palatasydyr. Senat agzalary (senatorlar) Garagalpagystan Respublikasy Jokargy Kengesi (Ýokary geňeşi), welaýatlar, etraplar we şäherler döwlet häkimiýeti wekillik organlary deputatlarynyň degişli goşma mejlislerinde şu deputatlar arasyndan gizlin owaz bermek ýoly bilen Garagalpagystan Respublikasy,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

welaýatlar we Daşkent şäherinden deň mukdarda –alty deputatdan saýlanýar. Senatyň on alty sany agzasy ylym, sungat, edebiýat, önümçilik ulgamynda we başga ulgamlarda uly üstünlikler gazanan raýatlarynyň arasyndan Özbegistan Respublikasy Prezidenti tarapyndan hödürlenýär.Senat umumy mejlislere we onuň komitetleriniň mejlislerine toplanýan senatorlar işine esaslanýar.

**Soraglara jogap beriň.**

1. Ýokary mejlis näçe palatadan durýar?
2. Ýokary we aşaky palata nähili atlandyrylýar?
3. Kanunçylyk palatasynyň we Senatyň ygtyýarlyk möhleti näçe ýyl?

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusyýasynyň Oliý Majlise degişli maddalary bilen tanşyň.**

Özbegistan Respublikasy Oliý Majlisiniň Senaty öz düzümine Senat başlygyny we onuň orunbasarlaryny saýlaýar. Senat başlygy Özbegistan Respublikasy Prezidentiniň görkezmesi bilen saýlanýar.

Özbegistan Respublikasy Oliy Majlisiniň Senaty başlygynyň orunbasarlaryndan biri Garagalpagystan Respublikasynyň wekili bolýar.

*(Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy. 86-njy madda)*

Özbegistan Respublikasy Oliý Majlisiniň Kanunçylyk palatasy kanun taslamalaryny taýýarlamak işini alyp barmak, Kanunçylyk palatasy maslahatyna girizilýän meseleleri ilki görüp çykmak we taýýarlamak, Özbegistan Respublikasy kanunlary hem-de Kanunçylyk palatasy tarapyndan kabul edilýän kararlaryň ýerine ýetirilişini gözegçilik etmek üçin öz ygtyýarlyk möhletine Kanunçylyk palatasy deputatlarynyň arasyndan komitetlerini saýlaýar.

*(Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy. 87-nji madda)*

Bilýärsiňizmi?

Konstitusiýa döwletiň esasy kanunydyr. Ol ýokary kanuny güýje eýe bolan hukuk kadalarynyň jemi bolup, döwletiň ýokary organlary tarapyndan işlenip düzülýär. Konstitusiýa «constitutio» diýen latyn sözünden gelip çykyp, «gurluş», «berkarar etmek», «kanun», «düzgün» diýen manylary berýär.

Konstitusiýanyň ilkinji görnüşleri gadymy Rimde ýüze çykýar. Konstitusiýa döwletiň syýasy, hukuk we ykdysady ulgamyny düşündirýär. Ol döwletiň guramaçylyk resminamasy bolup, onda döwlet gurluşynyň esasy maksatlary öňe sürülýär. Konstitusiýany halk bilen döwletiň arasyndaky şertnama hökmünde hem häsiýetlendirip bolar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Dünýäniň ilkinji konstitusiýasy 1787-nji ýylyň 17-nji sentyabrynda ABŞ-nyň Filadelfiýa şäherinde kabul edilip, ýurduň 13 ştatynda ýola goýulýar.

## SÖZLEM AGZASY HASAPLANMAÝAN SÖZLER

Sözlemde baş we aýyklaýjy agzalar bolup bilmeýän, ýagny sözlem agzasy hasaplanmaýan käbir sözler gabat gelýär. Bu hili sözler sözlemiň umumy manysyna goşmaça many berýärler. Olar haýsydyr bir zada gürrüňdeşiň ünsüni çekmäge ýa bir zada bolan garaýşy, jogaby aňlatmaga hyzmat edýärler.

*Meselem:*

*Jeren, sen haly dokap bilýärmiň?*

*Bular, hakykatdan-da, mert oglanlar.*

*Wah, elimi kesdirdim.*

*Sen, Gözeli gördüňmi? Howa, men Gözeli gördüm.*




**Gönükme.** Göçüriň, sözlem agzasy hasaplanmaýan sözleriň aşagyny çyzyň, olaryň hyzmatyny, haýsy görnüşine degişlidigini aýdyp beriň.

«Men size suw getirip bereýin» diýip, Hemra meşiklerini alyp, şol guýa garşy ugrady. Hemra bu ýola rowana bolanda, on dört ýaşy dolan eken. Bu ýerde Hemra Ezraýyl perişdä sataşýar. Ol:

— Ýagşy ýigit, dur, şu taýda bergiňi berip git! — diýdi. Hemra:

— Ýaşuly, ugursyz bolma, men bergili adam däl! — diýdi.

— Ýok, seniň bize biraz bergiň bar, şony bermeseň, boljak däl diýip, Ezraýyl aýtdy. Onda Hemra:

— Men patyşanyň ogly bolsam, özüm şazada bolsam, ýalançyda meniň hiç bergim ýok, ýöne Taňra jan bergim bar. Meniň peýmanam



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

dolan bolsa, gaçyp gutulyp bilmerin. Maňa biraz pursat ber. Men birnäçe pukarany äkelýärin. Şu taýda men öljegimi bilmedim. Men şolar bilen razylaşaýyn, ondan soň, janymy alsaň, al! — diýdi

*«Hüýrlukga-Hemra» dessany.*

**Gönükme.** Rowaýaty okaň, manysyna üns beriň. Sözlem agzasy hasaplanmaýan sözleri tapyň.

Bir adam ürgün çägeli sähralyklaryň içi bilen atyny çapdyryp barýan ekeni. Birdenkä onuň gyzgyn çägeleriň üstünde teşnelik mähnetine dodaklary kepän we ölüm bilen darkaş gurup duran bir biçärä gözi düşüpdir.

Bedew atly onuň ýanyna baryp, meşiginden dodaklaryna suw damdyrypdyr. Az-kem essine gelensoň, suwdan gandyrypdyr. Onuň hal-ýagdaýy, hajaty bilen gyzyklanypdyr. Azaşan adam özüni atyň ardyna almagyny we ilatly ýere ýetýänçäler kömek etmegini sorapdyr. Bedewli adam oňa: «Sen halys ysgyn-mydardan gaçypsyň. Gowusy, atyň üstüne sen mün, men ýanyňdan pyýadalap ýöräbererin. Özüňi dürsemek, dem-dynç almak we gurbata gelmek üçin saňa rahatlyk örän zerur» diýipdir.

Azaşan bende atyň üzeňňisine basyp, üstüne müneninden, jylawyny mäkäm çekip, aty çapdyryp, ol adamdan uzaklaşypdyr. Aty alyp gaçypdyr. Atyň eýesi bolsa bu zatlara haýran galyp, geňirgenip duran ekeni. Ajalyň elinden halas eden bendesiniň ogrularyň biridigini bileninde, atyny yzyna alyp bilmejekdigine göz ýetiripdir. Ogrynyň arkasyndan gygyrypdyr:

– A-how, Allanyň haky üçin, bir salym saklan. Atym saňa halal bolsun, ýöne aýtjak sözümi bir diňläweri – diýipdir.

At eýesiniň kowalap, ýetip bilmejek aralygyny geçeninden soňra, ol ogry saklanypdyr:

– Hawa, näme arzyň bolsa, aýt, eşideli...

– Bu bolan wakalary başga ýerde gürrüň bermäweri, ýogsam, adamlaryň birek-birege bolan ynamy ýiter – diýip, ýagşy adam jogap beripdir *(«Halallyk kyssalary» kitaby).*

**Gönükme.** Teksti okaň. Sözlem agzasy hasaplanmaýan sözleri tapyň.

## BARABAR BÄHBITLERI PEÝDALANMAGY BAŞAR

Futbol çempionatynda bir düzgün bar – çempion bir bolmaly. Edil kazyýetde bolşy ýaly, dawalaşýan taraplaryň haýsy hem bolsa biri ýeňmeli we beýlekisi ýeňilmeli.

Bu käbir adamlaryň düşünjesinde hut şeýle. Ýogsa-da, durmuş, dogrudanam, hiç hili deňligi bilmeýän, diňe bir tarapyň utup, beýleki



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

tarapyň utulmagy bilen tamamlanýan futbol oýnumy ýa-da kazyýet derňewi?

Eýsem, adamlar «Meňki bitsin, seňki ýitsin» diýen pikire uýup ýaşamalymy? Bu gün biri, ertir ýene biri ýeňiş gazanybersin diýen pikir bilen gezmelimi?

Aslynda, durmuşdaky üstünlik gazanyş we ýitgi-hasrat babatdaky barabarlyk hem-de tapawut adamlaryň öz esaslandyrýan ynançlaryndan gözbaş alýar. Käbir adamlar özünden gaýry kişä pisint etmeýär we özgeleriň bähbidi, aladasy asla perwaýyna däl. Käbir adamlar bolsa, hatda özüniň zyýanyna galyp, beýleki adamlara haýyr-sahawat, ýagşylyk etmäge ymtylýar. Ýene bir topar adamlar bar, olar özlerine bähbit geljegini, bir zat gazanjagyny anyk bileninden soňra gymyldap, gybyrdanyp başlaýarlar *(«Halallyk kyssalary» kitaby).*

## Ýüz tutma sözler

Sözlemde ýüze çykarylýan pikiriň kime ýa-da nämä ýüzlenip aýdylýandygyny görkezmek üçin ulanylýan, ýagny ýüz tutulyp aýdylýan söze ýüz tutma söz diýilýär.

***Artyk,*** *sen nähili gürrüň edýärsiň?*

***Mähriban dostlar,*** *tebigaty goramaga öz goşandymyzy goşalyň!*

**Gönükme.** Eziz adamlar, hormatly ata-eneler, synpdaşlar, kärdeşler, mekdebimiziň okuwçylary sözlerini ýüz tutma sözler edip sözlem içinde getiriň.

**Gönükme.** Okaň, Ýüz tutma sözleriň öňünden haýsy aýyrgyçlary getirseňiz ýerlikli boljak? Degişli aýyrgyçlary getirip göçüriň.

1. … dost, beren kömegiň üçin sag bol! … eje! Size uzak ömür arzuw edýärin!
2. Ýaş toýuň gutly bolsun, … uýam Aýnur!
3. … Atabaý aga, biz siziň wesýetleriňize wepaly bolmaga çalşarys.

*Köp nokatlara derek goýulmaly sözler: hormatly, gadyrdan, mähriban, eziz.*

## Jogap sözler

Gepleşikde berlen soraga diňleýji *hawa, şeýle, bar, ýok, bolýar, mümkin, dogry* ýaly sözler arkaly jogap berilýär. Eger bu sözlerden aňlanylýan pikiri giňeltmek üçin, yz ýanlaryndan sözlem getirilse, onda ol sözler jogap sözleri bolýarlar.

*Meselem:*

*Näme, Çary çamanyň gürrüňini edýärmisiňiz?*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Hawa, ýolagçylar şony soraýarlar (B.Kerbabaýew).*
*Ha, hä, dogrudyr, munuň agzyny guma oýkadylar (A. Durdyýew «Saýlanan eserler»).*

**Gönükme.** Göçüriň. Jogap sözleri tapyň. Pikiri giňeltmek üçin olaryň yzlaryndan getirilen sözlemleri görkeziň.

1. Ýok, ýok, Aýyň ýanyna
   Uçyp bolmaz, han ogul
   Aý içinde jadygöý
   Ar(?)slan bardyr, jan ogul!

2. Ýok, ýok, Esen, az däldir
   Beýik ertä gatanjyň!

3. Howa, menem telpek goýdum
   Aklawçynyň derläý(?)şine.

4. Howa, Abat daýzamyzam
   Prokurordan kem çykmady (*K. Gurbannepesow*).

**Gönükme.** Göçüriň, degişli dyngy belgileri goýuň. Jogap sözleriň yz ýanlaryndan olary shemada görkeziň. Bu tekstde doly däl sözlemler barmy? Olaryň jogap sözlerden tapawudyny düşündiriň.

*Nusga: Hawa, [J. S.] onsoň nähili bolupdyr?*

1. Hawa hawa // Hakykat// Örän gü(?)çli, ukyply aýal pälwanyňyz bar eken // Jeň pälwan uly märekäniň ortasynda şon..ň bilen göreşipdir// Ýa-da sizde aýal pälwan bolmaýarmy // Biziň pälwanymyz öw... njeňlik edäýdimikä //

– Ýok, ýok dogrudyr // Bizde kebzesi ýere degmedik aýal pälwanlar bolan, häzir hem bar // (*T. Esenowa*).

2. Tarhan … mylaýym gül... msiredi:
– Mama çagyrýa //
– Haw-wa…
– Çynyňy aýdýaňmy //
– Ynanmasaň, bar-da soraý //
– Bolýa hany, ýör, soraly.
– Ýok // Men oýnamaga gitjek // (*G. Kulyýew «Magtymguly»*).

**Gönükme.** Berlen sorag sözlemlerindäki galdyrylan sözleri tapyň. Soňra jogap sözleri ulanyp, ol sözlemleriň degişli jogabyny ýazyň.

*Nusga: Sende Seýitniýaz Ataýewiň …romany barmy?*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

– Hawa, mende Seýitniýaz Ataýewiň «Gazap» romany bar.

1. Türkmen we özbek teleýaýlymynyň «...» gepleşiklerine tomaşa edýärmisiňiz?

2. Siziň mekdebiňizde B. Hudaýnazarowyň kitaby boýunça okyjylar ylmy maslahaty geçirildimi?

3. ... dessanynyň awtory Mollanepesmi?

4. Siz serkerde şahyr ... goşgularyny halaýarmysyňyz?

## Ümlükler

Begenji, gynanjy, içki joşguny aňlatmaga hyzmat edýän sözlere ümlükler diýilýär.

**Gönükme.** Ümlükleri tapyp, olaryň nähili many aňladýandygyny aýdyň.

1. – Eý-waý, ýetiň-eý! Waý-eý, nädeýin-eý?! – diýip, ýüzüni ýyrtyp-ýolup, özüni ýere bulap urup, gum garbap ýykyldy. Ýene turup, Uzugyň gapdalyndan ylgady. Ol şol ýarym-ýaş bolup, atyň gapdalyndan ylgap barşyna: – Waý, aga-eý! Jan aga-eý! Beýtme-eý, goýber-eý! – diýip, boýunlaryny burup, delmirip ýalbardy *(H. Derýaýew).* 2. Heýjanelegeý! Hozuň süýjüligem towuk jüýjäniň etinden kem däldir... (*A. Durdyýew*). 3. Wah, jan jigim, men günde-de git diýýän, özi gitmese, men nädeýin? (*Şol ýerde*). 4. Ah, eden gara gylygyň bar bola... (*B. Kerbabaýew*). 5. Wah-wah, ... Gapyrgalarym ýeke-ýekeden ýazyp barýar (*N. Pejebow*). 6. Wiý! Tanşyň ýanyna barmagyňam bir utanjy bolarmy(?) 7. Päheýdäninim! Adamlaryň ag(?)zynyň jähegi bolmasa, ondan ýaman zat bolmajak eken-ow! 8. Äý-äýjik! Özüň soraý! – diýip, goljagazyny galgatdy-da, keýik owlagy ýaly bökjekläp gitdi (*B. Kerbabaýew*). 9. Heỳhat, bu gyzyñ gününe! *(H. Derỳaỳew)*. 10. Elhepus, Annaguly, şu aỳnañ-a dünỳä malyna degỳär. Tüweleme, aỳna dagy däl ekeni... *(A.Durdyỳew)*.

**Gönükme.** Içinde ümlükler getirilen bäş sany sözlemi çeper eserlerden tapyp göçüriň. Olary alan çeşmäňizi görkeziň. Içinde baý-ba, berekella, wah ümlüklerini ulanyp, özüňizden üç sany sözlem düzüň.

**Gönükme.** Ümlükleri intonasiýasy boýunça okaň. Dyngy belgileriň goýluşyna üns beriň. Ümlükleriň sözlemleriň manysyna bolan gatnaşygyny düşündiriň.

– Eý, Japbaklar! Geliň, bizem et iýeliň!

– Hah-hah-ha-a.... ! Günüňiz asmana galan bolsa, işiňiz kynlaşypdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

– Eje, aý eje, görsene!
– Aý, berekella, goçagym!
– Han ogul, heý, şu meýdanda gawun-garpyza gözüňiz ildimi?
– Heý, bidöwlet, dilenmek günä bolar!
– Wah, arman!
Hä, näme boldy? (Japbaklar).

Teksti okaň.

## AWTORLYK HUKUGY

23-nji aprel dünýä edebiýatynda möhüm seneleriň biridir. 1616-njy ýylyň 23-nji apreli Serwantesiň, Sekspiriň we Inka Garsilaso de la Weganyň aradan çykan güni. 1995-nji ýylda Parižde geçen ÝUNESKO-nyň maslahatynda kitaba we onuň awtoryna, şeýle-de adamzadyň sosial we medeni ösüşinde ujupsyz goşant goşan adamlara hormat goýmaga çagyryş edilýär. Bu maslahat Bütindünýä kitap we **awtorlyk hukugy gününi,** şeýle hem çagalaryň we ýetginjekleriň kitaplaryny ýaýratmak boýunça ÝUNESKO-nyň baýragyny esaslandyrýar.






*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Kitap baýramçylygynyň däp-dessurlarynyň özi Kataloniýada döräpdir. Hatda, 23-nji aprelde her satyn alnan kitap bilen birlikde bir gül sowgat berlipdir. Elbetde, däp boýunça, awtorlar, nesiryatçylar, mugallymlar, kitaphanaçylar we kitap işi bilen baglanyşykly bolan ähli adamlar, şu güni öz baýramy hasaplaýarlar. Ozaldan gelýän däbe göra, dünýäniň köp ýurtlarynda bu gün kitap ýarmarkalary we sergileri guralýar.

1952-nji ýylda ÝUNESKO-nyň guran maslahatynda **bütindünýä awtorlyk hukugynyň alamatynyň «©» belgisi** girizildi. Elbetde, bu gazanylan uly üstünlik boldy. Şeýle hem, bu maslahat dowamynda awtorlyk hukugy barada Bütindünýä konwensiýasy kabul edildi.

**Teksti eşidiň we okaň onda ulanylan giriş sözleri tapyň. Onuň aýratynlygyny düşündiriň.**

## Giriş sözler

Sözleýän ýa ýazýan adamyň ýüze çykarýan pikirine bolan garaýyşyny aňladýan sözler giriş sözlerdir.

Giriş sözler sözlem agzalary bilen grammatik taýdan baglanyşmaýarlar. Olar bir sözden hem, birnäçe sözden hem bolup bilerler.

*Meselem:*

*1 **Umuman**, salam sagdan çepe diýilýändir (Gazetden). 2. **Dursunyň pikiriçe**, ol ýigit wagtynda gaty batyr adam bolupdyr (H. Ysmaýylow «Powestler»).*

**Gönükme.** Dik çyzygyň iki tarapyndaky sözleri deňeşdiriň. Olardaky aýratynlandyrylan sözleriň sözlem agzasy bolup gelenlerini we sözlem agzasy hasaplanmaýanlaryny tapawutlandyryň.

| | |
|---|---|
| 1. **Diýmek,** ol ýene okuwdan gijä galypdyr-da! | 1. Çörek iýmek – munuň özi halkyň baýlygy **diýmekdir.** |
| 2. **Ýagşy,** men siz bilen ylalaşýaryn. | 2. Zyýansyz garanyň köpi **ýagşy** (Nakyl). |
| 3. **Dogrusy,** ony obamyzda syla maýan ýok. | 3. Gepiň gysgasy ýagşy, sözüň **dogrusy** (Nakyl). |

**Gönükme.** Teksti okaň. Giriş sözleriň aňladýan manylaryna görä haýsy topara degişlidigini anyklaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1. Umuman, iki adamyň arasynda gelşiksiz ýagdaý ýüze çykanda, ony her kim birhili düşündirip biler(«Edebiň ýagşysy» Orazdurdy Çommadow «Garagum žurnaly»). 2. Şuňa garamazdan, adamlar özlerini hemişe adalatly, dogurçyl, ile ýagşylyk edýän hasaplaýarlar (şol ýerde). 3. Eger şeýdip bilsek, ol duýgudaşlyk jogapsyz galmaz (şol ýerde). 4. Eýsem, baýlyk şeýle oda-köze düşeniňe degýän zatmyka? (şol ýerde). 5. Dogrudanam, adam näme gazansa-da, ýany bilen alyp gitjek zady ýok (şol ýerde). 6. Eger biz gerekmejek dawalardan daşda durjak bolsak, onda garşymyzda durana ýakymly söz aýtmaly (şol ýerde).

**Gönükme.** Intonasiýany dogry ulanyp okaň. Giriş sözleriň sözlemdäki hyzmatyny düşündiriň.

Söweşde batyr bolgun, asla gorkmagyn. Azajyk gorky göwnüňe geläýse, müň janyň bar bolsa-da, birini hem gutaryp bilmersiň. Netijede (,) bärkije kişi hem senden üstün çykar. Sen, şeksiz, öldürlersiň. Gorkaklyk bilen özüňi äşgär edersiň. Deň-duşlaryň arasynda ynanç-abraýyň galmaz. Diýmek (,) beýle ýaşaýyşdan ölüm ýagşydyr.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Nähak gan dökmegin. Eger nähak gan dökseň, bela duçar bolarsyň. Birinjiden, edeniňe görä jeza çekersiň, Ikinjiden, bu dünýäde ýaman at alarsyň. Eger zalym bu dünýäde jezasyny çekmese, özüňden soň (,) elbetde (,) çagalary  şol jeza duçar bolar (*«Kowusnama»*).

**Gönükme.** Giriş sözleriň aňladýan manylary boýunça haýsy topara degişlidigini aýdyň. Galdyrylan dyngy belgilerini we harplaryny goýup göçüriň.

1. Gürrüň, bir tarapdan, Mary ýurdunyň hal-ahwal, güzeran ýagdaýy hakynda bolsa, ikinjiden, Ahal ýurdunyň hal-ahwal, güzeran-durmuşy hakynda boldy (H. Derýaýew). 2. Meniň bilşime görä siziň häzir  şol ýerde bolmagyňyz gerek (B. Kerbabaýew «A.ä.»). 3. Şeýlelikde ilkinji geografik atlar döreýär (*S. Ataýew «Edermenlik»*). 4. Dogr..sy on..ň bu gödekligini özümem halamadym (*Žurnaldan*). 5. Akgülüň geçmişinden umuman habarlydyk. 6. Dogrudanam böwrekleri Kümüş gelnejemiň bilgeşleýin alyp galan bolmagy ahmaldy.7.Belki bu olaryň üýtgeşik gowulygyndandyr. 8. Umuman gazet işi meniň işim däl eken. 9. Diýmek ony hem  işden giden hasap edäýmeli. 10. Birinjiden-ä gazetde işläp başlalym bäri men bir zada açyk göz ýetirdim. 11. Men birinjiden-ä dok. Ikinjidenem gaty gyssanýan (*Žurnaldan*).

12. Çagadyr elbetde geň däl bu zatlar,
Galmagal, gykylyk eder bezzatlar *(A. Kekilow).*

**Gönükme.** Intonasiýany dogry ulanyp okaň. Giriş sözleriň sözlemdäki hyzmatyny düşündiriň. Göçüriň. Dyngy belgilerini goýuň we giriş sözleriň yz ýanlaryndan olary shemada görkeziň.

Birinjiden olaryň hemmesi adamyň zähmetiniň we döredijiliginiň miwesi ikinjiden gurulýan döredilýän zatlaryň hemmesi adam üç..n döredilýär ahyryn (*S. Ataýew «Gazap»*).

– Artyk sen çaky meni ýagşy tanaňok... Menden bir-ä iki söz çykmaz bir-de halky ynjydanymy eşitmersiňiz.

Men seniň sözüňe elbetde düşünýän. Olaryň halyna Artygyň ýüregi awady!

– Mundan soňra meniň bu ýerde galmagym ýeke meniň üç..n däl belki siziň üç..n hem hatarly. Men çykyp gitsem, şol howp belki sizden sow(?)lar (*B. Kerbabaýew «Aýgytly ädim»*).

**Gönükme.** Sözlemleriň degişli ýerlerinde giriş sözleri getiriň. Göçüriň. Gerekli dyngy belgilerini goýuň we giriş sözleriň yz ýanlaryndan olary shemada görkeziň.

Nusga: Sen otag güllerini ösdürip ýetişdirmäge ökdelänsiň – Belki, [G,] sen otag güllerini ösdürip ýetişdirmäge ökdelänsiň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

I. Pikire şübhelenilýändigini aňladyň.
1. Hokkeýe tomaşa edendirler.
2. Bu gün Ogulbagt üzümi Şöhratdan köp ýygan bolsa gerek.
3. Süleýmanyň su(?)ratyny çekersiň.

II. Pikiriň tertibini, yzygiderliligini görkeziň.
1. Ogulnar, Mahynur öňe saýlandy.
2. Sapaklaryny oňat özleşdirmäge, öz...ni göreldeli alyp barmaga çalyşmaly.
3. Goragçylar we hüjümçiler garşydaşlarynyň derwezesine gü(?)çli hüj...m etdiler.

**Gönükme.** Giriş sözleriň aňladýan manylary boýunça haýsy topara degişlidigini aýdyň. Göçüriň. Galdyrlan dyngy belgileri we harplary goýuň.

– Dogry, hiç kim gaýra durman, kömek etmelidir welin, obanyň agyzlyrak ýaşuly adamlarynyň hemmesini çagyrmak gerek ekeni. Bu bir oý..n iş däl – diýdi.

Meret arçyn ol gepini soňlap-soňlamanka:

– Hany, kim ýok? Elbetde, bular ýaly maslahata oglanlary çagyrmaly däl – diýdi (H. Derýaýew).

Elbetde alymlaram gurl..şykçylaram ýerasty suwlaryň ýokary göteriljeg..ni öň..nden gör..pdiler, şon..ň üç..nem zerur möçberdäki zeýkeş gazmak işlerini çyzga girizipdiler… Iş döwründe bir zady görkezdi has dogr..sy alymlaryň öňden aýdan pikirlerini tassyklady… Birinjiden suw betonyň içindenem syzyp geçýär. Ikinjidenem kanalyň boýunda ýüzlerçe müň gektar ýere ekin ekilýär. Mysal üç..n gowaça ekip ýetişdirmek üçin, tom(?)suna iň azyndan 5–7 gezek suwarmaly (*S. Ataýew*).

**Gönükme.** Çeper eserlerden içinde giriş sözler getirilýän bäş sany sözlem tapyp, depderiňize ýazyň. Sözlemleri alan çeşmäňizi görkeziň.

**Gönükme.** Okaň. Sözlem agzasy hasaplanmaýan sözleri tapyň.

Öwezmämmet:

– Be, kim bolarka, janlarym, ol obada Mara düşen gyz? – diýdi.

Işan:

– Biziň ol obamyz bir galtaman obadyr, ol obadan Mara düşen gyz köpdür. Ynha, Meňliň gyzy bar. Ol nemäň... aý, tapsaňyzlaň adyny, hawa, Nurmämmediň uýasy bolmalydyr.

– Dogry, tapdyňyz, işan aga. Ana, şol çoluk oglan Nurmämmediň ýegeni bolmaly. – Ýagşy, indi, işan aga, ynha ahun aga-da otyr,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

şolar ýaly biriniň nikaly heleýini alyp gaçan haramzadany öldürseň, şonuň gany düşermi?

– Ol hakyky zynakär, ony öldürseň, gany ýok.

– Işan aga, «Onuň gany ýok» diýdiňiz welin, talak edip goýberiberende bolmaýamy? – diýip, ahun işanyň ýüzüne seretdi.

Işan:

– Ýagşy, heleýi talak etdiň, erkege näme jeza berjek?

– Şular ýaly ýurt ýykan haramlaryň, elbetde, jezasy bolmaly. Siz näme diýýäsiňiz? — diýip, işan ahundan sorady.

– Siziň aýdanyňyz dogry, işan aga, biz ýalňyşypdyrys – diýip, ahun ýüzüni aşak saldy.

– Ýagşy, işan aga, bu hakda söz galsyn. Olaryň jezasyny men özüm bilýän. Ýöne size başga bir maslahat bar. Bir-ä, şolar Nurmämmediňkä gelip düşen badyna, neneňsi edip bilmek bolar *(H. Derýaýew).*

**Teksti okaly, asylly däp-dessurlarymyza üns bermäge çalşaly**

Ata-baba gelýän asylly däp-dessurlarymyza, durmuş ýörelgelerimize üns berseň, bu ýörelgäniň gymmatyna, ähmiýetine has doly düşünersiň. Bu biziň asylly ýörelgämize dogry gelýän düşünjedir. Resulallanyň «Öz söýýän zadyňyzy dostuňyza hem rowa görýänçäňiz hakyky mömin dälsiňiz» diýen hadysyny ýatlaň. Şuňa nazar salsak, bu ýörelgäni saýlap-saýlamazlyk däl-de, bize hut şeýle hereket etmek ündelendir. Bu ýörelgäniň astynda terbiýe, ynanç-ygtykat ýaly gymmatlyklar ýatyr. Men gazanýaryn sen gazanýarsyň diýen ýörelge belent mertebeli adam bolmagyň bir şertidir. Şony amal etmezden mertebäň doly-kämil bolmaýar.

Özüňdäki husytlyk, bahyllyk duýgularyndan saplanmasaň, diňe özüň gazanmak ýeterlik diýip pikir etseň, birbada özüňi rahat duýsaňam, soňabaka durmuşy şeýle dolandyrmak örän çetin bolar. Beýle durmuş ýoly örän hatarly, kert gaýaly, uçut eňňitli ýoldur. «Köke bir adamdan başgasyna ýetmeýär, ony diňe bir adam iýmeli» diýmek örän ýalňyşdyr.

Ýaradanyň hazynasy hemişe doludyr we ol hiç wagt egsilýän däldir. «Gökleriň we Ýer ýüzüniň hazynalary Allanyňkydyr». Onuň fazly-keremi hemme zada, hemme kişä ýetýändir. Bähbitleri barabar peýdalanyp bilsek, gazanýan her bir zadymyzyň bereketi artar gider.

Hiç wagt öz bähbidiňi ileri tutmak bilen daş-töweregiňi, ýaşaýan jemgyýetiňi gözden salma. «Olara näme bolsa, şol bolsun» diýip ýaşama. Özüň hem gazan, özgelere-de gazanmaga maý ber. Bile gazanmak ýörelgesi hemmelere bähbitli, mynasyp ýörelgedir. Şonda päk gursakdan, päkize niýetlerden, il arasyndaky orun-mertebeden, hemmä täsir edýän oňyn oý-pikirlerden lezzet alarsyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Mahlasy, arassa gazanç, gazanmak diýmeklik beýlekileri gözden salmak diýmek däldir. Gaýta, bilelikde gazanmak üçin olary hem öz ýanymyza çekmek diýmekdir. Üstünligi we onuň şatlygyny deň paýlaşmak diýmekdir. Ýeňiş aýdymlaryny bilelikde ýerine ýetirmek diýmekdir.

Arap ýazyjysy Nejib Mahfuzyň aýdan sözleri bar: «Egoistligiň çür başynda ýaşap bilersiň, ýöne bu häsiýet bilen bagtly bolup bilmersiň» *(«Halallyk kyssalary» kitaby)*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Gönükme.** Giriş sözleriň aňladýan manylary boýunça haýsy topara degişlidigini aýdyň. Göçüriň. Galdyrlan dyngy belgileri goýuň.

1. Akyldar Magtymguly Pyragynyň dünýägaraýşynyň dünýä edebiýatynyň genisi Danteniň dünýägaraýyş ulgamy bilen deňeşdirilip öwrenilmegi adamzadyň akyl-paýhas ösüşinde yz goýan bu iki akyldaryň döredijilik älemine has çuňňur aralaşmaga şeýdibem barlyk, bakylyk ýaly pelsepewi düşünjelere aň salmaga ýardam eder *(«Magtymguly Pyragy bilen Dante Aligýeriniň bakylyk pelsepesi» Baýram Atakow. «Garagum» žurnaly* ). 2. Dowzahda günälilere berilýän jezalaram olaryň eden gürrüňlerine laýyk. Mysal üçin parahorlary gaýnap duran smola (şepbige) taşlapdyrlar*...(şol ýerde).* 3. Adam haçan-da, kimdir birinden ýamanlyk görüp, beýleki ähli adamlara bolan ynamyny ýitirse, şeýtanyň güni gelýär we oňa gaty tiz eldekileşdirýär *(şol ýerde)*. 4. Umuman bütin dünýäde adamlaryň arasyny bozup ýören, olaryň duşman bolmagyny gazanýan adamlar örän ýazgarylýar *(şol ýerde)*. 5. Umuman Magtymguly Pyragy dowzahy ähli aýylgançlyklary bilen suratlandyrypdyr *(şol ýerde)*. 6. Diýmek biziň zybanymyzdan çykan her bir söz ýöne bir zat däl eken *(şol ýerde).*

### *GIRIŞ SÖZLEM*

«Giriş sözler» diýen tema geçilende, bu sözleriň sözlemdäki pikire bolan garaýşy aňladýandygy aýdylypdy. Edil giriş sözler ýaly, giriş sözlemler hem bu hyzmaty ýerine ýetirip bilerler.
Esasy sözlemiň içinde gelip, şol sözlemdäki pikire bolan garaýşy aňladýan sözlem giriş sözlemdir.
*Meselem:*
***Magtymguly barada häzire çenli ýazylan iň gowy eserleriň biri** – ol meniň kalbyma rahatlyk, ruhy lezzet berýän «Dowamat-dowam» poemasydyr (Gazetden).*
***Sen ony tanamaly**, bize Mämmetmyrat agtyjagyny getirjek (Žurnaldan).*

### *GIRIŞ SÖZLER*

Baş agzalary bolmaýar. Meselem: Megerem, ol ýalňyşýan däldir. Gutarnykly pikir aňlatmaýar. Bile gelen sözleminden intonasiýa taýdan gowşak bölünip aýdylýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*GIRIŞ SÖZLEMLER*

Baş agzalary bolýar. Meselem: Düýn, seniň habaryň bardyr, mekdepde uly dabara boldy. Gutarnykly pikir aňladýar. Esasy sözlemden intonasiýa taýdan mese-mälim bölünip aýdylýar.

**Gönükme.** Giriş sözleri we giriş sözlemleri tapyň, olaryň tapawutlaryny düşündiriň. Göçüriň. Giriş sözleriň aşagyny göni çyzyk bilen, giriş sözlemleriň aşagyny bolsa tolkunly çyzyk bilen çyzyň. Degişli dyngy belgilerini goýuň.

1. Belki siz ol mollalardan dälsiňiz. Belki siz ýagşy ynsanlardansyňyz (H. Derýaýew). 2. Ýadyňa düşýärmi bäş alty ýyl mundan owal «Belentlik» diýen makala ýazypsyň (*S. Ataýew*). 3. Şäheriň mejlisler zalyny gören bolsaňyz uniwersitetiň aktlar zalyna çalym edýär. 4. Gepiň gerdişine görä aýtsak mun..ň bir oňat tarapy hem bar. 5. Elbetde ozaldan taýýarlyksyz toý bolansoň, nika gyýmak işleri biraz gijä galdy (H. Derýaýew).

**Gönükme.** *Biz ony tanarys, ony sen bilýärsiň* giriş sözlemlerini esasy sözlemiň içinde getiriň, özüňizden iki sany sözlem düzüň.

## Sözlem agzasy hasaplanmaýan sözleriň sintaktik derňew edilişi:

I. Sözlem agzasy hasaplanmaýan sözleri sözlemden tapmak.
II. Olaryň görnüşini ýüze çykarmak:
1) ýüz tutma sözler;
2) jogap sözler;
3) ümlükler;
4) giriş sözler.
VI. Sözlem agzasy hasaplanmaýan sözleriň sözlemdäki hyzmaty.

**Gaýtalamak üçin soraglar:**

1. Nähili sözlere ýüz tutma sözler diýilýär?
2. Jogap sözleriň kesgitlemesini aýdyň. Olary doly däl sözlemlerden tapawutlandyryp bilýär misiňiz? Subut ediň.
3. Ümlükleriň bile gelen sözlemleriniň pikir aňladyşyna täsir edişini düşündiriň.
4. Aňladýan manylaryna görä, giriş sözler haýsy toparlara bölünýärler? Olaryň sözlemdäki hyzmaty barada aýdyň.
5. Giriş sözler bilen giriş sözlemleriň esasy tapawutlary nämelerden ybarat?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## BILIMIŇIZI BARLAŇ

1. Sözlem agzasy hasaplanmaýan sözler näçe topara bölünýärler?
A. 1 B. 2 C. 3 D. 4

2. Sözlemde aňladylýan pikiriň kime ýa nämä garadylyp aýdylýandygyny bildirýän söze näme diýilýär?
A. Ýüz tutma söz B. Jogap söz
C. Ümlük D. Giriş sözler

3. Gepleşikde soraga, buýruga ýa haýyşa biragyzdan jogap bolýan sözler nähili sözlerdir?
A. Ýüz tutma söz B. Jogap söz
C. Ümlük D. Giriş sözler

4. Begenji, gynanjy, içki joşguny aňlatmaga hyzmat edýän sözlere näme diýilýär?
A. Ýüz tutma söz B. Jogap söz
C. Ümlük D. Giriş sözler

5. Sözleýän ýa ýazýan adamyň ýüze çykarýan pikirine bolan garaýşyny aňladýan sözler nähili sözlerdir?
A. Ümlük B. Jogap söz
C. Ýüz tutma söz D. Giriş sözler

6. Giriş sözler sözlem agzalaryndan nähili dyngy belgi arkaly aýratynlandyrylýarlar?
A. Otur B. Iki nokat
C. Defis D. Kese çyzyk

7. Diýmek, ol ýene okuwdan gijä galypdyr-da! Bu sözlemde sözlem agzasy hasaplanmaýan haýsy söz bar?
A. Ýüz tutma söz B. Jogap söz
C. Ümlük D. Giriş söz

8. Sözlemiň umumy manysyna goşmaça many berýän sözlere nähili sözler diýilýär?
A. Sözlem agzasy hasaplanmaýan sözler B. Giriş sözlem
C. Ses we şekil aňladýan sözler D. Kömekçi sözler

9. Hawa, şeýle, bar, ýok, bolýar, mümkin, dogry ýaly sözler nähili sözler hasaplanýar?
A. Kömekçi söz B. Jogap söz
C. Ümlük D. Giriş söz

10. Mähriban dostlar, tebigaty goramaga öz goşandymyzy goşalyň! Bu sözlemde sözlem agzasy hasaplanmaýan haýsy söz bar?
A. Giriş söz B. Jogap söz
C. Ümlük D. Ýüz tutma söz



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# XI bölüm

# KÖP OKAN, KÖP BILER

- GEÇILENLERI GAÝTALAMAK
- KITAP – KÖŇÜL NAGŞYMYZ









*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# KITAP – KÖŇÜL NAGŞYMYZ



**Gönükme.** Teksti okaly. Kitabyň ynsan durmuşyndaky ähmiýeti barada söhbetleşeli.

**Kitap adamyň ruhy dünýäsine egsilmez güýç-kuwwat berýär.** Geçmişimize nazar aýlasak, ruhy baý halkymyzyň kitaba bolan söygüsiniň, hormatynyň näderejede beýikdigine, guba düýesini bir kitaba çalşan ata-babalarymyzyň bolandygyndan hem göz ýetirýäris. Kalplara barýan ýol kitaplardan gözbaş alýar.

Kitap – bilim çeşmesi. Okyjy kitaby özüne yoldaş edinip, älem-jahana gaýybana syýahat edýär. **Ata-babalarymyzyň kitaba goýýan hormaty aýratyn bellenilmäge mynasypdyr.** Bu barada Magtymguly atamyz: «Kitap okan gular magnydan dokdur» diýýär. Çünki kitap okaýan adamyň ýüregi mähir-muhabbetden, köňli ynsanperwerlikden püre-pür bolýar. Şeýle-de kalp päkligi, paýhas kämilligi, dil we ruhy baýlygy umman ýaly hazyna öwrülýär. **Okamaýan adam bolsa, ruhy garyplykdan ejir çekýändir.** Ylym akyly, akyl – kalby, kalp zybany, zyban bolsa adamy herekete getirýändir. Bu günki gün ýurdumyzda dünýä ylmyna we medeniýetine ägirt uly goşant goşan alymlaryň, ýazyjylaryň, şahyrlaryň eserlerini öwrenmek hem-de oky-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

jylar köpçüligine ýetirmek üçin ähli şertler döredilýär. Soňky sanlyja ýylyň içinde dünýä derejesindäki döwrebap kitaphanalaryň, ýokary okuw mekdepleriniň onlarçasynyň gurlup, ulanylmaga berilmegi döwletimizde kitapsöýüji neslimiziň, ylym-bilimli ýaşlaryň kemala gelmeginde uly ähmiýete eýedir (Gazetden).

Ýekeje kitap tutuş jemgyýetiň ruhy durmuşyny, estetiki garaýyşlaryny, sungatyny iň ýokary derejä götermegi mümkin.

*Azat Şarafiddinow*

**Ýumuş:** Aşakdaky soraglara özbaşdak jogap ýazyň.

**Ýumuş:** Aýratynlandyrylyp ýazylan sözlemleriň eýesini we habaryny tapyň.



**KITAP, MEN WE 5 AÝRATYNLYK**



Meniň kitaba bolan suratlandyrmalarym

Meniň 5 awtorym

1.____________
2.____________
3.____________
4.____________
5.____________



Meniň 5 halaýan şekillerim

1.____________
2.____________
3.____________
4.____________
5.____________

Meniň 5 halan kitapdaky setirlerim

1.____________
2.____________
3.____________
4.____________
5.____________



Meniň halan 5 häsiýetim

1.____________
2.____________
3.____________
4.____________
5.____________

Memiň halan 5 kitabym

1.____________
2.____________
3.____________
4.____________
5.____________

**Gönükme.** Söz düzümleriniň baglanyş ýollary barada öwrenenleriňizi ýatlaň. Göçüriň. Ylalaşma, eýerme, ýanaşma ýoly bilen baglanyşan sözleri aýry-aýrylykda ýazyň. Olaryň her görnüşine degişli özüňizden hem iki mysal goşuň.

Meniň enem, sahna seretdi, täze mekdep, siziň göläňiz, sözlerini diňledi, oglanlar geldiler, olaryň işi, arassa otag.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Gönükme.** Sözleriň baş agzalary barada öwrenenleriňizi ýatlaň. Olaryň görnüşlerini, haýsy söz toparlaryndan ýasalyp bilýändiklerini aýdyň. Göçüriň. Eýe bilen habaryň aşagyny çyzyň.

Päli azan Şükli melek Bugra hatyna şerap süzd..rip, Salyr Gazany armanda goýmagy ýüregine düwýär. Muny eş(?)den Bugra hatyn otly köýnek geýýär. Ol oguz gyzlarynyň ýanyna baryp:

– Duşman Gazanyň hatynyny aňjak bolsa, kyrkyňyz kyrk ýerden «men, men» diýip jogap berersiňiz-diýýär. Gyzlar on..ň öwredişi ýaly hereket edýärler.

Jany ýanan Şükli melek Gazanyň ogly Orazy öldürip, onuň etini gyzlara iýdirmegi buýurýar. «Her kim iýse degmäň. Iýmese şol Gazanyň aýalydyr, getiriň» diýýär (*«Gorkut ata»*).

**Gönükme.** Eýe bilen habaryň arasynda kese çyzyk goýluşyny düşündiriň. Nakyllary göçürip, eýe bilen habaryň arasyna kese çyzyk goýuň. Onuň sebäbini aýdyň.

Malym janym. Ekseň ekin, baksaň goýun. Är ganaty at.
Köpüň dilegi kölüň suwy. Il agzy keramat.

**Gönükme.** Sözlemiň aýyklaýjy agzalary, olaryň görnüşleri we sözlemdäki hyzmaty barada aýdyp beriň. Göçüriň. Aýyrgyçlaryň we doldurgyçlaryň aşagyny çyzyň.

Bugra hatyn ogly Orazy ýagdaý bilen tanyşdyrýar:

– Ogul, seniň etiňden iýeýinmi ýa porsy duşmanyň düşegine gireýinmi? Ataň – Gazanyň namysyny ýere uraýynmy, näme edeýin, oglum?

– Bu nä sözd..r, ene. Meniň üçin aglama. Goý, meni para-para etsinler. Etimi dograp, gara gowurma öw..rsinler. Kyrk gyza bersinler. Olar bir iýse, sen iki iýgin. Seniň Gazanyň aýalydygyňy duşmanlar bilmesinler. Ölen men bolaýyn, ýöne atamyň mertebesi basgylanmasyn (*«Gorkut ata»*).

**Gönükme.** Deňdeş agzalary tapyň.

Şunluk bilen bir näçe gün geçenden soň, Gözeli aljagyny has çynyrgatdy. Aýalyny aýryp, hatyny berdi we goşuny paýlaşdy. Ussa bir tam, bir düşek keçe, bir ýassyk, bir çäýnek, bir käse we şunuň ýaly zatlardan ýetdi.

Dört aýaklydan bolsa guýrugy küle bir gök eşek ýetdi.

Çagalary bolsa ejesiniň ýanynda bolmaga göwnediler.

Söň ussa özüne timar bermäge başlady. Ol sakgal-murtundan zat goýman aýyrdy. Geýim-eşigini-de üýtgedip ugrady. Ozaly bilen egni-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ne maýka, aýagyna jalbar geýdi. Maýkanyň etegini jalbarynyň içine salyp gezmägi çykardy (*A. Durdyýew «Bally molla»*).

**Gönükme.** Göçüriň. Deňdeş eýeleriň, habarlaryň, aýyrgyçlaryň, doldurguçlaryň aşagyny çyzyň.

1. Kitaplary okaman, hakyky bilim alyp bolmaz, onsuz lezzet-de, dilewarlyk-da, her taraplaýyn giň düşünjelilik-de ýokdur we bolup-da bilmez *(A. Gersen)*.

2. Adamyň ähli zady: ýüzi-de, egin-eşigi-de, kalby-da, pikiri-de gözel bolmalydyr *(A.P. Çehow)*.

3. Türkmen şahyrlary Gündogaryň Nyzamy, Nowaýy ýaly beýik söz ussatlaryna eýeripdirler *(Žurnaldan)*.

**Gönükme.** Göçüriň. Deňdeş eýeleriň, habarlaryň, aýyrgyçlaryň, doldurgyçlaryň aşagyny degişli çyzyklar bilen çyzyň. Galdyrylan dyngy belgilerini we harplary goýuň.

Dost..ňy betbag(?)tçylykda goýma Dost..ňa wepaly bolmak dostuň bilen diňe bir şatlygy däl eýsem gam- gussany hem paýlaşmak di.. mekdir. Dost..ňda ýalňyşlyklar kynçylyklar synaglar bol..p biler.

Dostl..k we men-menlik barlyş..ksyzdyr hem-de bir ýere sygyşjak zat däldir (*Suhomlinskiý*).

**Gönükme.** Goşgyny okaň. Manysyna üns beriň. Ussadyňyz barada öz pikiriňizi aýdyp beriň.

## UNUTMA

*(Goşgy gysgaldylyp alyndy)*

Alym bolup uly syrlar açaňda,
Ganat baglap al-asmana uçaňda,
Döşüň gerip gaý böwsüp geçeňde,
Dilleriň dürdäneler seçende,
Alkyşlar diýilse seniň adyňa,
Mugallymyň mydam düşsün ýadyňa.

Ussa bolup jaýyň kerpijin örseň,
Gözlegler geçirip daglary dörseň,
Deňizde, derýada, çöllerde ýörseň,
Nebit, gaz agtaryp wyşkalar gursaň,
Kuwwat berer mydam seniň badyňa,
Mugallymyň salyp dursaň ýadyňa

*B. Japarow*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Gönükme.** Goşgyny üns berip diňläň. Goşgudaky durnukly söz düzümlerini depderiňize belläň we olaryň manysyny düşündiriň.

## DAŞY SYNDYRAR



Ykbalyň oýansa, döwlet ýar bolsa,
Daga azy ursaň, daşy syndyrar;
Täleýiň ters gelse, bagtyň şor bolsa,
Paludanyň peri dişi syndyrar.



Ajalyňdan gorkup girseň ummana,
Gorkudan ne peýda gidejek jana,
Ömrüň ahyr bolup, dolsa peýmana,
Haşhaşyň samany başy syndyrar.



Bar sözüne gulak goýgul bileniň,
Ahyry hiç ýere ýetmez ýalanyň,
Ömri-saly artar alkyş alanyň,
Gargyş galyndyrmaz, ýaşy syndyrar.



Akylyň sözünden köňül söýüner,
Akmagyň işinden zehin käýiner.
Muhannes giň ýerde akyl saýynar,
Dar ýerde akyly-huşy syndyrar.



Magtymguly, çölde gezen naşyny,
Bilik sorma, köp sürdi diýp ýaşyny,
Dar mejlisde doly berseň aşyny,
Aşny iýe bilmez, käşi syndyrar.

**Gönükme.** Topara bölünip berlen sözler bilen başlanyşykly bäş sany durnukly söz düzümlerini ýazyň. Olaryň manysyny düşündiriň

| A TOPAR | B TOPAR |
|---|---|
| Göz | Gulak |
| Nusga: Göz degmek. | Gulak gabartmak. |
| 1. | 1. |
| 2. | 2. |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

| | |
|---|---|
| 3. | 3. |
| 4. | 4. |
| 5. | 5. |

**Gönükme.** Göçüriň, tapawutlandyrylyp ýazylan durnukly söz düzümleriniň manylaryny we stilistik hyzmatyny aýdyp beriň.

Senden: «Dil edebi nähili bolýar?» diýip sorasalar, şeýle jogap ber: «Ýagşy pikiri aýtmak üçin dil açan ýagşy, emma ýaman gepden agzyňa berk bolgun!»

«Nämelerden diliňi saklamaly?» diýip sorasalar, şulary diýgin:

Ýalan geplemekden, çünki ýalançylyk özüňe duşmandyr.

**Lebziňden dänmekden,** çünki bu ikiýüzlüligiň alamatydyr.

Gybatdan, sebäbi bu akylly kişileriň işi däldir.

Jenjelden, **gep gezdirmekden** we **şeýtan was-wasyna düşmekden** saklan.

Özüňi öwmekden, magtanmakdan, çünki bular ulumsylygyň, tekepbirligiň alamatydyr.

Adamlary kemsidiji we üstünden gülnüp aýdylýan sözlerden saklan («Garagum» žurnaly).

### Dil sözi bilen baglanyşykly durnukly söz düzümlerini ýazyň.






*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Teksti okaň we maslahatlara amal ediň.

## KITABY NÄDIP ÇALT OKAMALY?



Alymlar okalan kitaplaryň, şeýle-de maglumatlaryň manysyna düşünmegiň diňe çalt okamaklygyň netijesinde amala aşýandygyny aýdýarlar. Çalt okamaklyk diňe bir wagtymyzy tygşytlaman, eýsem, okaýan kitabymyzyň manysyny ýatdan çykarmazlygymyza we beýnimizi has işjeň ýagdaýda saklamaklygymyza ýardam edýär. Beýnimiziň maglumatlar bilen yzygiderli üstüniň ýetirilmegi ýatkeşligimize oňaýly täsirini ýetirýär. Kitaby çalt okamaklyk üçin öňki bar bolan endiklerimizden ýuwaş-ýuwaşdan saplanmagymyz gerek. Çünki bu endikler çalt okamaklygymyza päsgel berýär. Geliň, olaryň käbiriniň üstünde durup geçeliň!

- Okap oturan wagtyň has gowy düşünmeklik maksady bilen, sözlemi başyndan başlap okamak.
- Okalanda sözleme däl-de, sözlere düşünmäge çalyşmak.
- Ünsüňizi otagyň içindäki öý goşlaryna, biraz wagt mundan öň bolup geçen wakalara, daşardaky hereketlere... bermeklik.
- Manysyna düşünmerin diýen gorky bilen okamak.
- Okanyňyzda, ilki bilen, gysga ýazgylary okamaklygyňyz hem siziň örän haýal okaýanlygyňyzdan habar berýär.

Çalt okamaga bolan islegimiz, ilkinji nobatda, diňe öz-özümizi yzygiderli türgenleşdirmegimiz bilen hasyl bolýar. Onuň ilkinji düzgüni bolsa, gözlerimizi dogry ulanyp bilmegimizdir. Gözlerimiz edil surata düşürýän enjam ýaly diňe belli bir aralygy dury görüp, galan bölekleri dumanly görýär. Şol dury görünýän ýer bolsa okamaklygymyza kömek edýär. Okamak üçin dikilen nazarymyzyň dury görünýän ýeri 4 santimetr bolup, ony yzygiderli okamaklygymyz bilen giňeldip bileris. Görüş nokadymyzyň giňemegi çalt okamagymyza ýardam etjek ilkinji sebäpleriň biridir. Okaýan mahalymyz gözlerimiz çepden saga belli bir yzygiderlilikde şol bir çyzykda hereket edýär. Bu hereket beýnimiziň sözleri sözlemlere öwrüp, ondan many çykarmagymyza kömek edýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Çalt okamak üçin aşakdaky maslahatlardan hem peýdalanyp bilersiňiz

Sözleri ýazyp öwrenmek. Eger-de siz nätanyş sözleri ilki ýazyp öwrenseňiz, sözlemiň içinde geleninde ony tanamak aňsat düşer. Bir ak kagyzyň ýüzüne ilki iki, soň üç, dört, bäş, alty harply sözleri ýazyp, soňra ony gysga wagtda ýat tutmaga çalşyň! Bulary yzygiderli gaýtalamak hem-ä söz goruňyzy artdyrar, hemem gözleriňiziň göni çyzyk boýunça hereketlenmegine getirer.

Täze sözleri öwrenmek. Öň eşidip görmedik sözleriňiziň hökmany ýagdaýda düşündirişini öwreniň, şeýle-de onuň nähili manysynyň bardygyny, başga dillerde ulanylanda manysynyň üýtgäp-üýtgemeýändigini bilmäge synanyşyň! Näçe köp söz bilseňiz, ol siziň çalt okamaklygyňyza şonça kömek eder. Manysyny bilmedik sözleriňiz üçin ýitirýän wagtyňyz bilýän sözleriňize garanyňda üç esse köp wagtyňyzy alar.

Gözüň bilen okamak. Pyşyrdap ýa-da sesli okamaklygyň çalt okamaklyga ters täsiri bar. Kitaplar diňe gözleriňiz bilen okalmalydyr. Gözleriňiziň bir çyzykdan göni öňe we yza gaýdyp gelme yzygiderliligi arkaly çalt okamaklyk endigiňizi kämilleşdirip bilersiňiz.

Göz gezdirmek. Okaljak zadyň sözbaşylaryna, paragrflaryna, ilki we soňky setirlerine göz aýlap, gürrüňiň näme hakda barýandygy barada, ilkinji nobatda, beýnimizi habarly etmegimiz ýeterlik. Bu ýagdaý hem-ä okaljak zadyň akgynly gitmegine, hemem çalt okalmagyna diýseň uly täsirini ýetirýär.

Üç söz. Alymlaryň pikiriçe, çalt okamaklygyň bu usulyna endik edilse, sözlemi doly okamaklygyň geregi hem ýok. Her setiriň üçünji sözünden başlap, soňundan hem üçünji sözünde gutaryň. Sözlemi doly okamazlyk onuň manysyna düşünmeýänligiňizi aňlatmaýar. Gözümiz bilen beýnimizi bilelikde ulanmagy başaran halatymyzda diňe bir sözlemiň manysyny däl, eýsem, onuň her sözlerini hem okamagyň mümkindigini alymlar subut etdiler.

Özüňe ynam. Elbetde, her bir başlangyç üçin, ilki bilen, özüňe ynam bolmaly. Eger çalt okap geçsem tiz unudaryn, hiç zada düşünmerin diýen gorkulardan saplanmaga çalşyň! Çalt okamaklyk size az wagtyň içinde köp maglumat edinmeklige, ýatkeşligiňizi gowulandyrmaklyga, şeýle hem özüňiziň nämelere ukyplydygyňyzy ýüze çykarmaga kömek eder. Bu bolsa indiki etsem-petsemleriňizi durmuşa geçirmekde özüňize bolan ynamy artdyrar.

Tekstden alnan bölekdäki sözlemleriň eýesini we habaryny tapyň. Olaryň haýsy söz toparlaryndan hasyl bolandygyny anyklaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Alymlar okalan kitaplaryň, şeýle-de maglumatlaryň manysyna düşünmegiň diňe çalt okamaklygyň netijesinde amala aşýandygyny aýdýarlar. Çalt okamaklyk diňe bir wagtymyzy tygşytlaman, eýsem, okaýan kitabymyzyň manysyny ýatdan çykarmazlygymyza we beýnimizi has işjeň ýagdaýda saklamaklygymyza ýardam edýär. Beýnimiziň maglumatlar bilen yzygiderli üstüniň ýetirilmegi ýatkeşligimize oňaýly täsirini ýetirýär. Kitaby çalt okamaklyk üçin öňki bar bolan endiklerimizden ýuwaş-ýuwaşdan saplanmagymyz gerek.

**Tekstden alnan bölegi okaň. Ondan aýyklaýjy agzalary tapyň we olaryň aýyklaýjy agzalaryň haýsy görnüşine degişlidigini anyklaň. Olary aýyklaýan sözleri bilen aşakdaky jedwelde görkezilişi ýaly bölüp ýazyň.**

Çalt okamaga bolan islegimiz, ilkinji nobatda, diňe öz-özümizi yzygiderli türgenleşdirmegimiz bilen hasyl bolýar. Onuň ilkinji düzgüni bolsa, gözlerimizi dogry ulanyp bilmegimizdir. Gözlerimiz edil surata düşürýän enjam ýaly diňe belli bir aralygy dury görüp, galan bölekleri dumanly görýär. Şol dury görünýän ýer bolsa okamaklygymyza kömek edýär. Okamak üçin dikilen nazarymyzyň dury görünýän ýeri 4 santimetr bolup, ony yzygiderli okamaklygymyz bilen giňeldip bileris. Görüş nokadymyzyň giňemegi çalt okamagymyza ýardam etjek ilkinji sebäpleriň biridir. Okaýan mahalymyz gözlerimiz çepden saga belli bir yzygiderlilikde şol bir çyzykda hereket edýär. Bu hereket beýnimiziň sözleri sözlemlere öwrüp, ondan many çykarmagymyza kömek edýär.

| Aýyrgyçlar | Doldurgyçlar |
|---|---|
| | |

**Aşakdaky berlen bölekleri ýazyň we manysyny düşündiriň.**

1. Ýagyş bilen ýer gögär, alkyş bilen är gögär (Nakyl).
2. Dag daga duşmaz, adam adama duşar (Nakyl).
3. Ata kesbi ogla halal (Nakyl).
4. Lukman çäre tapsyn gelen dertlere (Magtymguly).
5. Tanalar ol has bedewler, köne ýyrtyk jul biläni (Magtymguly).
6. Bedew atlar adam kimin syzýa (Magtymguly).
7. Goç ýigit gam çeker mydama, begler (Kätibi).
8. Süýremäge zor hossarlyk gerekdir (Kätibi).



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ýumuş**
Ýokardaky sözlemleriň baş agzalary haýsy jogapda dogry (D), haýsynda nädogry (N) görkezilendigini belläň.

1-nji sözlemiň baş agzalary:

| | | |
|---|---|---|
| D | ýagyş, alkyş, gögär, gögär | N |
| D | ýer, är, gögär, gögär | N |

2-nji sözlemiň baş agzalary:

| | | |
|---|---|---|
| D | dag, adam, duşmaz, duşar | N |
| D | daga, adama, duşmaz, duşar | N |

3-nji sözlemiň baş agzalary:

| | | |
|---|---|---|
| D | ata, kesbi | N |
| D | kesbi, halal | N |

4-nji sözlemiň baş agzalary:

| | | |
|---|---|---|
| D | lukman, tapsyn | N |
| D | dertlere, tapsyn | N |

5-nji sözlemiň baş agzalary:

| | | |
|---|---|---|
| D | bedewler, tanalar | N |
| D | has, tanalar | N |

6-njy sözlemiň baş agzalary:

| | | |
|---|---|---|
| D | bedew, kimin | N |
| D | atlar, syzýa | N |

7-nji sözlemiň baş agzalary:

| | | |
|---|---|---|
| D | bagler, çeker | N |
| D | ýigit, gam çeker | N |

8-nji sözlemiň baş agzalary:

| | | |
|---|---|---|
| D | süýremäge, gerekdir | N |
| D | hossarlyk, gerekdir | N |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Göçüriň, doldurgyçlaryň aşagyny çyzyň, ýokarsyndan onuň haýsy görnüşine degişlidigini ýazyň, aÿyklaýan sözi bilen nähili baglanyşandygyny aýdyp beriň.**

Diýdim: «Gözel dünýä, ne gözel zaman,
Gülgün bahar, gülüstanly, läleli…»
Ýürek diýdi; «Çekilmäli yza biz,
Şu bossanda mydamalyk galaly…»

Hasrat bilen dolumydy gözleriň,
Ýa-da özüň doňup galan gaýgymyň?
Ygtyýarym elden alyp sözleriň,
Meni derde goýdy seniň aýdymyň

*H. Kulyýew*

**Goşgyny okaň we surata syn ediň. Soraglara jogap beriň.**

........ aýdar, uçar men,
Bagdat suwun içer men.
Gyş Hindistan göçer men,
Lälezarlyk içinde.



1. Goşgy haýsy guş hakynda ýazylypdyr? Suratdaky guşuň ady näme?
2. Bu guşlar nirede ýaşaýarlar?
3. Bu guş bilen baglanyşykly nähili atalar sözüni bilýärsiňiz?
4. Bu guş barada erkin we durnukly söz düzümlerinden peýdalanyp tekst ýazyň.

**Aşakdaky kitap baradaky gyzykly maglumatlary okaň. Sözlemleriň baş agzalaryny tapyň.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Okaň. Tekstden sözlem agzasy hasaplanmaýan sözleri tapyň. Durdy elindäki daşy owadan kitaby Artyga görkezdi.**

– Ine, Artyk, bu kitap Lew Tolstoýyň «Anna Karenina» romany.
– Roman diýýäniň näme-aýt?
– Durmuşy giň suratlandyrýan gyzykly kitap.
– Diýmek, daýhan durmuşynammy?
– Hawa, munda özüň ýaly daýhanlaryň-da hal-ahwaly giň suratda beýan edilýär.
– Başga näme barada gürrüň gidýär?
– Söýgi barada.
– Hä, kyssa diýsene!
– Kyssa welin, biziň dessanlarymyz ýaly erteki bolman, şu günki hakyky durmuşy suratlandyrýan kyssa.
– Şu günki durmuşy? *(B. Kerbabaýew).*

Dünýädäki iň gymmat kitap, italýan suratkeşi we oýlap tapyjysy Leonardo da Winçi tarapyndan ýazylan «Lester Kodeksi» hasaplanýar. Kitapda Leonardo da Winçiniň öz eli bilen eden bellikleri bar. Golýazma häzirki wagtda kitaphonlygy bilen tanalýan belli işewür Bill Geýts eýeçilik edýär. Kitabyň bahasy 44 million dollar.

Dünýäniň kagyz görnüşde çap edilen iň kiçi kitabynyň ölçegi 0,9×0.9 mm. Bu kitap 2002-nji ýylda Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi. Kitapda A.P.Çehowyň «Hameleon» hekaýasy ýerleşdirilipdir.

Dünýädäki iň uly sözlügi XIX asyrda döredilip başlanan we XX asyrda beýleki ýazyjylar tarapyndan tamamlanan «Nemes sözlügi» hasaplamak bolar. Jemi 33 519 sahypasy bolan sözlük 33 tomdan ybarat.

**Goşgyny okaň. Inwesiýa hadysasyny düşündiriň.**

Çekdi oglan dag suratyn adama meňzeş.
Çekdi oglan bag suratyn adama meňzeş.

Uzyn günläp deňiz çekdi, gül çekdi.
Hemmesine han beräýseň adam deý
«Ah, ýaşamak hezil!» diýip güljekdi...

Otyr oglan,
Depderinde ençe ýürek meňzeýär.
Günem — Adam.
Gülem — Adam.
Asyl çeken ähli zady adamlara meňzeýär...

*G. Ezizow*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Parasatly sözleri dowam etdirip göçüriň. Ýeňiş doldurgyjynyň aşagyny çyzyň, aýyklap gelen sözüni görkeziň. Ýeňiş doldurgyjynyň haýsy ýagdaýda goşulmaly, haýsy ýagdaýda goşulmasyz baglanyşýandygyny düşündiriň.**

*Altyn alma, ...*

Arkaly köpek ...

At alsaň gunan al, ...

Bal tutan ...

Derdini gizlän ...

**Teksti okaň, mazmunyny gürrüň beriň. Sözlemleriň eýesini we habaryny anyklamaga synanyşyň.**

Dünýädäki dilçi alymlaryň tassyklamagyna görä, häzirki döwürde Ýer ýüzünde üç müňden gowrak dil bar diýlip hasaplanylýar. Olaryň käbirlerinde, meselem, hytaý, iňlis, arap, hindi, ispan dillerinde älemiň ýüzlerçe million ýaşaýjysy gepleýär. Ýukagir, ket, nigdal, nganasan dilleri ýaly diller bolsa, bary-ýogy ýüzlerçe adamyň ene dili bolup durýar. Käbir dilleriň, meselem, grek, hytaý ýa-da türkmen diliniň müňlerçe ýyllyk edebi däpleri bar. Aranta, nikobar, ýagnob dilleriniň bolsa, häzire çenli hatda ýazuwy hem döredilmändir. Ol diller diňe sözleýiş aragatnaşyk serişdesi hökmünde peýdalanylýar.

Gadymy edebi-ýazuw däpleri bar bolan diller,ýagny gadymy ýazuwly diller, ýazuwy soň döredilen diller bolsa ýaş ýazuwly diller atlandyrylýar. Bislam ýa-da neosolomon ýaly birentek diller diňe ýazuw ýadygärliklerinden belli bolan, müňlerçe ýyl mundan öň ulanylan şumer diline garanyňda has soň ýüze çykandyr. Janly gepleşikde ulanylmadan galan diller öli diller, meselem, latyn dili hasaplanylýar, häzir gepleşikde peýdalanylyp ýörlen diller bolsa janly diller diýlip atlandyrylýar (T. Bekjäýew).

...........................................................................................................
...........................................................................................................
...........................................................................................................
...........................................................................................................
...........................................................................................................
...........................................................................................................
...........................................................................................................
...........................................................................................................
...........................................................................................................



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Aşakdaky sözleri habar edip, sözlem düzüň we depderiňize ýazyň.**

*geň galdy* | *görsedi* | *şatlanýar*

*mugallymdy* | *aýlamakçy* | *taýýarlanmaly boldy*

**Goşgyny labyzly okaň, mazmunyny düşündiriň.**

## DUÝMADYM MEN

Mellek ýeriň ýakasyndan ýykdyk seni,
Birazajyk giňeltdik biz şeýdip ýeri.
Nepi degmez seňki ýaly miwäň öňi,
Hazynanyň biridigiň bilmedim men.

Ardylmady gyşda seniň gabyklaryň,
Aşyn içdim senden bolan tabaklaryň,
At edipdim çaga wagtym çybyklaryň,
Gidenimde münerinmi bilmedim men.

Gorapdyň sen jöwza, yssy, ýalynlardan,
Habaryň bar maňa ýakyn göwünlerden,
Arym köpdür seniň içiň köwenlerden,
Indi öýe uk bolanňy görmedim men.

Dört-bäş ýyldan çapyp durduk, başyň keläp,
Hiç kim indi gelmez asyl hada diläp,
Ýanyp dursuň, ine, bu gün otda gürläp,
Ömrüm saňa meňzeşligin duýmadym men.

*G. Welbegow*

**Soraglar we ýumuş**

1. Şahyr goşguda haýsy agaç barada söhbet açýar?
2. Saz gurallary – dutar, gyjak haýsy agaçdan ýasalýar?
3. Agaçlar görnüşleri boýunça nähili toparlara bölünýär?
4. Ösümlik dünýäsiniň bize berýän peýdasy hekaýa ýazmaga synanyşyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Aşakdaky habar sözlemlerini okaň we olary sorag sözlemine öwrüp ýazyň. Soragyň nähili aňladylandygyny düşündiriň.**

| | |
|---|---|
| Aman çeper eserleri köp okaýar. | |
| Jeren suraty gowy çekýär. | |
| Gurban matematika sapagyndan bäşlik baha aldy. | |

**Galdyrylan deňdeş agzalary tapyň, köp nokatlaryň ýerine degişli sözleri ýazyň.**

Sözlemler aýdylyş intonasiýalary, maksatlary taýdan ..., ..., ..., ... diýen dört topara, gurluşy taýyndan bolsa ..., ... diýen iki topara bölünýärler.

... we ... sözlemiň baş agzalarydyr. Sözlemiň aýyklaýjy agzalary ... hem-de ... ybaratdyr.

**Söz we söz düzümi baradaky alan bilimleriňizi barlaň. Dogry ýa-da nädogrydygyny ýazyň.**

D — *Aýry-aýry düşünjeleri aňlatmak üçin hyzmat edýän gepleşik birligine söz diýilýär.* — N

D — *Sözleriň grammatik we many taýdan özara birikmesinden emele gelen sintaktik birlige söz düzümi diýilýär.* — N

D — *Söz düzümleri dil biliminiň morfologiýa bölüminde öwrenilýär* — N

D — *Söz düzümi biri beýlekisine garaşly sözleriň many hem grammatik taýdan baglanyşmagyndan döreýär.* — N

D — *Söz düzümi gutarnykly intonasiýada aýdylýar, onda gutaran oý-pikir aňladylýar.* — N



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Sözlemiň baş agzalary baradaky alan bilimleriňizi barlaň.Dogry ýa-da nädogrydygyny ýazyň.**

D ← *Eýe, habar, aýyrgyç, doldurgyç sözlemiň baş agzalarydyr.* → N

D ← *Sözlemiň baş agzalary sözlemde ýerine ýetirýän sintaktik hyzmatlaryna görä, eýe we habar diýen iki topara bölünýärler.* → N

D ← *Sözlemde özi dogrusynda sözlenip, kim?, näme?, nire?, näçe? diýen soraglara jogap bolýan we habar tarapyndan aýyklanýan söze eýe diýilýär.* → N

D ← *Goşma eýäni hasyl edýän sözler iki ýa-da üç sözden ybarat bolsalar-da, olaryň hersi özbaşdak soraga jogap bolýarlar.* → N

D ← *Eýe dogrusynda bir zady habar berýän, eýe baradaky pikiri gutaran görnüşe getirýän söze habar diýilýär.* → N



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Habar baradaky alan bilimleriňizi barlaň. Dogry ýa-da nädogry-dygyny ýazyň.**

D ← *Eýe dogrusynda bir zady habar berýän, eýe baradaky pikiri gutaran görnüşe getirýän söze habar diýilýär.* → N

D ← *Habary kesgitlemek üçin sözlemiň eýesine kim?, näme?, nire? ýaly soraglar berilýär.* → N

D ← *Eýe bilen habar, esasan, sanda we ýöňkemede ylalaşýar.* → N

D ← *Eýe bolup gelen söz haýsy sanda we ýöňkemede gelse, habar hem şol sanda we ýöňkemede gelip, baş agzalar özara ylalaşýar.* → N

D ← *Eýe bilen habar, esasan, baş düşümdäki isimlerden (işliklerden beýleki söz toparlaryndan) bolup sözlemde ýanaşyk gelseler, onda olaryň arasyna otur (,) goýulýar.* → N



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Aýyrgyçlar baradaky alan bilimleriňizi barlaň. Dogry ýa-da nädogrydygyny ýazyň.**

D — *Sözlemde atlara, at hyzmatynda gelen sözlere baglanyp, olary aýyklap gelen sözler aýyrgyçlar diýilýär.* — N

D — *Degişlilik aýyrgyjy kimiň?, nämäniň?, niräniň?, haýsy? diýen soraglara jogap bolup, sözlemiň atlardan bolan we at şekilinde gelen agzalaryna baglanýar.* — N

D — *Degişlilik aýyrgyjy baş düşümdäki sözlerden bolup, olar tarapyndan aýyklanýan söz bolsa olluk ýöňkemede bolmalydyr.* — N

D — *Sypat aýyrgyjy neneňsi?, nähili?, näçenji? diýen soraglara jogap bolup, bir zadyň hilini, bolşuny, gylyk- häsiýetini, näçedigini, görnüşini, nämeden edilendigini, kesp-kärini, ornuny görkeziýärler.* — N

D — *Meňzetme aýyrgyjy kim? näme? nire? diýen soraglara jogap bolup, bir adamyň ýa-da zadyň başga bir zada görnüş, häsiýet taýyndan meňzedilýändigini görkezýär.* — N



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Doldurgyçlar baradaky alan bilimleriňizi barlaň. Dogry ýa-da nädogrydygyny ýazyň.**

D ← *Sözlemiň işlikden we işlik şekillerinden bolan her bir agzasyna baglanyp, şolary aýyklap gelýän sözlere doldurgyçlar diýilýär.* → N

D ← *Wagt doldurgyjy aýyklanýan sözüniň, aňladýan gymyldy-hereketiniň wagtyny bildirýär we haçan?, näwagt?, näçe wagt? diýen soraglara jogap bolýar.* → N

D ← *Orun doldurgyjy kimden?, nämeden?, nireden? diýen soraglara jogap bolup sözlemde aňladylýan pikiriň ornuny, bolýan ýerini görkezýär.* → N

D ← *Aňryk, bärik, ilerik, gaýrak, aşak, ýokaryk ýaly tarap görkezýän sözler şol duruşlaryna ugur görkezip bilýändikleri üçin, ýöneliş doldurgyjy bolýarlar.* → N

D ← *Ýeňiş doldurgyjy kime?, nämä?, nirä? diýen soraglara jogap bolup, gymyldynyň haýsy zada geçýändigini, haýsy zada täsir edýändigini görkezýär.* → N



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Sözlemiň deňdeş agzalary baradaky alan bilimleriňizi barlaň. Dogry ýa-da nädogrydygyny ýazyň.**

D — *Deň heň, deň säginme bilen aýdylýan, bir söze baglanyp, deň soraga jogap bolýan sözlere deňdeş agzalar diýilýär.* — N

D — *Deňdeş agzalar biri-birleri bilen diňe kömekçiler arkaly baglanyşýarlar.* — N

D — *Sözlemde deňdeş agzalaryň manylaryny umumylaşdyrýan sözler jemleýji sözlerdir.* — N

D — *Olar deňdeş agzalaryň öňünden ýa-da yzyndan gelýärler. Jemleýji söz deňdeş agzalaryň öňünden gelse, ýazuwda onuň yzyndan iki nokat (:) goýulýar.* — N

D — *Habardan bolan deňdeş agzalar deňdeş eýelerdir.* — N



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ýönekeý sözlemler baradaky alan bilimleriňizi barlaň. Dogry ýa-da nädogrydygyny ýazyň.**

D — *Eýe bilen habardan (baş agzalardan) düzülen sözleme ýygnak ýönekeý sözlem diýilýär.* — N

D — *Öz içinde eýe bilen habardan başga aýyklaýjy agzalary bolan sözlemlere ýaýraň ýönekeý sözlem diýilýär.* — N

D — *Hemme agzalary öz içinde bolan sözleme ýygnak ýönekeý sözlem diýilýär.* — N

D — *Käbir agzasy galdyrylan, emma onuň barlygy duýulýan sözlem doly däl sözlemdir.* — N

D — *Öz içinde we daşynda eýesi bolmadyk, onuň bardygy-da güman edilmedik sözleme eýesi näbelli sözlem diýilýär.* — N



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Sözlem agzasy hasaplanmaýan sözler baradaky alan bilimleriňizi barlaň. Dogry ýa-da nädogrydygyny ýazyň.**

D — *Sözlem agzasy hasaplanmaýan sözler haýsydyr bir zada gürrüňdeşiň ünsüni çekmäge ýa bir zada bolan garaýşy, jogaby aňlatmaga hyzmat edýärler.* — N

D — *Sözlemde ýüze çykarylýan pikiriň kime ýa-da nämä ýüzlenip aýdylýandygyny görkezmek üçin ulanylýan, ýagny ýüz tutulyp aýdylýan söze jogap söz diýilýär.* — N

D — *Sözlemde ýüze çykarylýan pikiriň kime ýa-da nämä ýüzlenip aýdylýandygyny görkezmek üçin ulanylýan, ýagny ýüz tutulyp aýdylýan söze ýüz tutma söz diýilýär.* — N

D — *Begenji, gynanjy, içki joşguny aňlatmaga hyzmat edýän sözlere ümlükler diýilýär.* — N

D — *Giriş sözler sözlem agzalary bilen grammatik taýdan baglanyşýarlar.* — N



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## BEÝANNAMALAR ÜÇIN TEKST

### Jaňjagazlaryň owazy

Lukman Hekim – Ibn Sina kerwene goşulyp, ýola rowana bolýar. Ol gidip barşyna düýeleriň boýnundan asylan ululy-kiçili jaňlaryň sesini ýolboýy üns berip diňleýär. Garaňky gatlyşyberende, kerweniň ýolagçylary düşlemek üçin, ýüklerini ýazdyrýarlar. Gije hemmeler uklandan soňra, Lukman Hekim düýeleriň boýnundaky jaňl aryny çalşyryşdyrýar. Kerwen ertesi ýola düşende, düýeleriň boýnuna dakylan jaňlaryň sesi bir täsin owazly saz ýaly bolup eşidilýär. Şol täsin sazy diňläp, ruhy lezzet alyp barýan kerwendäki adamlaryň gijara ukulary tutup ugraýar. Olar düşleýärler.

Ikinji gije Lukman Hekim jaňlaryň ýerini ýene-de üýtgedişdirýär. Ertesi ýene üýtgeşik bir ýakymly owaz ýaňlanypdyr. Ol sazy diňleýän adamlaryň göwünleri açylyp, örän şatlanypdyrlar.

Üçünji gije ol ýene-de jaňlaryň ýerini çalşyrypdyr. Saz owazy hasda zaryn ýaňlanýar. Ony diňlän her bir adamyň gözüne ýaş aýlanypdyr.

Kerwenbaşy düýeleriň boýnundaky jaňjagazlaryň günde dürli sazy çalmagyna geňirgenip: «Bu arwahlaryň-jynlaryň işidir» diýip çak edýär, emma kerwendäki ýolagçylaryň biri Lukman Hekimiň adamlar uklandan soň, turup gidýändigini görýär.

Gündizlikde Lukman Hekim hakyky sungat eserini döretmek üçin, irginsiz zähmet çekmelidigini adamlara düşündirýär. Lukman hekimiň döreden sungatyna haýran galan kerwendäki ýolagçylar tä kerwen menziline ýetýän çä, oňa çäksiz minnetdar bolupdyrlar.

*Rowaýatlardan.*

### Wagt – ýanyp duran şem

Myrat hem-de Nagmat atly iki dogan bolupdyr. Nagmat Myratdan kiçi bolsa-da, oňa görä akylly eken. Nagmat öz synpynda iň göreldeli okuwçylaryň biri bolupdyr, emma Myrat göreldeli okuwçylaryň arasynda bolup bilmändir. Ol okuwa yzygiderli gatnamaga ýaltanypdyr. Kakasy onuň okuwa we durmuşa jogapkärçiliksiz garaýşy barada, diýseň, aladalanypdyr.

Günlerde bir gün kakasy ogluna wagtyň nähili gymmatlydygyny tejribe üsti bilen düşündirmegi ýüregine düwüpdir. Ol Myrady garaňky jaýa eltipdir-de, bir şemi ýakypdyr we oňa ünsli seredip, näme bolýanyny



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

aýtmagyny sorapdyr. Myrat ýanyp duran şeme ünsli seredip, kakasyna onuň ereýändigini aýdypdyr. Şonda kakasy oglundan: «Indi şu şemi öňki görnüşine getirip bolarmy?» diýip sorapdyr.

Myrat bolsa: «Ýok» diýip jogap beripdir. Şol pursat kakasy:

«Wagt-da ýanýan şem mysalydyr, şonuň üçin sen hem wagtyň gadyryny bilip, ony bihuda geçirmeli dälsiň. Sebäbi wagty hem yzyna gaýtaryp bolmaýar» diýip, ogluna düşündiripdir.

Şol günden başlap, Myrat hemme zada çynlakaý çemeleşip başlapdyr. Her bir dersden gowy bahalar alyp, iň göreldeli okuwçylaryň hataryna goşulypdyr, hossarlary we mugallymlary muňa örän begenipdirler.

*S. Kömekowa.*

## Halk aýtsa, galp aýtmaz

Nowruzda ýagan ygal ýeterlik bolsa-ha, bagtyň getirdigi, ak-gök ekinlerden gowy hasyla garaşyber, ýöne gurakçylyk bolar diýlende-de Nowruzda ýagan ýagyş, iň bolmanda, geçiniň şahyny öllär ýaly mukdarda bolsa, adamlar ýylyň oňşarlyk derejede ygally boljakdygyny, diýmek, ekinleriň hem suwdan o diýen kösenmejekdigini aýdýarlar. Dogrudyr, «Halk aýtsa, galp aýtmaz»...

Ertir Nowruz diýlen gijesi goşar ýogynlygyndaky bir agajy ilkagşamdan aýak basmaz ýaly bir meýdana oklasaň we daň atynça meýdan otlary ösüp, şol agajy basmarlaberse, onda şol ýylyň daýhan üçinem, maldar üçinem oňat, rysgal-bereketli bolýandygyny synlap öwrenipdirler. Şu usul bilen hem ata-babalarymyz Nowruzda ygal ýagmasa-da, ýylyň nähili boljagyny kesgitläpdirler.

Ýazyň gelmegi bilen dag etegindäki baýyrlarda meýdan otlary dürterişip çykýar. Olara «gyrtyç» diýilýär. Gyrtyç bir gijäniň içinde meýdana «ýaşyl don geýdirip» çykýar.

Alabaharda doglan irki owlakdyr guzular eneleriniň ýanynda şol otlardan geregini edinensoň, garynjyklaryny pökgerdip, birsellem güneşläp ýatarlar. Soňam böküp turarlar-da, bökjekleşip oýun ederler. Şonda owlak-guzularyň bolşuny synlap, öz ýanyňdan ýylgyranyňy duýman galarsyň. Olaryň arasyndan has garagoly oýun edip, ýanyndakyny süsen bolar. Olam jogap gaýtarjak bolup, entek şahşagazy bolmasa-da, kellesini egip, haýbat bilen «garşydaşyna» topulan bolýar ýa-da gök ota gyzygyp, ho-ol aňyrraga gidenler bir zatdan tebil tapyp, enelerine tarap ýazzyny bererler.

*S. Geldiýew. «Nowruznama».*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Ägä boluň!

(*Hekaýa*)

Maralyň ejesi günde gyzyny mekdebe ugradýardy, garşylaýardy. Maral mekdep bilen öwrenişensoň, okuwa özbaşdak gatnap başlady.

Maýsa eje irden gyzyna tabşyryk baryny berýärdi.

– Gyzym, ýerasty geçelgeden geçgin.

– Bolýar, eje.

– Maşyn ýöreýän ýoldan geçmegin.

– Aýdyşyň ýaly ederin, eje jan – diýip, Maral ejesiniň tabşyryklaryny kemini goýman ýerine ýetirýärdi.

Bu gün Maral biraz gijräk çykdy.

– Gyzym, ýoldan seresap bolgun. Nireden geçmelidigiňi unutma! – diýip, ylgap barýan gyzynyň yzyndan gygyryp galdy.

Maral haýdap barşyna ýerasty geçelgä sowulman, uly ýola tarap ylgady.

Aňyrdan gelýän maşynyň öňüni kesip ýetişse-de, gapdaldan gelýän maşyndan sowlup ýetişmedi. Maşynyň sürüjisi gyzjagazy hassahana äkitdi. Lukmanlar Maralyň ýaralanan ýerini daňyp ýatyrdylar. Hassahana düşen gyzynyň ýagdaýyny görüp, ynjalan Maýsa eje gyzyna iňirdemäge başlady.

– Näme üçin ýoly kesip geçdiň? Ýerasty geçelge näme üçin gerek? Ol adamlary heläkçilikden goramak üçin gurlupdyr ahyryn.

– Köşeşiň, gyzyňyzyň çöregi bitin eken. Maral janam, ynha, ýalňyşyna düşünipdir. Şeýle dälmi, gyzym? – diýip, lukman Maralyň başyny sypady.

Maral baş atdy, hyrçyny dişläp, gözüne ýaş aýlady.

*A. Pirjanowa.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# SÖZLÜK

## Grammatika

(grekçe: [grammatike]) – diliň gurluşy baradaky ylym. Ol iki bölümden: morfologiýadan hem-de sintaksisden ybarat.

## Morfologiya

(grekçe: ***[morphe]*** – şekil, ***[logos]*** – ylym) – grammatikanyň bir bölümi bolup, sözüň üýtgeýşini we dilde bar bolan söz toparlaryny öwrenýär.

## Sintaksis

(grekçe: ***[sintaxis]***) – «düzmek» diýmekdir) söz düzüminiň we sözlemleriň görnüşlerini, gurluşyny öwrenýär.

## Sözlem

grammatik we intonasiýa taýdan normalaşan sözleriň düzümi ýa-da gutaran pikiri aňladýan ýeke bir söz, jümle.

## Söz düzümi

sözleriň grammatika we many taýyndan özara baglanyşmagy netijesinde emele gelen sintaktik bitewilik.

## Habar sözlemi

sözleýjiniň ýa-da diňleýjiniň haýsy hem bolsa bir faktyň, hadysanyň, wakanyň esasynda habar (duýduryş, maglumat, täzelik…) bermegini, tassyklamagyny, çak etmegini, isleg-arzuwyny we ş.m. aňladyp, habar intonatsiýasy bilen aýdylan sözlem.

## Sorag sözlemi

sorag aňladýan sözleriň, ownuk bölekleriň, intonatsiýanyň üsti bilen sözleýjiniň bilmek isleýän zady soralýan ýa-da umuman sorag aňlanylýan sözlem.

## Ýüzlenme sözlemi

ýüzlenme intonatsiýasy bilen aýdylýan sözlem.

## Eýe

sözlemde özi dogrusynda sözlenip, kim? näme? nire? näçe? diýen soraglara jogap bolýan we habar tarapyndan aýyklanýan söz.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### Habar

eýe dogrusynda bir zady habar berýän, eýe baradaky pikiri gutaran görnüşe getirýän söz.

### Sözlemiň aýyklaýjy agzalary

sözlemde baş agzalara ýa-da özara bir-birlerine baglanyp, olary aýyklap, olar dogrusynda belli bir soraga jogap bolup gelýän sözler.

### Aýyrgyç

sözlemde atlara, at rolunda gelen sözlere baglanyp, olary aýyklap gelen sözler.

### Doldurgyç

sözlemiň işliklerden bolan her bir agzasyna baglanyp, şolary aýyklap gelýän sözler.

### Ýygnak ýönekeý sözlem

diňe baş agzalardan (eýe bilen habardan) düzülen sözlem.

### Ýaýraň ýönekeý sözlem

baş agzaladan başga aýyklaýjy agzalary-da bolan sözlem.

### Doly sözlem

hemme agzalary öz içinde bolan sözlem.

### Doly däl sözlem

käbir agzasy galdyrylan, emma onuň barlygy töwerekden duýulýan sözlem.

### Eýeli sözlem

içinde eýesi bolan ýa-da daşynda onuň bardygy açyk bildirýän sözlem.

### Eýesiz sözlem

öz içinde we daşynda eýesi bolmadyk, onuň barlygyda güman edilmedik sözlemler.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

H 23 **Türkmen dili 7** [Матн]: 7-njy synp üçin derslik / M.N. Hanmatov, A.N. Hanmatov, K.B. Razzakova. – Respublikan tälim merkezi, 2022. – 224 b.

ISBN 978-9943-8374-8-5

**UO'K 811.512.164(075.3)**
**КВК 81.2(5Тур)я72**

*O'quv nashri*

# ONA TILI

*Umumiy o'rta ta'lim maktablarining*
*7-sinflari uchun darslik*
*(Turkman tilida)*

Suratçy-dizaýner *I. Pulatow*
Redaktor *Ş. Ahmedowa*
Tehniki redaktor *L. Hijowa*
Korrektor *A. Alymjanowa*
Sahypalaýjy *N. Ahmedowa*

Çap etmäge 2022-nji ýylyň 16-njy awgustynda rugsat edildi.
Möçberi 60×84$^{1}/_{8}$. Ofset kagyzy. Arial garniturasy. Ofset çap ediliş usuly.
Şertli çap listi 26,04. Neşir listi 23,56. ___ nusgada çap edildi.
Buýurma № .

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Kärendä berlen dersligiň ýagadaýyny görkezýän jedwel**

| T/n | Okuwçynyň ady we familiýasy | Okuw ýyly | Dersligiň alnandaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçysynyň goly | Dersligiň tabşyrylandaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçysynyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | | | |
| 2 | | | | | | |
| 3 | | | | | | |
| 4 | | | | | | |
| 5 | | | | | | |
| 6 | | | | | | |

**Derslik kärendä berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtaryp alnanda ýokardaky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky bahalamak ölçegine görä doldurylýar:**

| | |
|---|---|
| Täze | Dersligiň kärendä birinji gerek peýdalanmaga berlendäki ýagdaýy. |
| Gowy | Sahypalary bitin, dersligiň esasy böleginden aýrylmadyk. Ähli sahypalary bar, ýyrtylmadyk, sahypalarynda ýazgy we çyzgylar ýok. |
| Kanagatlanarly | Sahypalary eplenen, çyzyklar çyzylyp gyralary ýyrtylan, dersligiň esasy böleginden aýrylmak halaty bar, peýdalanyjy tarapyndan kanagatlanarly timarlanan. Gopan kagyzlary gaýtadan bejerlen, käbir sahypalaryna çyzylan. |
| Kanagatlanarsyz | Sahypalaryna çyzylan, esasy böleginden aýrylan ýa-da bütinleý kanagatlanarsyz timarlanan. Sahypalary ýyrtylan, käbirleri ýok, çyzylan, böýalan. Dersligi dikeldip bolmaýar. |

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE